Alfa we Omega

# KANUN TAGLYMATY

14 Sapak



Rejep we Leýla Aýdin

Alfa we Omega

# KANUN TAGLYMATY

## 14 Sapak



Rejep we Leýla Aýdin

KITABI-KNIGI.COM

Islendik bölümi, tutuş maşgala üçin mugt
kitaplary komputeriňe ýükle we oka.

KITABI-KNIGI.COM

Copyright © 2025 by Alpha and Omega. All rights reserved.
*alphaomegasilkroad@gmail.com*

Copyright © 2025 for Turkmen (Latin) edition.
Translated by permission. All rights reserved.

Suratlar Jim tarapyndan çekilen.
Illustrations copyright © 2025 by Jim. All rights reserved.

Ähli awtorlyk hukuklary goralandyr. Bu aýatlar Injilden alyndy: *Mukaddes Kitap* (TukLat16) © Mukaddes Kitap Terjime Instituty, 2016

# Näme üçin Kanun Taglymaty kitabyny öwrenmek gerek?

Kanun Taglymaty kitabynda bütin Köne Ähte esas bolup durýan taglymat bar. Biz bu kitabyň bütin Köne Ähtdäki pygamberlere (ylaýta-da Ýermeýa), Ysraýyl serdarlaryna (meselem 2-nji Patyşalar 22:8), Zebura we Süleýmanyň pähimleri kitabyna edýän täsirini görýäris.

Isa Mesih Kanun taglymaty kitabyna, beýleki islendik Köne Äht kitaplaryna seredende, has köp ýüzlenýärdi (meselem Matta 4:1–11, 5:33, 19:18–19).

Täze Ähtde bu kitapdan köp salgylanmalar we aýatlar bar.

Bu kitap diňe bir Köne Ähtdäki ysraýyllara däl, bu gün biziň her birimize ýüzlenýär. Bu kitaby öwrenip, biz ajaýyp Hudaýymyzyň kimdigine we Onuň biziň üçin eden işine has gowy düşünip başlarys.

Ine, Kanun taglymaty kitaby bilen size tanyşmaga kömek etjek 14 sapak!

Eger siz heniz “Alfa we Omega: Mukaddes Kitaba syn” okuwyny öwrenmedik bolsaňyz, bu okuwa başlamazdan ozal ony geçmek size peýdaly bolar.

Her sapakda siziň jogap bermegiňiz üçin köp soraglar bar. Her soragdan soň ýaýyň içindäki san sapagyň ahyrynda jogabyň belgisini görkezýär. Soraglara jogaplara seretmezden jogap bermäge çalşyň!

Her sapakda Mukaddes Kitabyň beýleki kitaplaryndan alnan aýatlaryň salgylanmalary bar. Eger olar **goýy gara** bolsa, olary tapyp okamak möhümdir. Eger olar goýy gara bolmasa, siziň wagtyňyz bolan wagty olara seredip bilersiňiz.

Baplardaky “Goşmaça” gutular has giňişleýin öwrenmek isleýänler üçin. “Goşmaça” gutular sapagyň bir bölegi hökmünde öwrenilip bilner ýa-da öý işi üçin öwrenilip bilner.

Biz siziň bu ajaýyp kitaby öwrenmekden we ony başgalar bilen paýlaşmakdan lezzet almagyňyzy dileýäris!

## Kanun taglymaty 1-nji sapak:

# Pygamber we Wada



## Giriş

### Umumy taryhy maglumat

Kanun taglymaty kitabynda Hudaýyň Öz guly Musanyň üsti bilen Öz halkyna aýdan sözleri ýerleşdirilen. Bu olara Hudaýyň Wada beren ýurduna — Kengan ýurduna girmeziniň öň ýanynda aýdylýar.




Bu kitabyň öňüni siz Gelip çykyş, Müsürden çykyş we Çölde kitaplarynda okap bilersiňiz.

*Bu aşakdaky tassyklamalary okap görüň we olara seretmezden olaryň hemmesini gaýtalamaga çalşyň:*

- Hudaý hemme zady gowy ýaratdy: dünýäni we ilkinji iki adamy: Adam atany we How enäni.
- Adam ata we How ene Hudaýa tabyn bolmagyň deregine, iblis tarapyndan synaga salyndylar we Hudaýa boýun egmediler.

- Şol sebäpli, olar Hudaýyň huzuryndan kowuldylar. Şeýdip, olar Hudaýyň ýalkanyşlaryny, şol sanda ebedi ýaşaýşy hem ýitirdiler.

- Ençeme ýyldan soň, Hudaý Kenganyň gündogarynda ýaşan garry, zürýatsyz, ýersiz, Ybraýyma şu wadalary berdi:
  - Ybraýym beýik halkyň atasy bolar.
  - Onuň nesilleri Kengan ýurdunda ýaşar.
  - Onuň üsti bilen Hudaý ähli adamlary ýalkar!

- Emma uly açlyk sebäpli Hudaýyň halky Hudaýyň wada bermedik ýeri bolan Müsüre gitdi we olar çydap bolmajak gulçulykda tapdan düşdiler.

- Hudaý olary gulçulykdan çykarmak üçin, Musany aýaga galdyrdy. Bu gutulyş Köne Ähtde Hudaýyň halky üçin iň möhüm wakadyr. Biz muny **Müsürden çykyş** diýip atlandyrýarys.

*Siz bu wakalar barada Gelip çykyş kitabynda we Müsürden Çykyş kitabyň 1–19-njy baplarynda okap bilersiňiz.*

Kanun taglymaty kitabynda Hudaý ahyrsoňy Öz halkyny Wada berlen ýere getirmekçi bolýar.

## 1. Şertnama

Kanun taglymatynyň tutuş kitaby, şol döwürde patyşalaryň basyp alan adamlary bilen baglaşan gadymy şertnamalaryna meňzeýär. Bu şertnamalar adatça bäş esasy bölekden ybaratdy:

1. Taryhy tanyşdyryş (Kanun taglymaty 1:1–4:49).

2. Şertnamanyň umumy talaplary (Kanun taglymaty 5–11-nji baplar).

3. Ýeňilen adamlaryň näme etmelidigi barada jikme-jik görkezmeler (Kanun taglymaty 12–26-njy baplar).

4. Bereketler we näletler (Kanun taglymaty 27–28-nji baplar).

5. Şaýatlar (Kanun taglymaty 30:19; 31:19 we 32-nji bap).

Şeýlelik bilen, Kanun taglymaty Kitaby Hudaýyň we Onuň halkynyň arasyndaky äht ýalydyr. Ol olaryň täze Patyşasydyr (Kanun taglymaty 33:5). Bu kitapda Hudaýyň halky Patyşanyň özlerinden nämä garaşýandygyny öwrener.

## 2. Geografiýa

Birinji üç bapda Hudaýyň halky syýahat edýär. Ol ýerde köp ýerler agzalyp geçilýär. Bular bize hakykatdan hem bolup geçen wakalar barada okaýandygymyzy görkezýär. Bu aýatlaryň bize näme öwretjekdigini bilmek üçin size bu ýerleriň ählisiniň nirede ýerleşendigini bilmek hökman däl. Wajyp ýerleri biz kartada görkezeris.

Indi biz okuwa başlamaga taýýar!

# Pygamber we Wada

Birinji sapakda biz şulara seredip geçeris:

- Hudaýyň iň wajyp **Pygamberi** we Köne Ähtdäki Wadasy.

- Hudaýyň iň wajyp **Pygamberi** we Täze Ähtdäki Wadasy.

Geliň, Köne Ähtden başlalyň.

## Hudaýyň Köne Ähtdäki iň wajyp pygamberi — Musa

**Kanun taglymaty 1:1–5-i** okaň.

Bu ýerde biz Musanyň üç hususy aýratynlygyny görýäris. Ol:

### 1. Hudaýa bil baglaýardy

**Müsürden çykyş 4:10-da** Musa özi barada näme diýdi? [1]

**Müsürden çykyş 4:11–12-de** Hudaý näme diýdi? [2]

Biz bu kitapda netijeleri görýäris! Hudaý Musany Hudaýyň Sözüni aýdyp we aýdyň düşündirip bilýän wepaly sözleýji etdi. Onuň ejizligine garamazdan, Hudaý Musany halky gulçulykdan çykarmakda we ony Wada berlen ýurtda ýaşamaga taýýarlamak üçin gaty gowy ulandy. Ýöne Musa Hudaýa näderejede bagly bolandygyny hiç haçan unutmady (Kan.Tag. 34:10).

### 2. Gowy mugallym

1-nji aýatda Musa kim bilen gepleşýärdi? [3]

Musa bu sözleri diňe bir ýolbaşçylara däl-de, **bütin** ysraýyl halkyna aýtdy. Bu sözler hemmelere degişli! Edil şunuň ýaly Kanun taglymaty kitaby diňe ýolbaşçylar üçin däl-de, her bir imanlynyň öwrenmegi üçin niýetlenen esasy kitaplaryň biridir.

3-nji aýatdan biz Musanyň halka aýdýan sözleriniň nireden gelendigi barada näme öwrenýäris? [4]

Mukaddes Kitabyň ähli kitaplary ýaly, bu hem ynsanyň sesi, ýöne şol bir wagtyň özünde bu sözler Hudaýdandyr.

5-nji aýatda Musa näme etdi? [5]

Musa Hudaýyň Sözüni halka diňe bir aýdyp bermän, eýsem olara düşündirdi hem. Hudaýyň halky Hudaýyň Sözüni bilmeli **we** oňa düşünmelidir. Musa gowy mugallymdy.

### 3. Hudaýyň Patyşalygynyň wepaly habarçysy

Musanyň Hudaýyň pygamberi hökmündäki wezipesi halky özlerini halas eden Patyşasyna boýun bolmaga çagyrmakdy (Kanun taglymaty 33:5). **Boýun bolmak** — Kanun taglymaty kitabyndaky möhüm mowzukdyr. Olar indi Oňa degişli boldular. Şonuň üçin Hudaýyň halkynyň Oňa boýun egmegi möhümdi!




Kanun taglymaty 1:1-de halk niredecdi? [6]

Bu ýeri ýokarda görkezilen kartada görkeziň.

Musa bu sözleri Müsürden çykansoň näçenji ýylda aýtdy? (3-nji aýat) [7]

Sinaý dagyndan Kadeşbarneýa şäherine çenli ýol adatça näçe wagt alýardy? (2-nji aýat) [8]

Şeýlelikde, 11 günlük ýol 40 ýyl dowam etdi! Bu boýun bolmazlygyň tölegidi. Halk boýun egmändigi üçin, Ysraýyllar 40 ýyllap çölde entäp ýörmeli boldy.

**Kanun taglymaty 30:16-ny** okaň. Eger Hudaýyň halky Oňa boýun bolsa, Hudaý näme eder diýýär? [9]

**Kanun taglymaty 30:17–18-i** okaň. Hudaýyň halky Oňa boýun bolmasa, Hudaý näme eder diýýär? [10]

Köne Ähtiň täsin taryhy! Köne Ähtiň taryhynda biz şular barada okaýarys:
- Hudaýyň halky Hudaýa yzygider **boýun bolmady**.
- Hudaý Öz halkyny yzyna getirmek üçin üznüksiz işledi!

Hudaýyň şeýle rehimli we mähirli bolmagy gaty täsindir! Kanun taglymaty kitabynda Musa bu barada halka köp gezek ýatlatdy.

Musa Hudaýyň halky öz patyşasyna boýun bolup, Hudaýyň Patyşalygynyň wepaly raýatlary bolmagynyň wajypdygy barada tüýs ýürekden yglan etdi.

## Hudaýyň iň wajyp wadasy — Wada berlen ýurt

**Kanun taglymaty 1:6–8-i** okaň.




Karta serediň we aşakdaky ýerleri tapyň:

Sinaý dagy (Kanun taglymaty kitabynda Horep dagy hem diýilýär)
Amorlaryň ýaşaýan daglygy
Araba düzlügi
Günbatar baýyrlyk
Negep çöli
Liwan
Ýewfrat derýasy

Musadan 500 ýyl öň Hudaý Ybraýymyň nesline Kengan ýurduny berjekdigini wada beripdi (Gelip çykyş 15:18–21). Ahyr soňunda Hudaý Wada beren ýurdyny Öz halkyna bermäge taýýar.

Kanun taglymaty 1:6-da Musa kyrk ýyl mundan ozal Hudaýyň Sinaý dagynda (başgaça Horep hem diýýärler) Öz halky bilen duşuşanyny ýatlaýar.

40 ýyl öň Hudaý halka näme etmegi buýurypdy? (7-nji aýat) [11]

Kyrk ýyl ozal Hudaý halka Wada berlen ýurda girmeklerini buýurdy. Emma biz indiki sapakda öwrenişimiz ýaly, olar girmekden boýun gaçyrýarlar! Hudaý olara ajaýyp ýurdy wada berdi, ýöne muňa garamazdan, halk şol wagt girmek islemedi!

# Täze Äht

Bu sapakda şu wagta çenli biz şulara seretdik:

- Hudaýyň Köne Ähtdäki iň wajyp **pygamberi** — Musa. Onuň wezipesi halky Hudaýa tabyn bolmaga çagyrmakdy;
- Hudaýyň Köne Ähtdäki iň wajyp **wadasy** — Wada berlen ýurt. Hudaýyň halky bu Wada berlen ýurda diňe Hudaýa tabyn bolanlarynda girip bilerler.

Indi bolsa, geliň, Hudaýyň Täze Ähtdäki iň wajyp Pygamberine we iň wajyp Wadasyna seredeliň.

## Hudaýyň Täze Ähtdäki iň wajyp Pygamberi

**Ýewreýler 1:1–2-ni** okaň. Täze Ähtde Hudaýyň iň wajyp Pygamberi kim? [12]

Ol hem Musa ýaly Hudaýyň Pygamberidi (Mark 6:4). Ol:
- Gökdäki Atanyň öwredenini aýdýardy (Ýohanna 8:28);
- Gaty gowy mugallymdy (Matta 7:28);
- Hudaýyň Patyşalygyny yglan edýärdi (Luka 8:1).

Musanyň pygamberlik edip aýdan Hudaýyň iberjek aýratyn Pygamberi Isady:

"*Hudaýyňyz Reb siziň üçin öz halkyňyzyň arasyndan meniň ýaly pygamber çykarar. Siz şol pygambere gulak asyň*" (Kanun taglymaty 18:15).

Resul Petrus Ellinji gün baýramyndaky wagzynda bu aýady okaýar. Ol muny Hudaýyň Musa arkaly wada beren Mesihiniň Isadygyny görkezmek üçin edýär (Resul.3:20–22).

Ýohannanyň Hoş Habarynda Isa Özüne iman etmeýänlere şeýle diýdi: "*Siz Musa ynansadyňyz, onda Maňa-da ynanardyňyz, sebäbi ol Men hakda ýazdy*" (Ýohanna 5:46).

Musa arkaly Hudaý Öz halkyna örän wajyp Biriniň gelýändigi barada habar berýärdi. Bu Köne Ähtiň bizi Mesih bolan Isanyň — iň wajyp Pygamberiň — geljegine taýýarlaýşynyň diňe bir mysaly.

## Täze Ähtiň iň wajyp Wadasy

**1 Ýohanna 2:25-i** okaň. Hudaý bize Täze Ähtde haýsy iň wajyp Wadany berdi? [13]

Hudaý bize Özüniň Wada beren ýurdunda — Täze Iýerusalimde öý wada berýär!

**Ýohanna 1:12-ni** okaň. Hudaýyň wada beren ebedi ýaşaýşyna eýe bolmak üçin siz näme etmeli? [14]

Diňe Isa arkaly biz Gökdäki Atanyň ýanyna baryp bileris (Ýoh. 14:6).

Emma biz bu peşgeşi kabul etmesek, ol bize degişli bolmaýar. Biz Hudaýyň ajaýyp teklibini ret eden ysraýyllara meňzemeli däldiris.

Köne Ähtde Hudaý Öz halkyny Wada berlen ýurdyň golaýyna getirmek üçin Musany ulandy. Soňra Musa öldi. Halky Wada berlen ýurda başga ýolbaşçylar girizdiler we olara ýolbaşçylyk etdiler. Täze Ähtde bolsa Isanyň hut Özi bizi Wada berlen ýere getirýär we ebedi bize hökümdarlyk eder (Ýohanna 14:1–6). Köne Ähtdäki Musa pygambere we Wada garanda, Isa Täze Ähtdäki Wada bilen berk bagly.

Ysraýyllar ýaly, biz hem Wada berlen ýurda tarap barýarys! Emma ysraýyllardan tapawutlylykda, biziň barjak mesgenimiz baky dowam etjek ajaýyp ýerdir! (Aýanlyk 21:1–4).

Biziň Wada berlen ebedi Ýurda bolan ýolumyz Ysraýyl halkynyň Wada berlen ýurda bolan ýolundan nähili tapawutlanýar? [15]

## *Goşmaça:* Näme üçin Hudaýyň halky Wada berlen ýurda girmek üçin köp garaşmaly boldy?

1. Ýusubyň döwründe Müsüre gidenlerinde Hudaýyň halky (Ybraýymyň nesli) naçe adamdy? **(Gelip çykyş 46:27)** [16]

   Bu adam sany bir ýurdy doldurmak üçin ýeterlik däldi!

   Ybraýymyň neslinden näçe adam Müsürden çykdy? **(Çölde 1:46)** [17]

   Bu sanyň üstüne aýal-gyzlar we çagalar sanyny goşsak, belki 2 million töweregi adam bolar! Indi wada berlen toprakda ýaşamak üçin olaryň sany ýeterlik!

2. Näme üçin amorlar Kengan ýurdundan mahrum boldular? **(Gelip çykyş 15:16)** [18]

   Ol ýeriň halkyna bolan Hudaýyň sabyr käsesi püre-pürdi. Muňa garamazdan Hudaý olara toba etmek we durmuşyny üýtgetmek üçin uzak wagt berdi. Emma olar erbetligiň iň soňky derejesine ýetenlerinde, Hudaý olary ýok etdi.

## Çagyryş

Musa biziň üçin ýagşy göreldedir! Elbetde, biziň sözlerimiz Mukaddes Kitabyň bir bölegi bolmaz, sebäbi Hudaýyň Sözi üýtgewsizdir we oňa hiç zat goşup bolmaýar. Emma adamlara Hudaýyň aýdanlaryny eşitmek gerek. Adamlara Hoş Habary aýtmak üçin gepleşmäge ökde bolmak zerurlygymyz ýok.

Täze Ähtde hatda resul Pawlus hem özüne ynamly däldi. Korintoslylara ýazan hatynda ol şeýle diýdi: "*Men ýanyňyza baranymda ejizdim, gorkudan ýaňa galpyldaýardym. Men wagyz edenimde sizi ynandyrmak üçin paýhasly sözleri ulanmadym. Sizi ynandyran zat Hudaýyň Ruhunyň aýan bolan güýjüdi*" (1 Korintoslylar 2:3–4).

Biraz soňra Resul Pawlus şeýle ýazdy: "*Şu sebäpden men Mesihiň hatyrasyna ejizliklere, sögünçlere, mätäçliklere, ýzarlanmalara, muşakgatlara razydyryn. Çünki men ejizkäm güýçlüdirin!*" (2 Korintoslylar 12:10)

Goý, Musanyň we resul Pawlusyň mysallary bizi hemişe ruhlandyrsyn!

Biziň işimiz:

- **Hudaýa tabyn bolmak.** Biz Mukaddes Ruhuň biziň garyndaşlarymyzyň we dostlarymyzyň hakykata gözlerini açmagy üçin doga etmeli.
- **Gowy mugallym bolmak.** Biz olara Hudaýyň Isa Mesihde Özüni nädip aýan edendigi barada aýtmaly.
- **Hudaýyň Patyşalygyny yglan etmek.** Olara hem Hudaýyň Patyşalygynyň gowy raýatlary bolup bilmekleri üçin Hudaýyň Sözüni okamagy we oňa boýun bolmagy söýmäge kömek etmelidiris.

Biz ajaýyp Hudaýymyz hakda adamlar bilen gürleşýärkäk, goý, Hudaý bizde Hoş Habarçylyk we öwretmek sylaglaryny ösdürsin!

Musa we resul Pawlus bize nädip görelde bolup biler? [19]

Siz bu sapaklary kime öwredip bilersiňiz?

## Bu sapagyň üsti bilen Hudaý size näme diýdi?

## Muny şu gün siz kim bilen paýlaşyp bilersiňiz?

# Öý işi:

Indiki sapakdan öň **Kanun taglymaty 1:6—3:11-i** okaň.

# Jogaplar

1 – Musa dilewar we gepe çeper däldigini we diliniň tutuk ýalydygyny aýtdy.
2 – “Saňa sözlemäge kömek ederin we näme aýtmalydygyny öwrederin”.
3 – Musa ähli ysraýyl halky bilen gürleşýärdi.
4 – Musanyň halka öwredýän sözleri Rebbiň Sözleridir.
5 – Musa halkyň düşünmegi üçin Hudaýyň kanunyny beýan etdi.
6 – Iordan derýasynyň gündogaryndaky çölde.
7 – Müsürden çykandan soň kyrkynjy ýylda.
8 – Adatça çölden geçmek üçin bary-ýogy on bir gün gerekdi.
9 – Hudaý olara ýaşajakdyklaryny we köpeljekdiklerini, Wada berlen ýurtda olary ýalkajakdygyny söz berdi.
10 – Hudaý olaryň ýok ediljekdigini we Wada berlen ýurtda uzak ýaşamajakdyklaryny aýtdy.
11 – Gidiň we Wada berlen ýurdy eýeläň.
12 – Hudaýyň Ogly Isa Mesih.
13 – Hudaý bize ebedi ýaşaýyş berjekdigini wada berdi!
14 – Biz Isa Mesihi kabul etmeli we Onuň adyna iman etmeli.
15 – Isanyň hut Özi bizi Wada berlen ýurda alyp gider we biz bilen ebedi şol ýurtda ýaşar. Mundan başgada, biziň barjak Wada berlen ýurdumyz kämildir we ebedi dowam etjekdir!
16 – 70 adam.
17 – Ol ýerde 600,000-den gowrak erkek bardy.
18 – Olaryň günäleri iň ýokary derejä ýetendigi üçin, olar Kengan ýurdundan mahrum boldular.
19 – Olar adamlara Hudaý hakda öwretmekden gorkýardylar. Ýöne Hudaý olary beýik mugallym etdi.

Kanun taglymaty 2-nji sapak:

# Ýolbaşçylar we yzyna eýerijiler



Bu sapakda biz:

- nädip gowy ýolbaşçy bolmak barada,
- nädip gowy yzyna eýeriji bolmak barada
- biziň tabyn bolmagy öwrenmegimiz nähili görünýändigi barada pikirleneris.

## Ýolbaşçylar

**Kanun taglymaty 1:9–18-i** okaň.

10–15-nji aýatlarda Musanyň meselesi nämedi we ol bu babatda näme etdi? [1]

Biz bu ýerde ýolbaşçylaryň üç görnüşi barada okaýarys:

> **Müňbaşylar** (15-nji aýat): olar harby serkerdelerdiler, şeýle hem dürli toparlara degişli bolan adamlaryň üstünden belli bir hyzmaty ýerine ýetirýärdiler.
>
> **Urug ýolbaşçylary** (15-nji aýat): harby däl wezipeli adamlar bolup, milletiň guramaçylyk işlerinde kömek edýärdiler.
>
> **Kazylar** (16-njy aýat): her gezek jenaýat bolanda adalatly çözgüdiň bolmagyna gözegçilik edýänler.

5-nji we soňraky baplarda Musa halka Hudaýyň kanunlaryny ýatlatdy. Hudaý bu kanunlary olara Sinaý dagynda (muňa Horep dagy hem diýilýär) mundan 40 ýyl ozal beripdi. Adalatly höküm çykarmak üçin **baştutanlar bu kanunlary öwrenmelidiler we olara tabyn bolmalydylar**. Olar garyplar we goragsyzlar hakda alada etmelidiler (Kanun taglymaty 15:7; 24:14). Para almaly däldiler. Ýalňyş höküm çykarmagyny isleýän güýçli adamlardan gorkmaly däldiler (16:19).

Öz işini dogry ýerine ýetirmek üçin **müňbaşylar, urug ýolbaşçylary we kazylar** näme etmelidiler? [2]

# Yzyna eýerijiler

**Kanun taglymaty 1:19–28-i** okaň.




19–21-nji aýatlarda olar nirä gelip ýetdiler we nirä gitmelidiler? [3]

22–28-nji aýatlarda näme bolup geçdi? [4]

28-nji aýatda näme mesele boldy? [5]

**Kanun taglymaty 1:29–46-ny** okaň.

29–30-njy aýatlarda Musa ysraýyllara näme diýdi? [6]

31-nji aýatda Musa Hudaýyň ysraýyllaryň nähili aladasyny edendigi barada aýdanda, ol Hudaýy kim bilen deňeşdirýär? [7]

Ysraýyllar Hudaýa bil baglap biljekdiklerini bilýärdiler. Sebäbi olar Müsürden çykaly bäri, Hudaý çölde bu 2 million adamyň aladasyny edip geldi!

Şonda-da, adamlar 32-nji aýatda Hudaýa nähili jogap berdiler? [8]

Bu gaty geň galdyryjy! Hudaý Öz halky üçin köp zat etdi: Gudrat bilen olary elhenç gulçulykdan halas etdi. Olara gudrat bilen ýol görkezdi. Şeýle hem, Ol gudrat bilen çölde olary gerekli ähli zat bilen üpjün etdi. Şeýle-de bolsa, olar Hudaýa ynanmakdan we boýun bolmakdan ýüz öwürdiler! Munuň ýerine olar öz gorkularyna gaplanyp, Hudaýa boýun bolmazlygy saýladylar.

Şeýlelikde, 35–38-nji aýatlarda Hudaý olara näme diýdi? [9]

Adamlar Hudaýa bir gezek boýun egmeseler, olara ikinji gezek hem boýun bolmazlyk aňsat bolýar. Ysraýyllaryň bir günäsiniň nädip başga bir günä getirenine serediň.

41–46-njy aýatlarda halk näme etmek kararyna gelýär we munuň netijesi nähili bolýar? [10]

Olar diňe bir ýeňilmän, eýsem gaty gynandylar. Iň erbet tarapy, olar Hudaý bilen gatnaşyklaryny bozdular.

Köne Ähtde biz Hudaýyň halkynyň ýolbaşçylarynyň, şeýle-de, yzyna eýerijileriň hem wepaly bolmalydyklaryny gördük. Täze Äht hem şuny aýdýar!

## Täze Ähtde ýolbaşçylar

Hudaýyň halkynyň ýolbaşçylary häzirem Hudaýyň sözüni gowy bilmeli, oňa boýun bolmaly we ony wepalylyk bilen öwretmeli (2 Tim.2:2).

**Mark 10:42–45-i** okaň. Isa Öz şägirtlerine ýolbaşçylyk hakda başga näme diýýär? [11]

**1 Petrus 5:2–3-i** okaň. Petrus ýygnaklaryň ýaşulularyny nähili suratlandyrýar? [12]

### 1-nji Çagyryş



Ýygnak ýolbaşçylary patyşalar ýaly höküm sürmeli däldirler. Muňa derek, ýygnak agzalarynyň Hudaýyň biliminde we söýgüsinde ösmegini görmek üçin ähli zady edýän aladaçyl çopanlar ýaly ýolbaşçylyk etmelidirler.

Musa hemme zady ýeke özi edip bilmejekdigine göz ýetirdi. Edil şonuň ýaly, ýygnak ýolbaşçylary hemme zady özleri etmäge synanyşmaly däldirler. 1 Korintoslylar 12-nji bapda Pawlus ýygnagy dürli böleklerden düzülen beden hökmünde suratlandyrýar. Gowy ýolbaşçy öz ýygnak agzalaryna Hudaý haýsy peşgeşi berendigini görer we olaryň peşgeşlerini ýygnagyň we jemgyýetiň bähbidi üçin ulanmaga çagyryp ruhlandyrar.

Eger siz ýolbaşçy bolsaňyz:
- Hudaýyň sözüni öwrenmäge, oňa boýun bolmaga we ony öwretmäge özüňizi bagyşlaýarsyňyzmy?
- Agzalaryňyza aladaly, rehimli çopan hökmünde hyzmat edip, kiçigöwünlilik bilen ýolbaşçylyk edýärsiňizmi?
- Ýygnak agzalaryna Hudaýyň beren peşgeşlerini ösdürmäge kömek edýärsiňizmi? Ýa-da hemme zady özüňiz etjek bolýarsyňyzmy?
- Hemmeleri adam saýlamazdan deň derejede ruhlandyrýarsyňyzmy? (1 Timoteos 5:21)

Size bularyň haýsysynyň üstünde has köp işlemek gerek?

# Täze Ähtde yzyna eýerijiler

**Mark 8:34-i** okaň. Isa yzyna eýermek isleýänlere näme diýýär? [13]

Ýygnagyň agzalary öz at-abraýyny däl-de, Isanyň abraýyny gözlemeli. Olar ýygnak bilen bilelikde Isa Mesihe wepaly şaýat bolup biler ýaly elinden gelýän zatlaryň hemmesini etmeli. Biziň hemmämiz hyzmat etmäge taýýar bolmaly!

## 2-nji Çagyryş

Eger siz ýygnak agzasy bolsaňyz:

- Siz gorkuda ýaşaýarsyňyzmy ýa-da imanda? Bu siziň durmuşyňyzda nähili aýan bolýar?
- Ýygnak ýolbaşçylaryňyzyň wezipesini gowy alyp barmagy üçin dileg edýärsiňizmi ýa-da olar barada diňe şikaýat etmegi halaýarsyňyzmy?
- Ruhy peşgeşleriňizi ýygnagyň peýdasyna meýletin hyzmat etmek üçin ulanýarsyňyzmy?

Size bularyň haýsysynyň üstünde has köp işlemek gerek?

# Tabyn bolmagy öwrenýäris

Hudaý ysraýyllaryň Kengan ýurduny basyp almaklaryny isleýärdi.

## Näme üçin Hudaýýň halky kenganlylary basyp almaly boldy?

Gelip çykyş kitabynda biz Hudaýýň Ybraýymy Özi üçin aýratyn boljak halkyň atasy hökmünde saýlandygy barada okaýarys. Hudaý oňa bir gün onuň nesilleriniň Kengan topragynda ýaşajakdygyny wada berdi. Indi takmynan 500 ýyldan soň, Hudaý bu wadany ýerine ýetirýär!

Kengan topragynda ýaşaýan adamlar erbet adamlardy. Olar hatda öz hudaýlaryna gurbanlyk hökmünde ogul-gyzlaryny oda ýakýardylar (Kanun taglymaty 12:31). Hudaý bu halklary günäleri sebäpli ýok etmek isledi.

Hudaý Öz halkynyň bütin dünýä görelde bolmagy üçin, olara Kengan ýurduny bermek isledi. Olar hemmelere nädip dogry ýaşamalydygyny görkezmelidiler. Soňra beýleki adamlar Hudaýýň nähili beýik we paýhaslydygyny görerdiler we Hudaýy nädip razy etmelidigini bilerdiler (Kanun taglymaty 4:6–8).

Ýöne Hudaýýň Öz halkyna bu topragy bermeginiň başga sebäbi hem bardy. Wada berlen ýurtda ýaşaýan halky arkaly Hudaý dünýäni Mesihiň gelmegine taýýarlady. Mesihiň hut Özi dünýäni günäden, ölümden we şeýtanyň özünden halas etmelidi. Hudaýýň Wada beren ýurdunda ýaşaýan halky bolmasa, hiç kim Mesihiň näme edýänine düşünmezdi.

Kenganlylaryň weýran bolmagy dünýä taryhynda üýtgeşik we gaýtalanmajak waka boldy. Häzirki wagtda biz bu wakany görelde hökmünde haýsydyr bir ýurdy basyp almak üçin ulanmaly däldiris.

Bu gün fiziki taýdan Wada berlen ýer ýok. Bir ýere eýe bolmak üçin bize söweşmek gerek däl. Imanlylar belli bir ýerde ýaşamaýarlar, olar dünýäniň ähli ýurdunda ýaşaýarlar!

Biziň hemmämiz Isanyň bizi Özi bilen Wada berlen ýurda — Täze Iýerusalime — ebedi ýaşamak üçin alyp gitjek gününe garaşýarys.

Indiki bölümi okamazdan ozal karta seredip aşakdaky ýerleri tapyň:

- Edom (Edomlylar Ýakubyň dogany Ysawyň nesilleri.)
- Mowap (Mowaplylar Ybraýymyň ýegeni Lutuň nesilleri.)
- Ammon (ammonlar hem Ybraýymyň ýegeni Lutuň nesilleri.)
- Zeret deresi
- Arnon jülgesi
- Segir daglygy




**Kanun taglymaty 2:1–13-i** okaň.

Musa indi ysraýyllara 40 ýyllap çölde aýlanandan soň bolup geçen zatlary ýatladýar.

40 ýyldan soň ysraýyllar Hudaýa tabyn bolmagy öwrendiler!

**Kanun taglymaty 2:24–37-ni** okaň.

Wada berlen ýurt berk şäherlerde ýaşaýan güýçli adamlardan doludy.

25-nji aýatda biz ysraýyllaryň Wada berlen ýurda nädip girip bilendikleri barada näme öwrenýäris? [14]

24-nji aýatda Wada berlen ýurda girmek üçin ysraýyllar näme etmeli boldular? [15]

Wada berlen ýurt Hudaýyň sowgady boldy. Emma olar şonda-da bu topragy eýelemek üçin söweşmeli boldular.

26–29-njy aýatda: Musa Heşbonyň hany Sihona nähili habar iberdi? [16]

Şeýlelikde, 32–33-nji aýatlarda näme bolup geçdi? [17]

Bu ysraýyllaryň Wada berlen topragy basyp almakdaky ilkinji söweşi boldy! Bu olar Hudaýa bil baglasalar we Oňa tabyn bolsalar, onda Hudaýyň hakykatdanam olara Wada berlen ýurdy berjekdigini görkezdi!

**Kanun taglymaty 3:1–11-ny** okaň.

Hudaý ysraýyllara indiki ýeňşi kimiň üstünden berdi? (3-nji aýat) [18]

Olar näçe galalary basyp aldylar? (4-nji aýat) [19]

Bu adatdan daşary üstünlik boldy!

Olar nämäni ýok etdiler we nämäni saklap galdyrdylar? (6–7-nji aýatlar) [20]

Şol ýeriň adamlary gaty erbetdiler we Hudaý olary Öz halkyny azdyrmazlyklary üçin ýok edilmegini isledi (Musa bu hakda 7:3–4-de aýdýar).

Olja — bu Hudaýyň beren sowgadydy, olar syýahatyny dowam edip bilmekleri üçin, Hudaý olary şeýle usul bilen üpjün edýärdi.

Bu uruşlar ysraýyllara eger olar Hudaýa boýun bolsalar, Hudaý Wada berlen ýurtda ýeňiş berjekdigini görkezmegini dowam etdi.

## *Goşmaça:* Og han



Rapalar gaty uzyn boýly we güýçli adamlardy (2:20–21-e seret).

Diňe iň baý adamlar şunuň ýaly gara daşdan tabyt edinip bilýärdiler we bu gaty uludy. Oga hem gara daşdan gaty uly tabyt gerekdi. Ysraýyllar äpet we güýçli bir patyşany ýeňdiler!

# Täze Ähtde tabyn bolmagy öwrenýäris

Köne Ähtde Hudaý Öz halkyna ýolbaşçylyk etdi. Olar tabyn bolmagy öwrenenlerinde, Hudaý olara Wada berlen ýerde ýaşamaklary üçin ýeňiş berdi. Edil şonuň ýaly, Hudaý häzirem bize ýolbaşçylyk edýär. Biz Oňa tabyn bolmagy öwrenenimizde, biziň baky Wada berlen kämil ýurda girip bilmegimiz üçin, Hudaý bize günäniň üstünden ýeňiş berýär! Ýakyn wagtda Isa bizi Özi bilen hemişelik ýaşamaga alyp gider!

Ebedi ýaşaýyş Hudaýyň peşgeşidir, ýöne biz arkaýyn bolup bilmeris. Biz her gün söweşýäris! Şonuň üçin her günümiziň her minudynda biz Patyşamyza tabyn bolmagy saýlamalydyrys.

## 3-nji Çagyryş



**Efesliler 6:10–18-i** okaň.

Biz kime garşy söweşmeli? (12-nji aýat) [21]

Ysraýyllar Wada berlen ýerde ýaşaýan erbet adamlara garşy söweşmeli boldular. Edil şonuň ýaly, Hudaý hem bize günä, iblise we onuň arwah-jynlaryna garşy söweşmegi buýurdy.

Haýsy iki usul bilen biz iblise we onuň arwah-jynlaryna garşy söweşip bileris? (11-nji we 18-nji aýatlar) [22]

Her bir ýaragyň görnüşi barada we onuň näme edýändigi hakda pikir ediň. Eger bir mesihi Hudaýyň özüne beren bu ýaragyny ýatdan çykarsa, munuň netijesi nämä getirer?

- Biz hakykat guşagyny dakynmagy ýatdan çykaranymyzda näme bolýar? [23]
- Biz dogrulyk sowudyny geýmegi ýatdan çykaranymyzda näme bolýar? [24]
- Isa hakda gürleşmäge taýyn köwşümiziň bardygyny ýatdan çykaranymyzda näme bolýar? [25]
- Biz iman galkanyny dakynmagy ýatdan çykaranymyzda näme bolýar? [26]
- Biz Hudaýyň sözüni, ýagny Mukaddes Ruhuň gylyjyny ele almagy ýatdan çykaranymyzda näme bolýar? [27]
- Biz gutulyş tuwulgasyny geýmegi ýatdan çykaranymyzda näme bolýar? [28]

Biz bilelikde iblise we onuň jynlaryna garşy berk durmakda özümize kömek etmek üçin nämeler edip bileris? [29]

## Bu gün bu sapak arkaly Hudaý size näme diýdi?

## Siz muny kim bilen paýlaşyp bilersiňiz?

# Öý işi:

Indiki sapakdan öň **Kanun taglymaty 3:12—29-y** okaň.

# Jogaplar

1 – Adamlaryň sany şeýle bir köpeldi welin, Musa olaryň ähli jedellerini ýeke özi çözüp bilmeýärdi. Şonuň üçin Musa halkdan akyldar we hormatlanýan adamlary saýlap, olary baştutan edip belledi.
2 – Olar Hudaýyň kanunlaryny öwrenmelidiler we ýerine ýetirmelidiler.
3 – Olar Kadeşbarneýa ýetip geldiler we amorlaryň ýaşaýan daglygyna gitmelidiler.
4 – Ýurdyň nähilidigini görmek üçin birnäçe içaly iberdiler. Içalylaryň köpüsi munuň gowy ýerdigini, emma ol ýerdäki adamlaryň güýçli we äpetdigini, şäherleriň diwarlarynyň gaty beýikdigini aýtdylar. Şeýdip, ysraýyllar Hudaýa boýun bolmak we bu ýurda gitmek islemediler.
5 – Olar gorkdular.
6 – Musa Hudaýyň Müsürden çykanlarynda olar üçin söweşişi ýaly, Onuň häzir hem olar üçin söweşjekdigini, olaryň gorkmaly däldigini ýatlatdy.
7 – Ol Hudaýy ogluny elinde göterýän ene bilen deňeşdirýär.
8 – Olar Hudaýa ynanmadylar.
9 – Kalepden we Ýeşuwadan başga ululardan hiç kim wada berlen ýeri görmez.
10 – Hudaý olara aýtmasa-da, olar gidip söweşdiler we ýeňildiler.
11 – Edil Isanyň bize hyzmat edip, janyny biziň üçin pida edişi ýaly, ýolbaşçylar hem hyzmatkärler kimin bolmalydyrlar.
12 – Ýaşulular Hudaýyň sürüsiniň çopanlary bolmaly.
13 – Isanyň yzyna eýerijiler özlerini inkär edip, haçlaryny alyp, haça çüýlenjek ýerine eltýän adam ýaly Onuň yzyna düşmeli.
14 – Hudaý ol ýerdäki ähli halklary ysraýyllardan gorkar ýaly etdi.
15 – Olar duşmanlary bilen söweşmeli boldular.
16 – Bize öz ýurduňyň üstünden parahat geçmäge rugsat et.
17 – Hudaý ysraýyllara Sihon hanyň üstünden ýeňiş berdi.
18 – Og han.
19 – 60!
20 – Olar ähli adamlary ýok etdiler, ýöne ähli emlägi özlerine alyp galdylar.
21 – Biz ynsanlara garşy däl-de, iblise we onuň ähli erbet güýçlerine garşy söweşýäris.
22 – Biz Hudaýyň bize beren ruhy ýaraglaryny dakynmaly. Şeýle hem biz **ähli** ýagdaýlar üçin Mukaddes Ruh arkaly doga-dileg etmeli!
23 – Biz ýalana ynanmaga meýilli bolýarys.
24 – Biz erbet işler etmäge meýilli bolýarys.
25 – Biz Isa hakda gürleşmek islemeýäris.
26 – Erbet zatlar ýüze çykanda, biz Hudaý bizi söýmeýär ýa-da biziň aladamyzy etmeýär diýip pikir edýäris. Biz gorkýarys we aladalanýarys.
27 – Biz Hudaýyň bize Öz Sözi arkaly öwretmek isleýän zatlarynyň hemmesini sypdyrýarys.
28 – Biz halas bolmanyň mugt sowgatdygyny ýatdan çykarýarys we Hudaýyň söýgisini öz ýagşy amallarymyz bilen gazanmalydyrys öýdýäris.
29 – Bile duşuşmaly, biri-birimiz üçin Hudaýa doga etmeli, ruhy ýaraglarymyzy dakynmagy dowam etmek bilen biri-birimizi goldamaly. Sizde başga nähili pikirler bar?

Kanun taglymaty 3-nji sapak:

# Bitewilik we täze ýolbaşçylyk



Bu sapakda biz bitewiligiň we täze ýolbaşçylar taýýarlamagyň wajyplygy barada pikirleneris.

## Bitewilik




**Kanun taglymaty 3:12–13-i** we **18–20-ni** okaň.

Iordan derýasy demirgazykda Jelile deňzinden günortada Öli deňze akýar. Iordan derýasyny kartada tapyň.

Bu aýatlardaky ýerler Iordan derýasynyň gündogar tarapynda ýerleşýär. Bu Ýeşuwa 6-njy bapda ysraýyllaryň Ýeriho hüjüm etmezden ozal gelen ilkinji tarapydy.

**Çölde 32:1–5-i** okaň. Ruben we gat tireleri Musadan näme soradylar? [1]

**Çölde 32:16–22-ni** okaň. Olar Musany özleriniň Iordan derýasynyň gündogarynda ýaşamaga rugsat bermegine nädip ynandyrdylar? [2]

**Çölde 32:33-i** okaň. Iordan derýasynyň Gündogar tarapynda başga kim ýer aldy? [3]

Musa bu iki ýarym tiräniň Iordan derýasynyň gündogar tarapynda ýaşajakdygyna razy boldy. Ol muňa diňe bir şert bilen rugsat berdi: bu tireleriň adamlary beýleki tirelere Iordan derýasynyň günbatar tarapynda kenganlary basyp almaga kömek etmelidiler.

Beýleki tireler bilen bitewi bolmaklaryny dowam etmek gaty möhümdi. Eger ruben we gat tireleri we manaşe tiresiniň ýarysy ysraýyllar bilen Iordan derýasynyň aňyrsyna gitmekden ýüz öwren bolsalar, onda Hudaýyň halky ikä bölünerdi. Özleriniň hakyky duşmany bilen söweşmegiň deregine, olar biri-birine garşy göreşerdiler.

# Täze ýolbaşçylyk

**Kanun taglymaty 3:23–29-y** okaň.

25-nji aýatda Musa Hudaýdan näme sorady? [4]

Bu onuň soňky 40 ýylynyň arzuwy bolupdy! Hudaýyň halkynyň iň beýik adamlary, hatda Köne Ähtiň pygamberleri-de lapykeçlige sezewar boldular!

**Çölde kitaby 20:2–12-ni** okaň. Näme üçin Musa öz halkyny Wada berlen ýere alyp girmäge rugsat berilmedi? [5]

Hatda Köne Ähtiň iň beýik adamlary-da käwagt Hudaýy lapykeç edipdirler. Ýöne biz Hudaýyň rehimini görýäris, Ol iň bolmanda Musanyň ýurdy uzakdan görmegine rugsat berdi (Kanun taglymaty 3:27).

**Kanun taglymaty 3:28-i** okaň. Ysraýyllar üçin indiki ýolbaşçy kim bolar? [6]

**Kanun taglymaty 3:21–22-ni** okaň. Musa Ýeşuwa näme diýdi? [7]

Wada berlen ýurdy basyp almak öňde duran köp söweşli ullakan meseledi. Hudaý halkyň özleri üçin Onuň söweşjekdigini bilmeklerini isledi. Olar üçin söweşlerde ýeňiş gazanjak Hudaýyň Özüdi. Sebäbi Hudaýyň hut Özi — olaryň Rebbi we Patyşasydy! Emma Ol Öz halkyny Wada berlen topraga getirmek üçin Öz bellän ýolbaşçysy Ýeşuwany ulanmakçydy (28-nji aýat).

**Kanun taglymaty 3:28-i** ýene-de okaň. Musa Ýeşuwany indiki ýolbaşçy bolmagy üçin nädip taýýarlamalydy? [8]

Musa nädip ony ruhlandyryp we güýçlendirip bilerdi? [9]

Musa Töwrat ýazdy (Köne Ähtiň birinji 5 kitaby). Bu Musanyň Ýeşuwa we Hudaýyň halkyna beren sowgady boldy.

**Ýeşuwa 1:8-de** Hudaý Öz Sözüni okamak hakda Ýeşuwa näme diýdi? [10]

## Täze Äht

Geliň, Täze Ähtiň bitewilik we täze ýolbaşçylyk ýaly wajyp mowzuklar barada näme diýýänine seredeliň.

### Bitewilik

Bitewilik Hudaýyň halky üçin diňe bir Köne Ähtde möhüm däldi. Bu Hudaýyň halky üçin Täze Ähtde-de örän möhümdi.

**Ýohanna 17:20—21-de** Isa imanlylaryň ählisi üçin näme dileg etdi? [11]

Isa Öz yzyna eýerijileriň bir bitewi bolmaklary üçin dileg etdi.

Bu gün ýygnak günä we şeýtana garşy söweşde bitewi bolmaly! Hudaý Öz ýygnagynyň ösmegi üçin biziň **bilelikde** gulluk etmegimizi isleýär. Biz öz ýygnagymyzda we beýleki ýygnaklarda bir bitewiligi gazanmak üçin elimizden gelenini etmeli.

## 1-nji Çagyryş

Biz bitewiligimizi haýsy ýollar bilen bozýarys? [12]

Biz bitewiligimizi pugtalandyrmak üçin näme edip bileris? [13]

### Täze ýolbaşçylyk

Hudaý ysraýyllaryň hakyky Rebbi we Patyşasy boldy. Edil şonuň ýaly, Hudaýyň Ogly Isa biziň hakyky Rebbimiz we Patyşamyzdyr (Aýanlyk 17:14).

Hudaý Öz halky üçin Köne Ähtde ýolbaşçylar belledi we Hudaý Täze Ähtde-de Öz halky üçin ýolbaşçylar belleýär.

Biz 2-nji sapakda öwrenenimiz ýaly, ýolbaşçylaryň öňünde uly jogapkärçilik bar. Olar:
- Hudaýyň sözüni öwrenmäge, oňa boýun bolmaga we ony öwretmäge özlerini bagyşlamaly;
- ýygnak agzalaryna aladaly, rehimli çopan hökmünde hyzmat edip, kiçigöwünlik bilen ýolbaşçylyk etmeli;
- ýygnak agzalaryna Hudaýyň beren peşgeşlerini ösdürmäge kömek etmeli;
- adam saýlamazdan hemmeleri ruhlandyrmaly.

Ýöne ýolbaşçylar özleriniň ýolbaşçylyk hyzmatyny bes etmeli wagtyna hem taýýar bolmalydyrlar.

Biz Musanyň Ýeşuwany täze ýolbaşçylyga nädip taýýarlandygyny gördük. Geliň, Täze Ähtde Pawlusyň Timoteosa täze ýolbaşçylary taýýarlamak barada aýdanlaryna seredeliň.

**2 Timoteos 2:2-ni** okaň. Pawlus Timoteosa näme etmegi maslahat berýär? [14]

## Täze ýolbaşçylary taýýarlamak

**Ähli mugallymlar öz okuwçylaryny başgalara öwredip bilmäge taýýar edip ýetişdirmelidirler.**

Musa Ýeşuwany Hudaýyň halkynyň baştutany bolmaga taýýarlady. Edil şonuň ýaly, ähli ýygnak ýolbaşçylary bir gün olaryň ornuny tutup biljek geljekki ýolbaşçylary taýýarlamalydyrlar.

Akylly ýolbaşçylar ölmezinden **öň** indiki ýolbaşça ýolbaşçylygy kabul etmegine rugsat bererler! Şonda täze ýolbaşçy zerur bolanda, köne ýolbaşçynyň maslahatyny alyp biler. Ýöne bu hemmeleriň (köne ýolbaşçynyň hem) indi onuň ýolbaşçy däldigini ýatda saklanlarynda has gowy başa barýar! Iň möhümi, ýygnagyň köne ýolbaşça goldaw berşi ýaly, täze ýolbaşçyny hem doly goldamagydyr.

Şeýle hem, ýolbaşçylar ýygnak agzalaryny başga ýygnak ýok ýerlerde täze ýygnak gurmaga taýýarlamaklary hem gowudyr.

## Ýolbaşçylara bolan gatnaşygymyz barada möhüm bellik

Ýygnak agzalary öz ýolbaşçylaryna bolan garaýyşlarynda köplenç iki ýalňyşlyk goýberýärler:

### 1. Biz öz ýolbaçylarymyza kämil diýip garaýarys we olaryň biziň hemme meselelerimizi çözüp bilýändiklerine ynanýarys.

Muny hiç wagt ýadymyzdan çykarmaly däldiris:
- ýolbaşçylaryň diňe ynsandygyny we olaryň ýalňyşlyk etjekdiklerini,
- hatda Musanyň ýalňyşandygyny,
- diňe Isa Mesihiň kämildigini we diňe Onuň bizi halas edip bilýändigini hemişe ýatda saklamaly!

### 2. Biz öz ýygnak ýolbaşçylarymyza hormat goýmaýarys.

- Täze Äht bize öz ýygnaklarymyzda ýolbaşçy bolup gulluk edýän adamlara hormat goýmalydygymyzy we olara tabyn bolmalydygymyzy aýdyň görkezýär (1 Salonikliler 5:12–13; Ýewreýler 13:17).
- Biz öz ýygnak ýolbaşçylarymyza hormat goýmasak we olara tabyn bolmasak, ýygnak bölünýär we ol öz hyzmatynda peýdasyz bolýar.

Ýygnak agzalary öz ýolbaşçylaryna bolan garaýyşlarynda köplenç haýsy iki ýalňyşlygy goýberýärler? [15]

## 2-nji Çagyryş



Biz ýygnagyň ýolbaşçysymy ýa-da dälmi, tapawudy ýok, hemmämiz özümizi Hudaýyň Sözüni öwrenmäge bagyş etmelidiris. Siziň Hudaýyň Sözüni okamagyňyz, Ýeşuwa 1:8-de Hudaýyň Ýeşuwa ýerine ýetirmegi buýran zatlary bilen nädip deňeşdirilýär?

Hudaýyň Sözüni has köp okap we ol barada has köp pikirlenip bilmek üçin siz durmuşyňyzda nämeleri üýtgedip bilersiňiz?

Bitewilik we täze ýolbaşçylyk mowzuklaryny bölüp bolmaýar:

- Ýygnagyň bitewiligi ýolbaşçylygy has aňsatlaşdyrýar. Bitewi bolmazlygy bolsa, ýolbaşçylygy kynlaşdyryp biler.

- Gowy ýolbaşçylyk bitewiligi gazanmagy has aňsatlaşdyrýar. Erbet ýolbaşçylyk bitewiligi gazanmagy kynlaşdyrýar.

Imanlylaryň her bir ýygnagy barha söýgi we mukaddeslik jemagatyna öwrülmegiň ýolunda. Bu durmuşda hiç bir ýygnak kämillige ýetip bilmez! Ýöne ýygnagymyzyň söýgüde we mukaddeslikde ösmegine kömek etmek üçin elimizden gelenini etmeli!

Şoňa görä, öz ýygnagyňyz üçin hemişe doga etmek wajypdyr:
- ýolbaşçylaryň gowy ýolbaşçylyk etmekleri üçin;
- ýygnagyň Isa we biri-birine bolan söýgide bitewi bolmaklary üçin.

### Bu sapagyň üsti bilen Hudaý sizi näme etmäge çagyrýar?

## Öý işi:

Indiki sapakdan öň **Kanun taglymaty kitabynyň 4-nji babyny** okaň.

# Jogaplar

1 – Olar Iordan deryasynyň gündogar tarapynda ýaşamagy haýyş etdiler. Olar Hudaýyň Öz halkyna wada beren topragy bolan Günbatar tarapa geçmek islemediler.
2 – Bu adamlar Wada berlen topragy basyp almak üçin beýleki ysraýyllar bilen bile söweşmäge söz berdiler. Diňe şondan soň olar gündogar tarapdaky aýallarynyň we çagalarynyň ýanyna gaýdyp gelmelidiler.
3 – Manaşanyň ýarym tiresi.
4 – Maňa Wada berlen ýurdy görmäge rugsat et.
5 – Ol Hudaýa hormat goýmady we Onuň görkezmelerine doly boýun egmedi: oňa gaýa gürlemeli diýlende, ol gaýany urdy.
6 – Ýeşuwa.
7 – Siz Hudaýyň Iordan deryasynyň gündogar tarapynda iki hany nädip ýeňendigini gördüňiz. Edil şonuň ýaly, Iordan deryasynyň günbatar tarapyndaky ähli halklary basyp almak üçin Hudaý siziň üçin söweşer.
8 – Musa ony güýçlendirmelidi we ruhlandyrmalydy.
9 – Oňa Hudaýyň eden zatlarynyň hemmesini ýatladardy we ony Hudaýyň sözüni okamaga höweslendirerdi.
10 – Musanyň ýazan Kanun kitabyny okaň. Bu hakda gürleşiň. Gije-gündiz ol barada pikirleniň. Oňa tabyn boluň. Şonda üstünlik gazanarsyňyz.
11 – Olaryň hemmesiniň bir bolmagy üçin.
12 – Ine käbir mysallar: biz ünsümizi Hudaýda däl-de, ýygnak ýolbaşçylarynda jemleýäris. Biz buýsanýarys. Biz Mesihiň bedenine gerekli zatlar barada oýlanmagyň deregine, köpräk özümiz we öz mätäçliklerimiz barada oýlanýarys. Biz gybat edýäris, başgalara ýaramaz zatlary aýdýarys, beýlekiler hakda gödek sözler aýdýarys, özümizi beýlekilerden gowy hasaplaýarys, gaharlanyp ýygnaklara barmaýarys we ş.m.
13 – Ine käbir mysallar: Biz ünsümizi ýygnak ýolbaşçylarynda däl-de, Hudaýda jemleýäris. Biz kiçigöwünli we öwrenmäge ukyply. Biz özümiz barada däl-de, köpräk Mesihiň bedenine gerekli zatlar barada oýlanýarys. Biz gybaty diňlemegi bes edip bilýäris, adamlar barada diňe gowy zatlar aýdyp bilýäris, beýlekileri özümizden gowy saýyp bilýäris. Biz ýygnaga yzygiderli gelip bilýäris, hatda ýadaw, işli ýa-da gaharly bolsak hem.
14 – Hudaýyň Sözüni beýlekilere-de öwredip biljek ygtybarly adamlara tabşyr.
15 – Biz öz ýolbaçylarymyza kämil diýip garaýarys we olaryň biziň hemme meselelerimizi çözüp bilýändiklerine ynanýarys. Biz öz ýygnak ýolbaşçylarymyza hormat goýmaýarys.

Kanun taglymaty 4-nji sapak:

# Ýaşaýşy saýlaň!



## **4:1–40** (birinji bölüm)

Bu sapakda biz gulak asmagyň ölüme ýa-da ýaşaýşa eltýändigi barada oýlanarys.

Bu Musanyň ysraýyllara öwreden ajaýyp wagzydyr. Hudaý olary Özüniň aýratyn halky bolmagy üçin gulçulykdan azat etdi.

Bu wagzy okamazymyzdan ozal, geliň, onuň öwredýän üç esasy pikirine seredeliň.

Wagzy 5 bölege bölmek mümkin. Birinji we soňky bölümlerde birmeňzeş zatlar aýdylýar. Ikinji we dördünji bölümler hem birmeňzeş zatlary aýdýar. Köp ýewreý goşgularynda we wagyzlarynda bolşy ýaly, iň möhüm pikir ortaky bölümde ýerleşýär.

- 1–4-nji aýatlar: **Boýun bolmak:** Ysraýyllar Hudaýyň ýalkamagy üçin Onuň kanunlaryna boýun bolmalydyrlar.
- 5–20-nji aýatlar: **Ysraýyllar beýleki halklardan tapawutly:** Ysraýyllar özboluşly ýeke-täk halk, sebäbi Hudaý ýeke-täk Hudaýdyr.
- 21–31-nji aýatlar: **Hudaý höküm ediji we rehimdar Hudaýdyr.**
- 32–38-nji aýatlar: (ýene-de) **Ysraýyllar beýleki halklardan tapawutly.**
- 39–40-njy aýatlar: (ýene-de) **Boýun bolmak.**

Bu wagyzda iň möhüm pikir näme (ortaky bölüm näme hakda gürrüň edýär)? [1]

Biz tutuş Mukaddes Kitapda Hudaýyň hökümini we rehimini görýäris. Bular Hudaý hakda düşünmäge biziň üçin iň möhüm pikirlerdir. Ol mukaddes we päkdir we ähli günälere höküm çykarmalydyr. Emma höküm çykaranda-da, Ol ajaýyp rehimdarlyk görkezýär.

Hudaýyň halkynyň Hudaý hakda köplenç iki ýalňyş pikiri bar:

- Günä etsek, Hudaý garşy däl;
- ýa-da günä edenimizden soň bize bagyşlanmaga umyt ýok.

Näme üçin Hudaý Öz hökümini we rehim-şepagatyny nygtamalydy? [2]

Ysraýyllara Hudaý özlerini halas edendigi üçin, indi öz isleýşimiz ýaly ýaşap bilýäris diýip pikir etmek aňsatdy. Emma Hudaý olara tabyn bolmaklary üçin Öz kämil kanunyny berdi!

Bu sapakda biz Musanyň wagzynyň birinji bölümi barada öwreneris: Ysraýyllar Hudaýyň ýalkamagy üçin Onuň kanunlaryna boýun bolmalydyrlar.

Indiki sapakda galan ikisine serederis.

# Tabynlyk

**Kanun taglymaty 4:1—4-i** okaň.

Bu aýatlarda biz biri-birine ters gelýän ýaly görünýän iki pikiri görýäris.

- Hudaý ysraýyllara ýurt berer.
- Ysraýyllar ýurdy eýelemek üçin Hudaýa boýun egmeli.

1-nji aýatda Hudaý näme etmekçi bolýar? [3]

Ysraýyllar bu ýeri nädip eýelärler? (1-nji aýat) [4]

Şeýlelikde, bu ýer peşgeşmi ýa-da olar tabyn bolmak bilen ony gazanmalymy?

Biz Mukaddes Kitabyň bütin dowamynda biri-birine ters gelýän ýaly görünýän bu iki pikiri görýäris: Hudaýyň bahasyna ýetip bolmajak gutulyş peşgeşi we Wada berlen ýer **mugtdy** (olar sowgat). Emma Hudaýyň halky oňa eýe bolmak üçin Hudaýa **tabyn bolmalydyr**.

Hudaý ysraýyllary Müsürden çykarmazdan ozal, olary ölüm perişdesinden halas etdi.

Ysraýyllar halas bolmak üçin näme etmeli boldular? **Müsürden çykyş 12:21—23-i** okaň. [5]

Hudaý tabyn bolmadyklary halas etmedi!

## Täze Äht

Täze Ähtde-de gutulyş mugt sowgatdyr, ýöne biz Hudaýyň kanunlaryna tabyn bolup ýaşamaly. Hudaýyň Wada beren Ebedi Ýurduna (Täze Iýerusalime) baranymyzda, biziň hemmämiz Onuň kanunlaryna doly tabyn bolup ýaşarys.

**Rimliler 6:17–18-i** okaň. Imanlylar nämäniň guly bolupdyrlar? [6]

Olar häzir nämäniň guly bolýarlar? [7]

Olar öň umytsyzdylar we günä etmekden saklanyp bilmeýärdiler. Ýöne Isa olary halas etdi, päkledi we Öz Mukaddes Ruhy bilen doldurdy. Indi olar üçin ýagşylyga we söýgä beslenen durmuşda Onuň yzyna eýermäge mümkinçilik bar!

## Çagyryş

Adamlar seniň dogrulygyň gulydygyňy görüp bilýärlermi? Ýa-da senem olar ýaly günäniň guly diýip pikir edýärlermi?

Siziň durmuşyňyz töweregiňizdäki imansyzlardan nähili tapawutlanýar?

# Ýaşaýyş



Kanun taglymaty 4:1 olaryň tabyn bolmagynyň netijesiniň nähili boljakdygy barada näme diýýär? [8]

Bu aýadyň asyl ýewreý dilinde "*ýaşap, girip, ýurda eýe bolup bilersiňiz*" diýilýär.

40-njy aýada serediň. Eger halk Hudaýa tabyn bolsa, Musa olara näme wada berýär? [9]

**Kanun taglymaty 8:7–9-y** okaň. Hudaýyň Öz halkyna berýän ýurdy nähili ýere eýe eken? [10]

Hudaý halka wada berlen ýurtda gurply we uzak ýaşaýyş bermek isleýär! Emma Hudaýa biwepalyk etseler, tersine bolar.

**Kanun taglymaty 4:3** okaň.

Bagalpegor — Mowabyň hasyl hudaýy bolupdyr. Kenganlylar oňa ýigrenji ahlaksyzlyk bilen sežde etdiler.

Hudaý Bagalpegora sežde edenlere näme etdi? [11]

Kanun taglymaty kitabynyň ahyrynda Musa halky dogry saýlaw etmäge çagyrýar.

**Kanun taglymaty 30:15–20-ni** okaň. Musa halka näme saýlaw berdi? [12]

Iň wajyp ähmiýete eýe bolan karar Hudaýa tabyn bolmak ýa-da bolmazlykdyr, sebäbi bu karar ölüme ýa-da ýaşaýşa eltýär! Kanun taglymaty kitabynda Hudaý köp gezek Öz halkyny ýaşaýşy saýlamaga çagyrýar.

## Täze Äht

**1 Ýohanna 5:11–12-ni** okaň. Hudaý bize näme berdi? [13]

Kimde ebedi ýaşaýyş bar? [14]

## Ýaşaýyş

Edil Kanun taglymaty kitabyndaky ýaly **ýaşaýyş** sözi — Ýohannanyň Hoş Habarynda hem möhüm söz bolup durýar.

Mysal üçin:

> *Hudaý dünýäni örän söýendigi sebäpli Özüniň ýeke-täk Ogluny berdi. Ol muny Ogluna iman edenleriň hiç biri heläk bolman, baky* ***ýaşaýşa*** *gowuşmagy üçin etdi* (Ýoh 3:16).
>
> Isa olara şeýle diýdi: "***Ýaşaýyş*** *çöregi Mendirin, Maňa gelen asla ajykmaz, Maňa iman eden asla suwsamaz*" (Ýoh 6:35).
>
> Isa şeýle diýýär: "*Ýol, hakykat we* ***ýaşaýyş*** *Mendirin, Mensiz hiç kim Atanyň ýanyna baryp bilmez*" (Ýoh 14:6).

**Baky ýaşaýyş başga hiç kimde däl, diňe Isada bardyr!**

Baky ýaşaýyş — bu Hudaýyň Täze Ähtde Öz halkyna berýän ýalkanyşydyr. Bu Hudaýyň ysraýyllara Köne Ähtde olar gulak asanlarynda, olara beren maddy nygmatlaryndan has gowudyr! Bu hakda 12-nji sapakda has köp pikir ederis.

Şunuň ýaly, biz 11-nji sapakda bu gün haýsy kanunlary ýerine ýetirmelidigimiz barada gürrüň ederis. Bu arada biz Hudaýa we ýakynymyza bolan söýgi kanunyny (Matta 22:37–39) berjaý edýändigimize hem göz ýetirmelidiris.

## *1-nji Duýduryş:* Hudaýyň Sözüni üýtgetme!

**Kanun taglymaty 4:2-de** Hudaýyň sözüne nähili garamalydygy barada näme diýilýär? [15]

Käbir adamlar Hudaýyň sözüni üýtgetmegi halaýarlar. Olar muny Hudaýa tabyn bolmagy aňsatlaşdyrmak üçin edýärler. Olar Hudaýy özlerine makul görýän hudaýa öwürmegi halaýarlar. Ýöne biz Hudaýyň sözüniň haýsy bölegine tabyn bolmalydygyny we halamaýan bölegimize üns bermezligi saýlap bilmeýäris.

Hudaýyň Sözi kämildir we bitewidir. Oňa hiç zat goşmaly däldiris ýa-da ondan hiç zat aýyrmaly däldiris. Onda Hudaý hakda häzirki ýaşaýşymyz we ebedi ýaşaýşymyz üçin zerur bolan ähli maglumatlar bar!

**Aýanlyk 22:18–19-y** okaň. Hudaýyň sözüne bir zat goşmak ýa-da halamaýan zatlaryny Hudaýyň sözünden aýyrmak isleýänlere Hudaý näme diýýär? [16]

**Maslahatlaşyň:** Mukaddes Kitapda haýsy buýruklar siziň üçin ýerine ýetirmek örän kyn?

## *2-nji Duýduryş:* Täze aýanlyklary kabul etme!

- Dünýä taryhynyň dowamynda täze kitaplar bilen gelen dini mugallymlar köp boldy. Mukaddes Ýazgylar — bu Hudaýyň doly Sözüdir. Mukaddes Ýazgylar bize nädip halas bolmaly, nädip ebedi ýaşaýşa we Hudaý bilen gatnaşyklara eýe bolmalydygy barada gerek bolan ähli maglumaty berýär.



- Özleriniň täze pikirlerine görä, Mukaddes Ýazgylary üýtgedenlerem boldy. Sizde bar bolan Mukaddes Kitap irki golýazmalaryň anyk terjimesidir!

Şonuň üçin kimdir biri Hudaýyň täze aýanlyk berendigini aýtsa, biz ony kabul etmeli däldiris. Adamlaryň bize öwredýän zatlaryny hemişe Mukaddes Kitapda berlen sözler bilen **barlamalydyrys**.

Şeýle hem, biz **Hudaýyň Sözüniň hemmesini bilmelidiris**. Asyrlar dowamynda köp ýygnaklar Mukaddes Kitapdan bir aýatda (ýa-da birnäçe aýatda) ünslerini jemläp, täze bir düzgünler çykardylar. Olar bu düzgünleriň Mukaddes Ýazgylaryň galan bölegi bilen ylalaşyp ýa-da ylalaşmaýandygyny barlamaýardylar.

**Maslahatlaşyň:** Mukaddes Kitapdan tapawutly kitaba eýe bolup, ol kitaba Hudaýyň sözi diýýän adamlary bilýärsiňizmi?

### Bu sapakda Hudaýyň sözi barada siz näme öwrendiňiz?

### Özüni mesihi diýip atlandyrýan, ýöne gowy durmuşda ýaşamaýan adama siz bu gün näme diýersiňiz?

### Geliň, ýaşaýşy saýlamak babatda biri-birimiz üçin Hudaýa doga edeliň!

## Öý işi:

**Kanun taglymaty 4:1–40-y** ýene bir gezek okaň. Biz muny öwrenmegi indiki sapakda dowam ederis.

# Jogaplar

1 – Hudaý höküm ediji we rehimdar Hudaýdyr.
2 – Hudaý bulary nygtaýar, sebäbi Onuň halkyna şeýle pikir etmek aňsat, ýagny:
- Günä etsek, Hudaý höküm etmez,
- ýa-da günä edenimizden soň bize bagyşlanmaga umyt ýok.

3 – Hudaý ysraýyllara wada berlen ýeri berer.
4 – Hudaýyň kararlaryna we kanunlaryna tabyn bolmak bilen.
5 – Olar janlyny soýup, onuň ganyny şol janlyny iýýän öýüniň gapysynyň üstki we ikiýan söýesine çalmalydylar.
6 – Günä.
7 – Dogrulyk.
8 – Olar gidip, Wada berlen ýurdy eýelärler we onda ýaşarlar.
9 – Ol ýurtda uzak ömür sürerler.
10 – Derýalary, hasylly topragy, gazyp alyp ulanmak üçin metallary bar bolan ajaýyp ýer.
11 – Ol olary ýok etdi.
12 – Ýaşaýyş we abadançylyk ýa-da ölüm we weýrançylyk.
13 – Baky ýaşaýyş.
14 – Kim Hudaýyň Ogly — Isa Mesihe iman edýän bolsa.
15 – Olar oňa hiç zat goşmaly däl ýa-da ondan aýyrmaly däl.
16 – Olar jezalandyrylar we Täze Iýerusalimde ýaşap bilmezler.

## Kanun taglymaty 5-nji sapak:

# Hudaýyň hökümi we rehimi



## **Kanun taglymaty 4:1–40** (ikinji bölüm)

Bu sapakda biz Hudaýyň halkynyň beýleki halklardan nähili tapawutlanýandygy barada gürrüň ederis. Şeýle hem biz Hudaýyň dogruçyl hökümi we akyla sygmajak rehimi baradaky wajyp mowzuklar hakda pikirleneris.

Geçen sapakda, **Hudaýyň kanunlaryna boýun bolmagyň näderejede wajypdygyny** gördük Hudaý ysraýyllary gulçulykdan halas etdi. Hudaý olara Wada berlen ýurdy bermekçidi. Emma Ysraýyllar Wada berlen ýurda girmek we onda galmak üçin Hudaýyň kanunlaryna boýun bolmalydylar.

### *Goşmaça:* **Syn**

Biz wagzy (Kanun taglymaty 4:1–40) 5 bölege bölüp boljakdygyny gördük. Birinji we soňky bölümlerde birmeňzeş zatlar aýdylýar. Ikinji we dördünji bölümler hem birmeňzeş zatlary aýdýar. Köp ýewreý goşgularynda we wagyzlarynda bolşy ýaly, iň möhüm pikir ortaky bölümde ýerleşýär.

- 1–4-nji aýatlar: **Boýun bolmak:** Ysraýyllar Hudaýyň ýalkamagy üçin Hudaýyň kanunlaryna boýun bolmalydyrlar.
- 5–20-nji aýatlar: **Ysraýyllar beýleki halklardan tapawutlydyr:** Ysraýyllar özboluşly ýeke-täk halkdy, sebäbi Hudaý ýeke-täk Hudaýdyr.
- 21–31-nji aýatlar: **Höküm we rehimdarlyk:** Hudaý höküm ediji we rehimdar Hudaýdyr.
- 32–38-nji aýatlar: (ýene-de) **Ysraýyllar beýleki halklardan tapawutlydyr.**
- 39–40-njy aýatlar: (ýene-de) **Boýun bolmak.**

Bu wagyzda we tutuş Mukaddes Kitapda iň möhüm pikir näme (ortaky bölüm näme hakda gürrüň edýär)? [1]

Näme üçin Hudaýa Öz hökümini we rehim-şepagatyny nygtamak gerek? [2]

Ysraýyllara Hudaý özlerini halas edendigi üçin, indi öz isleýşimiz ýaly ýaşap bilýäris diýip pikir etmek aňsatdy. Emma Hudaý olara tabyn bolmaklary üçin Öz kämil kanunyny berdi.

Şeýlelikde, Musa bu wagyzda 3 zady öwredýär. Olar haýsylar? [3]

Bu sapakda biz bu wagzyň üç mowzugyndan ikinjisine we üçünjisine serederis.

# Ysraýyllar beýleki halklardan tapawutlydyr

**Kanun taglymaty 4:5–20-ni** okaň.

Ysraýyllar beýleki halklardan tapawutlydyr, sebäbi Hudaý beýleki hudaýlardan tapawutlydyr.

Hudaýyň häsiýeti beýleki halklaryň ybadat edýän hudaýlarynyň häsiýetinden nähili tapawutlanýar (7-nji, 8-nji, 12-nji we 20-nji aýatlar)? [4]

7-nji aýat:

8-nji aýat:

12-nji aýat:

20-nji aýat:

Eger adamlar Hudaýyň sözüne gulak assalar, netijesi näme bolmaly? (6–7-nji aýatlar) [5]

Hudaý ysraýyllaryň diňe bir Özüne ybadat etmegini islemedi. Eýsem Ol ysraýyllaryň ähli halklara görelde bolup, ähli halklarda hem hakyky Hudaýa ybadat etmek isleginiň döremegini isledi!

Bu ilkibaşdan Hudaýyň meýilnamasynyň bir bölegidi. Hudaý Ybraýyma ajaýyp wadalaryny berende, ýer ýüzündäki ähli halklaryň ol arkaly ýalkanjakdygyny aýtdy (Gelip çykyş 12:3).

Edil şonuň ýaly-da, biziň hem Hudaýa bolan söýgimiz we Onuň sözüne tabynlygymyz ähli halklara ajaýyp göreldedir! Bu arkaly, goý, olar hem Isanyň yzyna eýermek islesinler!

## 1-nji Çagyryş



Köp adamlar Isa iman edýärler, sebäbi olar:

- mesihileriň biri-birini nähili söýýändiklerini görýärler;
- şeýle hem olar Hudaýyň biziň dileglerimize nähili jogap berýändigini görýärler.

Emma adamlar Isa iman **etmezler** eger bizde şulary görseler:

- biri-birimizi söýmeýändigimizi;
- biziňkiden zady köp bolanlara göriplik edýändigimizi;

- gybat edýändigimizi;
- doga-dileg etmeýändigimizi.

Hudaýyň sözüne **boýun bolanymyzda**, bu imansyzlara nähili täsir edýär? [6]

Hudayň sözüne **boýun bolmasak**, imansyzlara nähili täsir eder? [7]

Kanun taglymaty 4:10–14-nji aýatlarda Hudaýyň hut Özüniň mundan 40 ýyl ozal Öz halkyna On Tabşyryk beren adatdan daşary güni ýatlanýar. Biz Musanyň Kanun taglymaty kitabynyň 5-nji babynda adamlara On Tabşyrygy nädip ýatladandygy barada okarys. Öň hiç haçan halkda munuň ýaly gowy kanunlar bolmandy. Şeýle hem hiç kim şondan bäri olary has gowulaşdyryp bilmedi.

**15–19-njy aýatlary** okaň. Hudaýyň halky näme etmeli däl? [8]

Hudaý butlardan nähili tapawutlanýar? Butlaryň başarmaýan zadyny Hudaý nähili başaryp biler? [9]

Hudaý Öz halkyny butlara ybadat edýän halkdan halas etdi. Indi Ol olara beýleki butlara ybadat edýän halklaryň ýerini berýärdi. Şonuň üçin Hudaýyň halky bu halklaryň erbet endiklerini öwrenmezligi, but ýasap, olara ybadat etmezligi gaty möhümdi.

## 2-nji Çagyryş

Haýsy zatlar biziň üçin but bolup biler? Biz haýsy zatlary Hudaýdan has wajyp diýip düşünmäge meýilli bolýarys? [10]

Siziň Hudaý bilen gatnaşygyňyz siziň:
- maşgalaňyz bilen?
- jaýyňyz bilen?
- işiňiz bilen?
- puluňyz bilen?
- telefonyňyz bilen?
- eşikleriňiz bilen?
- synag netijeleriňiz bilen?
- abraýyňyz bilen?

Gatnaşyklaryňyzdan has möhümmi?

“Ybadat edýän” zatlarymyz gündelik durmuşyňyzda nähili görünýär? [11]

# Hudaý höküm ediji we rehimdar Hudaýdyr

**21–31-nji aýatlary** okaň. Bu wagzyň iň möhüm bölegidir.

21–24-nji aýatlarda Musa eger ol öz günäsi üçin Hudaýyň jezasyndan gutulmadyk bolsa, onda Hudaýyň halky hem anyk gutulmaz diýýär!

25–30-njy aýatlarda Musa adamlaryň Hudaýa garşy baş galdyrjakdyklary barada we wada berlen ýurtdan kowuljakdyklary barada, soňra ýene öz ýurduna dolanyp geljekdikleri barada pygamberlik edýär. Bu Köne Ähtiň galan taryhydyr.

Hudaý Öz halkynyň nähili günäleri edip biljekdigini aýdýar? (25-nji aýat) [12]

Eger olar bu günäleri etseler, Hudaý Öz halkyna nähili jezalary berjekdigini aýdýar? (26–28-nji aýatlar) [13]

29–31-nji aýatlarda Hudaý näme wada berýär? [14]

Bu wakalar hakda siz Köne Ähtiň taryhy kitaplarynda okap bilersiňiz (Ýeşuwa, Serdarlar, 1–2-nji Şamuwel, 1–2-nji Patyşalar, 1–2-nji Ýyl Ýagzylary, Ezra we Nehemýa).

Hudaýyň Öz halkynyň näçe günä etjekdigini bilýändigi we toba edenlerinde olary bagyşlamaga taýýardygy haýran galdyryjydyr.

Hudaý ajaýyp rehimdar Hudaýdyr!

Hudaýyň mukaddesdigi we päkdigi adatdan daşarydyr, şeýle hem Ol Öz halkyna örän rehimli we wepalydyr!

Hatda sürgüniň elhenç kynçylyklaryndan soň hem, ysraýyllar Hudaýa tabyn bolmazlygyny dowam etdirdiler. Olar Hudaýyň kämil kanunlaryna tabyn bolmazlygy bes edip bilmediler.

Köne Ähtiň bütin dowamynda biz Hudaýyň halkynyň özlerini halas etmek üçin birine mätäçdigini görýäris. Olar özlerini diňe bir daşary ýurt gulçulygyndan däl-de, eýsem ondanam has erbet günä gulçulygyndan halas etjek birine mätäçdiler.

## Täze Äht

Täze Ähtde Hudaýyň şeýle Halasgäri iberendigi barada okaýarys!

**Matta 1:20–21-i** okaň. Hudaý Ýusuba Merýemiň ogly Isanyň etjek zady hakda näme diýdi? [15]

## *Goşmaça:* Bizi ýeke-täk halas edip biljek — Isadyr!

Isa Hudaýyň Ogludyr. Biz muny bilýäris, sebäbi:



- Ol Mukaddes Ruh arkaly dünýä indi — Onuň fiziki atasy ýok;
- Ol hiç haçan günä etmedi;
- Ol köp adamyň şaýat bolmagynda ençeme gudratlar görkezdi;
- Ol haça çüýlenenden üç gün geçensoň, täze we ebedi bedende direldi.

Biz Isanyň haçdaky ölümi barada okanymyzda, biz Hudaýyň hem hökümini, hem merhemetini ikisinide görýäris. Isa biziň günälerimizi Öz üstüne aldy we olar üçin Hudaý tarapyndan höküm edildi. Şonuň üçin Hudaý bize rehim edip biler, sebäbi Isa biziň günälerimiziň öwezini doldy!

Isanyň ölümden direlmegi, bizi günäden, ölümden we şeýtandan halas edip biljegiň diňe Oldugyny görkezýär!

Isa direleninden kyrk gün geçensoň, Ol Hudaýyň sag tarapyna göge alyndy. Ol häzir Öz merhemetini we bagyşlamasyny hödürleýär. Ýöne basym bu gaty giç bolar. Ýakyn wagtda Ol bütin ýer ýüzüniň Kazysy hökmünde gaýdyp geler!

Isa göge alynmazyndan öň, şägirtlerine Kanun taglymaty 4-nji bapdaky sözleri ulanyp, soňky tabşyryklaryny berdi. Ol Özüniň hakykatdanam Hudaýyň Ogludygyna olaryň aýdyň düşünmeklerini isledi!

**Kanun taglymaty 4:39–40-y** okaň. Gökde we ýerde ähli ygtyýarlyk kime berildi? [16]

Şeýlelikde, Onuň halky näme etmeli? (40-njy aýat) [17]

Olar Oňa tabyn bolmaly!

**Matta 28:18–20-ni** okaň. Gökde we ýerde ähli ygtyýarlyk kime berildi? [18]

Şeýlelikde, Onuň halky bu gün näme etmeli? (19-njy aýat) [19]

## 3-nji Çagyryş

Biz ähli adamlara Isa tabyn bolmagy öwretmelidiris. Gökde we ýerde ähli ygtyýarlyk diňe Ondadyr! Bütin ýer ýüzüniň Kazysy hökmünde yzyna gaýdyp geljek Oldur!

Siz başgalara bütin ýer ýüzüniň Kazysyna tabyn bolmagy nädip öwredýärsiňiz?

Soňky hepdede siz Isa hakda kim bilen gürleşdiňiz?

### Bu sapakda siz üç çagyryşyň haýsysyny etmek üçin Hudaýdan has köp kömek soramaly?

## Öý işi:

Indiki sapakdan öň **Kanun taglymaty 5:1–15-i** okaň.

# Jogaplar

1 – Hudaý höküm ediji we rehimdar Hudaýdyr.
2 – Hudaý bulary nygtaýar, sebäbi Onuň halkyna şeýle pikir etmek aňsat, ýagny:
- günäniň ähmiýeti ýok;
- ýa-da günä edenimizden soň bizde umyt ýok.

3 – **Boýun bolmak:** Ysraýyllar Hudaýyň ýalkamagy üçin Onuň kanunlaryna boýun bolmalydyrlar.
**Ysraýyllar beýleki halklardan tapawutlydyr:** Ysraýyllar özboluşly ýeke-täk halkdy, sebäbi Hudaý ýeke-täk Hudaýdyr.
**Höküm we rehimdarlyk:** Hudaý höküm ediji we rehimdar Hudaýdyr.
4 – Hudaý olara ýakyn we olaryň dileglerini eşidýär (7-nji aýat).
Hudaý Öz halkyna tabyn bolmagy üçin gowy kanunlar berdi (8-nji aýat).
Hudaý gürleýän Hudaý, emma Onuň halky Ony hiç haçan görmeýär (12-nji aýat).
Hudaý Öz halkyny elhenç gulçulykdan halas etdi (20-nji aýat).
5 – Olar has akylly bolýarlar we düşünjeli bolýarlar;
Beýleki adamlar olara we Hudaýyň kanunlaryna guwanýarlar;
Beýleki adamlar Hudaýyň özlerine nähili ýakyndygyny we dileglerine jogap berýändigini görýärler.
6 – Imansyz adamlar Isa ýakynlaşýarlar we şonuň üçin olaryň ebedi ýaşaýşy almaga mümkinçilikleri bar.
7 – Imansyz adamlar Isa ýakynlaşmaýarlar we şonuň üçin olarda ebedi ýaşaýşy almaga mümkinçilik ýok.
8 – Olar hiç hili but ýasamaly däl we olara tagzym etmeli däl.
9 – Butlardan tapawutlylykda, Hudaý görüp bilýär, gepläp bilýär, hereket edip bilýär, ýaradyp bilýär, Öz halkyny halas edip we üýtgedip bilýär we olaryň dileglerine jogap berip bilýär!
10 – Mysallar:
- Biziň çagalarymyz,
- möhüm ýa-da meşhur adamlar,
- futbol toparlary,
- ölen adamlar,
- telefonlar,
- jaýlar,
- abraýymyz (toparlaýyn söhbetdeşlikde näçe adamyň biziň habarymyzy halandygyny ýa-da jemgyýetçilik mediýada näçeräk halanandygymyzy goşmak bilen).

11 – Biz bu hakda hemişe pikir edýäris, bu hakda hemişe gürleşýäris, ony öwýäris, onuň bilen köp wagt geçirmek isleýäris, muny başaryp bilmesek, gaharymyz gelýär.
12 – Olar azyp, but ýasap, ýamanlyk edip bilerler.
13 – Olar ýer ýüzünden ýok bolarlar, ýok edilerler, halklaryň arasyna dargadylarlar, olar adama, özlerine kömek edip bilmeýän ýasalan hudaýlara ybadat ederler.
14 – Eger olar Hudaýy tutuş ýüregi we jany-teni bilen gözleseler, Ony taparlar. Hudaý olary taşlap gitmez ýa-da ýok etmez. Ol Ybraýym, Yshak we Ýakup bilen eden ähtini ýatdan çykarmaz (Gelip çykyş kitabynda).
15 – Onuň islegi Öz halkyny günälerinden halas etmekdir.
16 – Reb (*Ýahwe*).
17 – Olar Onuň kanunlaryny we buýruklaryny berjaý etmelidirler.
18 – Isa.
19 – Ähli milletlerden bolan adamlara Isanyň bize buýran ähli zatlaryna tabyn bolmaklaryny öwretmeli.

Kanun taglymaty 6-njy sapak:

# **On tabşyryk** (1-nji bölüm)



Bu sapakda biz Hudaýy nädip söýmelidigimiz barada pikirleneris.

## Näme üçin biz tabyn bolýarys?

**Kanun taglymaty 5:1–15-i** okaň.

Ysraýyllar faraonyň gol astynda ejiz gullardy. Olarda özlerini halas etmäge hiç hili güýç ýokdy. Olar halas bolmaga mynasyp hiç zat etmediler. Şeýle-de bolsa, Hudaý olary halas etmegi we olara ýer bermegi saýlady.

Indi olar Hudaýyň tabşyryklaryna boýun bolmalydylar, sebäbi Hudaý olary halas etdi we indi olar Hudaýyň halky boldy. Hudaý olaryň täze Hojaýyny we täze Patyşasydyr!

**6-njy aýady** okaň. Hudaý Öz halkyna On Tabşyryk bermezden ozal näme diýýär? [1]

Hudaý näme üçin beýle diýýär? [2]

Hudaý olaryň täze Hojaýyny we Patyşasydyr!

### Täze Äht

Ysraýyllar ýaly, biz hem halas bolmaga mynasyp hiç zat etmedik. Biz şeýtanyň güýji astynda ýaşaýan ejiz günäkärlerdik. Bizde özümizi halas etmäge hiç hili güýç ýokdy. Şeýle-de bolsa, Isa bizi halas etmegi we bize ebedi ýaşaýyş bermegi saýlady! Indi bizde täze Hojaýyn we Patyşa bar!

Biziň ýagdaýymyz ysraýyllaryň ýagdaýyna nähili meňzeýär? [3]

**Matta 22:37–40-y** okaň.

Biziň täze Hojaýynymyz Isanyň bize tabyn bolmalydygymyz hakda aýdýan iň möhüm iki kanuny haýsylar? [4]

Ajaýyp habar şundan ybarat: Isa bize Onuň kanunlaryna tabyn bolmagymyz üçin Öz Mukaddes Ruhuny berýär!

Indi biz Hudaýyň Musa beren On Tabşyrygyny öwreneris. Bu kanunlaryň Hudaýy we ýakynymyzy söýmek baradaky kanunlara nähili baglydygyny göreris. Şonuň üçin häzirki döwürde hem ähli Isa Mesihe iman edenler bu tabşyryklary berjaý etmelidirler.

# Birinji dört tabşyryk

Birinji dört tabşyryk bize Hudaýy nädip söýmelidigini öwredýär.

**Birinji tabşyryk** näme? (Kanun taglymaty 5:7) [5]

Diňe Hudaý biziň doly wepalylygymyza mynasypdyr.

Eger bizde Hudaýdan has möhüm bir zat ýa-da kimdir biri bar bolsa, bu biziň hudaýymyz ýalydyr.

Biz nädip bu kanuna boýun egmeýäris?

## 1-nji Çagyryş

**Telefonyňyzyň Hudaýdan has möhümdigini ýa-da däldigini barlaň:** Siz dileg edeniňizde ýa-da ýygnakda bolanyňyzda telefonyňyza jogap berýärsiňizmi we täze habarlary okaýarsyňyzmy? Eger siz şeýle edýän bolsaňyz, bu telefonyňyzyň we oňa bolan gatnaşygyňyzyň siz üçin Hudaýa garanda has möhümdigini görkezýär. Telefonyňyza Hudaý bilen wagtyňyzy bölmegine ýol bermäň! Ony sessiz edip goýuň! Ol diňe sizi däl, eýsem ýygnakdaky beýleki ähli adamlary hem biynjalyk edýär!

Biz başga hudaýlara ybadat etmeli däldiris. Başga hudaýlaryň hemmesi ýalan hudaýlardyr.

## Ýalan hudaýlar

- Bir ýalan hudaý, **tanap bilmeýän** hudaýymyzdyr. Ýöne gowy atanyň çagalary bilen wagt geçirmek isleýşi ýaly, Hudaýymyz hem biziň bilen wagt geçirmek isleýär. Biz Ony has gowy tanap bilmegimiz üçin, Ol bize Öz Sözi we Mukaddes Ruhy arkaly gepleýär.

- Başga bir ýalan taňry, biziň üçin bir zat etsin diýip **oňa tölemeli** hudaýymyzdyr. Hudaý üçin bir zat etsek, Ol biziň üçin bir zat etmelidir öýdýäris. Mukaddes Kitap gowy atanyň çagalaryny söýşi ýaly, Hudaýyň eýýäm bizi köp söýýändigini öwredýär. Biz onuň söýgüsini satyn alyp bilmeris, diňe söýgüsine ybadat we boýun bolmak bilen jogap berip bileris.

Käbir adamlar Hudaý özleri üçin bir zat etsin diýip ýygnaga pul bagyş edýärler: Onuň dileglerine jogap bermegini ýa-da has köp pul bermegini isleýärler.



Eger biz Hudaýyň patasyny satyn almaga synanyşsak, bu Onuň biz üçin eden täsin işlerine düşünmändigimizi görkezýär. Bu hakyky Hudaýa däl-de, ýalan hudaýa ybadat edýändigimizi aňladýar.

Hakyky Hudaýa ybadat etsek, Oňa sahylyk bilen bereris. Bu biziň Hudaýy söýýändigimizi görkezýär, sebäbi Ol bize iň gymmatly sowgady berdi: Isa Mesihdäki ebedi ýaşaýşy!

Ýalan hudaýa däl-de, hakyky Hudaýa ybadat etmegimiz üçin elimizden gelýän hemme zady etmelidiris!

**Ikinji tabşyryk** näme? (Kanun taglymaty 5:8–10) [6]

- Köp ýerlerde Hudaýyň ýa-da beýleki hudaýlaryň **adam tarapyndan ýasalan şekilleri bar**. Biz Hudaýa şekil bermeli däldiris. Haýsydyr bir but Hudaýyň şahsyýetiniň täsinligini ýeterlik derejede görkezip bilmeýär — eger biz Hudaýy fiziki görnüşde görkezip bileris öýdýän bolsak, bu Hudaýy gynandyrýar. Bu düýbünden ýalňyş!

  Adam tarapyndan ýasalan butlara ybadat etmekde näme mesele bar? [7]

- Biz dünýäde Hudaýyň keşbini nirede görýäris? (**Gelip çykyş 1:26**) [8]

  **Biz adamlara** — olar prezident, aýdymçy, haja giden adamlar, mollalar, ata-babalarymyz ýa-da başga bir ölen adam bolsun, tapawudy ýok — sežde etmeli däldiris.

## 2-nji Çagyryş

Bizde butlar barmy? Biz özümizi goramak üçin doga-tumar ýa-da erbet gözden saklaýan zatlary dakynýarysmy? Bu biziň üçin but ýalydyr. Bizi diňe Hudaý gorap biler. Hudaýy gynandyrmaň!

Biz haýsy ýollar bilen ikinji tabşyrygy bozýarys? [9]

## *Goşmaça:* çagalardaky erbet netijeler



**9-njy we 10-njy aýatlary** okaň. Biz Hudaýyň 3-nji ýa-da 4-nji nesile çenli jezalandyrjakdygyna haýran galyp bileris. Ýöne bu dünýäniň köp ýurtlarynda bolşy ýaly, köplenç bir öýde ýaşaýan nesilleriň sany. Ene-atasynyň günälerine gatnaşmasa, Hudaý çagalary jezalandyrmaýar. Ýöne adatça olar ene-atasynyň günäsini paýlaşýarlar! Çagalar öz ene-atasynyň edenlerini etmegi dowam edýärler.

Günälerimiz diňe bir biziň durmuşymyzy zaýalaman, eýsem biziň çagalarymyzyň we agtyklarymyzyň durmuşyny hem zaýalaýar. Sizde şoňa mysallar barmy?

Muňa garamazdan, Hudaýyň söýgüsi näçe wagtlap dowam edýär? [10]

> Müň nesle söýgi görkezmek Hudaýyň söýgüsiniň baky dowam edýändigini aňladýar — siz müň nesli sanap bilmersiňiz!

**Üçünji tabşyryk** näme? (Kanun taglymaty 5:11) [11]

**Müsürden çykyş 3:13–14-i** okaň. Musa Hudaýdan adyny soranda, Hudaý Musa näme jogap berdi? [12]

Ýewreýçe Hudaýyň ady "*Ýahwe*" bolupdyr. Köne Ähtde bu Reb ýa-da Biribar hökmünde terjime edilýär.

Musa Hudaýyň adyny bilmekde uly hormata eýe boldy. Adamyň ady we häsiýeti gaty möhümdir. Haçanda kimdir biriniň ady ýa-da häsiýeti barada ýaramaz gürrüňler aýdylanda ýa-da olary ýalňyş ulananlarynda — gaty erbet bolýar.

Hudaýyň ady gymmatlydyr! Ysraýyllar Hudaýyň adyny goramak üçin şeýle bir alada edýärdiler welin, ony seýrek ulanýardylar.

Biz bu tabşyrygy dürli ýollar bilen bozup bilýäris:

- Kenganlylar öz hudaýlarynyň atlaryny ýigrenýänlere garşy **näletde** we jadygöýlikde ulanýardylar. Hudaý ysraýyllara Öz adynyň hiç haçan beýle ulanylmaly däldigini aýtdy. Munuň ýaly amallaryň hemmesi gadagan edilipdi (Kanun taglymaty 18:9–13).

- Hudaýyň adyny nädogry ulanmagyň başga bir usuly, biziň **edýän we aýdýan zatlarymyzdyr**. Resul Pawlusyň aýdyşy ýaly: "*Sen özüňe berlen Kanuna boýsansaň-da, ony bozup, Hudaýyň adyna ysnat getirýärsiň. Şoňa görä-de, Mukaddes Ýazgylarda: «Hudaýyň ady başga milletleriň arasynda siz zerarly harlanýar» diýlip ýazylandyr*" (Rimliler 2:23–24). Eger biz özümizi Hudaýyň halky diýsek, biz muny Oňa we başgalara bolan söýgimiz arkaly görkezmelidiris. Amallarymyz sözlerimize laýyk gelmelidir.

- Mundan başga, adamlar Hudaýyň adyny, esasan işleri başa barmanda nähili nädogry ulanýarlar? [13]

Ýöne işleri gowy bolanda, adamlar Hudaýy öwmeýärler!

Biz Hudaýyň adyny nähili ýollar bilen boş ýere ulanmaly däl? [14]

## *Goşmaça:* Kasamlar

Köne Äht döwründe adamlar kazynyň öňünde hakykaty aýdýandyklaryny görkezmek üçin hudaýlaryň adyndan ant içýärdiler. Kenganlylar hem öz hudaýlarynyň adyndan ant içýärdiler, ýöne olar köplenç ýalan gepleýärdiler.

Hudaý Öz halkyna diňe Öz adyndan ant içmegi we diňe hakykaty aýtmagy buýurdy (Kanun taglymaty 6:13 we 5:20).

Täze Ähtde Isa bize hiç ant içmezligi buýurýar. "*Siziň «hawaňyz» hawa, «ýoguňyz» ýok bolsun. Mundan artygy şeýtandandyr*" (Matta 5:37).

Isa gündelik durmuşymyzda kasamlary ulanmak barada aýdýardy. Biz adamlar bilen gatnaşygymyzda diňe “hawa, ederin” ýa-da “ýok, etmerin” diýmelidiris.

Şeýle-de bolsa, käbir kanuny ýagdaýlarda siz kasam etmeli bolup bilersiňiz (Mysal üçin: kazyýetde ýa-da harby gulluga gitmek üçin gulluga ygrarlydygyňyzy subut etmek üçin). Bu ýagdaýda öz ýurduňyza ýa-da hökümetiňize wepaly boljakdygyňyzy wada bermek günä däldir. Resul Pawlusyň ýazyşy ýaly: “*Her bir ynsan öz üstünden höküm sürýän häkimiýete tabyn bolsun, sebäbi Hudaý tarapyndan bolmadyk häkimiýet ýokdur. Höküm sürýän häkimiýetler Hudaý tarapyndan bellenendir*” (Rim.13:1).

**Dördünji tabşyryk** näme? (Kanun taglymaty 5:12–15) [15]

Adamlara 15-nji aýatda nämäni ýatda saklamalydyklary aýdylýar? [16]

Gullar hemişe işlemeli bolýarlar. Emma Hudaý öz halkyny AZAT etdi, indi olar gul däl! Şonuň üçin olar hiç hili dynç güni bolmadyk gullar ýaly hereket etmeli däl! Her hepdede olar bir gün dynç almak erkinligini baýram edip bellemeli.

Eger biz bir gün dynç alsak, bu biziň öz güýjümize däl-de, Hudaýa bil baglaýandygymyzy görkezýär. Eger biz her gün, hepdede ýedi gün işlesek, bu biziň Hudaýa ynanmaýandygymyzy görkezýär. Biz ähli mätäçliklerimizi kanagatlandyrmak üçin öz güýjümize bil baglaýandygymyzy görkezýäris. Biz Hudaýa bil baglamagy öwrenmeli!

Bu güni ulanmagyň köp gowy usullary bar. Bu mesihiler bilen duşuşmaga, maşgalalarymyz we jemgyýetimiz bilen gowy wagt geçirmäge amatly pursatdyr.

Ýygnak ýolbaşçylary hem her hepdede bir gün dynç almaly. Eger olar ýekşenbe günleri köp işleseler, başga bir gün dynç almaly bolarlar. Adatdan daşary ýagdaý bolmasa, şol gün olara jaň etmeli däldigini hemmelere habar bermeli. Şeýdip, olar özlerini kän yadawlykdan gorap bilerler. Eger olaryň hepdede bir gün dynç alyş güni bolsa, olar öz işini has gowy ýerine ýetirip bilerler.

Biziň Hudaý we adamlar bilen gatnaşyklarymyz işden has möhümdir!

Eger biz Sabat gününi ýatlasak we ony mukaddes saklasak, bu bize Hudaýy söýmäge nähili kömek eder? [17]

## 3-nji Çagyryş

Siz her hepdede işden bir gün dynç alýarsyňyzmy? Eger bu şeýle bolsa, siz muny Hudaý bilen gatnaşyklaryňyzy ösdürmek üçin ulanýarsyňyzmy?

## Siziň pikiriňizçe mesihilere bu dört tabşyrygyň haýsysyna tabyn bolmak has kyn?

## Siz bu üç çagyryşdan haýsysy üçin Hudaýdan kömek soramaly?

## Hudaý size nämede toba etmelidigiňizi görkezdi?

Günälerini Hudaýyň öňünde boýun alýanlaryň hemmesini Onuň muzdsuz bagyşlaýandygy üçin Hudaýa şükürler bolsun! (1 Ýohanna 1:8–9)

*Birek-birege Hudaýyňyz Rebbi **bütin** ýüregiňiz, **bütin** janyňyz-teniňiz we **bütin** akylyňyz bilen söýmegi dileg ediň!* (Kanun taglymaty 6:5)

## Öý işi

Indiki sapakdan öň **Kanun taglymaty 5:16–21-i** okaň.

# Jogaplar

1 – *Seniň gul bolup ýaşan ýurduň Müsürden alyp çykan Hudaýyň Reb Mendirin.*
2 – Sebäbi Hudaý olary halas etdi we indi olar Onuň halky boldy.
3 – Ysraýyllar ýaly, biz hem halas bolmaga mynasyp hiç zat etmedik. Biz şeýtanyň güýji astynda ýaşaýan ejiz günäkärlerdik. Bizde özümizi halas etmäge hiç hili güýç ýokdy. Emma Isa bizi halas etmegi we bize ebedi ýaşaýşy bermegi saýlady! Indi bizde täze Hojaýyn we Patyşa bar!
4 – Hudaýyňyz Rebbi bütin ýüregiňiz, bütin janyňyz-teniňiz we bütin aklyňyz bilen söýüň we ýakynyňyzy özüňizi söýşüňiz ýaly söýüň.
5 – *Seniň Menden başga hudaýlaryň bolmasyn.*
6 – Özüň üçin but ýasama we oňa tagzym etme.
7 – Haýsydyr bir but Hudaýyň kimdigi baradaky täsinligi ýeterlik derejede görkezip bilmeýär — eger biz fiziki görnüşde Ony görkezip bileris öýdýän bolsak, bu Hudaýy gynandyrýar.
8 – Ähli adamlar Hudaýyň keşbidir!
9 – Adam tarapyndan döredilen şekillere ýa-da adamlara (diri ýa-da ölen) ybadat edenimizde, Hudaýyň kimdigi baradaky ýalan pikire çokunanymyzda ýa-da özümizi goramak üçin doga-tumar dakanymyzda ikinji buýrugy bozýarys.
10 – Müň nesil üçin!
11 – *Hudaýyňyz Rebbiň adyny boş ýere agzamaň.*
12 – *Men Biribardyryn.*
13 – Olar işleri başa barmasa, Hudaýy günäkärleýärler (“Eý, Hudaý!”).
14 – Hudaýyň adyny hiç haçan nälet üçin ýa-da jadygöýlikde ulanylmaly däldiris.
Biz günä edip, Hudaýyň adyna ysnat getirmeli däldiris.
Biz Hudaýyň adyny paýyş söz hökmünde ulanmaly däldiris.
15 – Sabat gününi ýatlaň we ony mukaddes saklaň.
16 – Olara özleriniň gul bolandyklaryny we olary Hudaýyň azat edendigini ýatda saklamalydyklary aýdylýar.
17 – Biz Hudaý bilen wagt geçirip, mesihiler bilen duşuşyp bileris.

Kanun taglymaty 7-nji sapak:

# **On tabşyryk** (2-nji bölüm)



**Bu sapagy erkekler we aýallar aýry toparlarda geçmelidir.**

Geçen sapakda biz Hudaýy nädip söýmelidigimizi öwredýän birinji dört tabşyryga göz aýladyk. Aşakdaky 6 tabşyryk birek-biregi nädip söýmelidigimizi öwredýär.

Ilki bilen biz Hudaýy söýmesek (ilkinji 4 tabşyryk), biri-birimizi söýüp bilmeris (soňky 6 tabşyryk).

**Kanun taglymaty 5:16—21-i** okaň.

## Möhümlik tertibi



On tabşyrygyň tertibi bize Hudaý üçin iň möhüm zady görkezýär:

- Hudaý biziň Özi bilen gatnaşygymyza has köp üns berýär.
- Ondan soňky iň möhüm zat, biri-birimiz bilen gatnaşyklarymyz.
- Diňe şondan soň şahsy zatlar biziň üçin möhüm bolmaly.

Emma köplenç bu zatlar **ters** tertipde bolýar:

- Şahsy zatlarymyz biziň üçin hemme zatdan has möhüm bolup durýar.
- Soň bolsa biri-birimiz bilen gatnaşyklarymyz hakda alada edýäris.
- Hudaý bilen gatnaşygymyz hakda alada etmeýäris diýen ýaly!

Eger biz Hudaýyň gymmatly görýän zadyna ýokary baha bersek, bizde rahatlyk we şatlyk bolar. Emma Hudaýyň gymmatlyklaryny tersine öwürsek, hakyky asudalygy we şatlygy hiç haçan edinip bilmeris.

Biziň üçin möhüm bolmaly zatlaryň Hudaý tarapyndan berlen tertibi haýsysy? [1]

**Kanun taglymaty 5:16-ny** okaň. Bäşinji tabşyryk näme? [2]

Çagalar ene-atasyna gulak asmalydyrlar (Efes. 6:1). Uly ýaşlylar öz ene-atasyna hormat goýmalydyrlar (Kanun taglymaty 5:16) we olaryň mätäçliklerini üpjün etmelidirler (1Tim. 5:8).

Ene-atalar çagalaryna hem enä, hem ata gulak asmagy öwretmelidirler. Hem ogullar, hem gyzlar ene-atalaryna gulak asmalydyrlar. Çagalara terbiýäni entäk olar kiçi wagtyndan, gepläp bilmeýän wagtyndan berip başlamaly.

Gowy ene-ata bütin maşgalanyň abadançylygy barada alada edýär, şol sanda çagalaryň hem. Gowy ene-ata bolmak üçin är-aýal biri-birini söýmeli we hormatlamalydyr. Çagalar öz ene-atasyndan görelde alýarlar. Ata hemişe enä gygyrsa, çagalar hem muny etmegi öwrenerler. Ene atany hemişe tankytlasa, çagalar hem muny etmegi öwrenerler.

Bu dünýäde kämil ene-ata ýok! Gynansak-da, ene-atalar çagalaryndan ýalňyş zatlar etmegi talap edýän ýagdaýlar hem bar. Resullaryň işleri 4:19 bize bu babatda näme diýýär? [3]

## Ara alyp maslahatlaşmak

Uly ýaşly imanlylar öz ene-atasyna nähili garamaly eken?

### 1. Pul meselesi:

- Ene-atamyz biziň has köp pul gazanmagymyz üçin hepdede ýedi gün işlemegimizi talap edenlerinde biz näme etmeli?

- Ene-atamyz biziň daşary ýurtlara gitmegimizi we pul gazanyp olara ibermegimizi isleseler näme etmeli?

- Biz üçin wajyp bolmadyk zatlar babatda bizden pul talap etseler, biz näme etmeli?

Biz özümizi nähili duýýandygymyz barada olar bilen aç-açan gürleşip bileris: biz olary söýýäris, ýöne olaryň bizden şeýle köp işlemegimize garaşýandyklaryna we çagalarymyzy köp ýyllap görmeýändigimize gynanýarys.

Olaryň ýaşaýan ýerlerinde puly nähili gazanyp biljekleri barada nähili pikirleri bar?

Mysal üçin:
- Kimdir biriniň iberen harytlaryny satar ýaly, olar kiçijik dükan gurup bilerlermi?
- Kimdir birine özüniň hünärini öwredip bilerlermi?
- Olar işleýän adamlaryň çagalaryna seredip bilerlermi?
- Sizde başga nähili pikirler bar?

### 2. Maşgaladaky sütem barada:

- Eger maşgalanyň bir agzasy beýleki agzasyna erbet daraýan bolsa näme etmeli?

Gowy öý — bu maşgalanyň her bir agzasy üçin howpsyz ýerdir. Özüňizi ýa-da başgalary ezýet çekmekden goramakda utanç ýok.

Eger ýygnagyň agzasy öýde howply ýagdaýa düşen bolsa, ýygnak bu adamy howpsuz ýer bilen nädip üpjün edilmelidigini ara alyp maslahatlaşmalydyr.

**Kanun taglymaty 5:17-ni** okaň. Altynjy tabşyryk näme? [4]

Belki siz bu tabşyrygy hiç haçan bozmadym diýip pikir edýänsiňiz. Emma...

**Matta 5:21–22-ni** okaň. Bu bize kimdir birine gaharlanmak hakda näme diýýär? [5]

## 1-nji Çagyryş

Siziň kimdir birine gaharyňyz barmy? Ýüregiňizi baglaýan gahar zynjyrlaryndan azat bolmak üçin Hudaýdan şol adamy bagyşlamagyňyza kömek etmegini soraň!

Çagany düşürtmegiň hem adam öldürmekdigine düşünmek möhümdir. Agyr bir sebäp bar ýaly görünse-de. Mysal üçin zorlanmagyň netijesinde göwrede çaga galan bolsa-da, ýa-da göwredäki çagada fiziki mesele ýüze çykan bolsa hem çagany düşürtmek günädir.

Çagalar Hudaýyň peşgeşidir. Bize haýsy çagany bermegi saýlan bolsa, bize çaga seretmek üçin ähli merhemetini berjekdigine Oňa ynanmalydyrys.

Eger biz ýa-da ýanýoldaşymyz çagany düşürden bolsa, biz üç zady bilmeli:
- Hudaýyň henizem bizi söýýändigini we bizi bagyşlamaga taýýardygyny.
- Hudaý biziň çagamyzy söýýär we çagamyz jennetde bize garaşýar.
- Hudaý bizi geçmişimiziň günäsinden we ýazygyndan azat etmek isleýär.

Çagaňyzyň ömür tanapyny üzeniňiz üçin ýazykly we gynanç bilen ýaşamaň.

Geliň, bir minut saklanyp, özümiz üçin:
- kimdir birini ýigrenýändigimiz üçin,
- çaga düşürdenimiz üçin.

Bagyşlama sorap, Hudaýa ümsüm doga-dileg edeliň.

Olaryň Hudaýyň söýgüsiniň we bagyşlamagynyň gudratyny açyp bilmekleri üçin dileg ediň!



**Kanun taglymaty 5:18-i** okaň. Ýedinji tabşyryk näme? [6]

Bir erkek bilen bir aýalyň arasynda nikanyň daşyndan edilýän her bir jyns gatnaşygy nädogrydyr.

Hatda ýaş jübütlerem toý etmezden öň öpüşmeli däl we biri-birini ellemeli däl. Efesliler 5:3-de Pawlusyň ýazyşy ýaly, “*Araňyzda azgynlyk, haramlyk edýän bolmasyn*” (Efesliler 5:3).

Ýaş erkege är bolmagy öwrenmek üçin loly aýalyň ýanyna barmak gerek däl. Äriň iň wajyp häsiýeti — aýalyna bolan wepalylygydyr. Şonuň üçin erkegiň loly aýalyň ýanyna gitmegi — **gowy däl** äriň mysalydyr. Munuň bilen är öz aýalyna iň gymmatly toý sowgadyny — öz päkligini berip bilmeýär. Hatda ol öz aýalyny erbet şekilde loly aýal bilen deňeşdirip hem biler. Mundan başga-da ol erkek dermany ýok elhenç kesellige uçrap biler.

Ärler aýaly jynsy gatnaşyk üçin elýeterli däl wagty lolylara gitmeli däldirler. Mysal üçin: çaga dogulandan soň 1-nji aýyň dowamynda, ýa-da aýalyň aýbaşy görýän döwründe, ýa-da aýalyň uzak wagtlap kesellän wagty. Ýa-da är bilen aýal dürli ýurtlarda işleýän wagty. Özüňe erk edip bilmeklik — bu durmuşyňyzda Mukaddes Ruhuň bardygynyň subutnamalarynyň biri bolup durýar (Gal. 5:22–23). Är bilen aýalyň biri-birinden uzak wagtlap aýry galmagy gowy däl (1Kor. 7:5). Şu sebäpli köp nikalar bozuldy. Är we aýalyň wepalylygy bagtly nika üçin zerurdyr. Resul Pawlusyň ýazyşy ýaly: “*Eýsem siz öz bedeniňiziň Isa Mesihiň bedeniniň agzasydygyny bilmeýärsiňizmi? Indi Mesihiň agzasyny alyp, ony bir loly bilen birikdireýinmi? Asla etmen! Eýsem siz özüni loly bilen birikdireniň onuň bilen bir ten bolýandygyny bilmeýärsiňizmi? Çünki Töwratda: «Ikisi bir ten bolýar» diýip ýazylgydyr*” (1 Korintoslylar 6:15–16).

Loly aýalyň ýanyna gitmegiň näme meselesi bar? [7]

Emma Hudaýy diňe hereketlerimiz däl, pikirlerimiz hem gyzyklandyrýar.

**Matta 5:27–30-y** okaň. Bu aýatlar biziň pikirlerimiz hakda bize näme diýýär? [8]

## 2-nji Çagyryş



Biz nähili filmlere we wideolara tomaşa edýäris?

Eger biz erotik filmlere tomaşa etsek, olar şunuň ýaly meseleler döredýär:

- Olar biziň aňymyzy hapa pikirler bilen doldurýar.
- Bu şekiller biziň ýadymyzda hemişelik galyp biler.
- Olar bize nädogry zatlary etmek islegini berýär.
- Olar bizi ýanýoldaşymyzdan nägile bolmagymyza getirýärler we nika gatnaşyklarymyzy bozýar.
- Durmuş gurmazdan öň şeýle filmlere tomaşa etmek geljekki nikamyzy zaýalaýar.
- Bu filmler bizi masturbasiýa etmäge höweslendirýär — bu özbaşdak jynsy lezzet almak. Jyns gatnaşygy — bu diňe är-aýalyň bilelikde hezil etmegi üçin sowgatdyr. Mukaddes Kitap bize öz-özüne erk etmelidigimizi we “ynsan höweslerimizi kanagatlandyrmazlygymyzy” buýurýar (Galatýalylar 5:13).

Siz şeýle görnüşli filmlere tomaşa etmegi bes etmelimi?



Geliň, bir minut saklanyp, Hudaýdan ähli eden jynsy günälerimizi bagyşlamagyny soralyň, biz Hudaýdan öň muny bagyşlamagyny hiç haçan soramandyk.

Geliň, Hudaýdan tomaşa eden erbet zatlarymyz üçin we bu zatlaryň biziň pikirlerimizi zaýalandygy üçin bizi bagyşlamagyny soralyň. Hudaýdan biziň pikirlerimizi we ýüregimizi tämizlemegini soraň.

Hemmämiziň Hudaýyň söýgüsiniň we bagyşlamagynyň gudratyny açyp bilmegimiz üçin dileg edeliň!

Mukaddes Ruhuň güýji bilen biziň hemmämiziň bu zatlara tomaşa etmegi we ýerine ýetirmegi bes etmegimiz üçin dileg ediň.

**Kanun taglymaty 5:19-y** okaň. Sekizinji tabşyryk näme? [9]

Biz bu tabşyrgy haçan ýerine ýetirmeýäris?

Eger biz işimizi dogry tärde ýerine ýetirmän aýlyk alýan bolsak — bu ogurlykdyr. Siziň başlygyňyz size belli bir işi ýerine ýetireniňiz üçin pul töleýär we siz bu işi hiç kim görmese-de dogry tärde ýerine ýetirmegiňiz möhümdir (Efes.6:5–8-e seret).

Kimdir birinden ýa-da ýygnakdan bir zat karz alsak (meselem, tabaklar, polotensalar, kitaplar, oýunjaklar), kimdir biri bize bulary sowgat diýip bermese, biz hökman ol zatlary yzyna gaýtarmalydyrys. Bolmasa, biz bu zatlary ogurlan bolýarys.

Eger biz karz alsak, yzyna gaýtaryp bermeli. Puly yzyna gaýtaryp bilmeýän bolsak, onda karz alan adamymyz bilen gürleşmeli. Karzy nädip yzyna gaýtaryp boljakdygyny olar bilen ara alyp maslahatlaşmalydyrys. Adamlar köplenç ýygnagyň beýleki agzalaryna karz berenlerinde, bergidar yzyna gaýtaryp bilmeýändigi sebäpli ýygnaga gelmegini bes edýär.

Geliň, bir minut saklanyp, Hudaýa aşakdakylar üçin bagyşlamagyny dileg edeliň, eger:

- başlygymyzy aldaýan bolsak;
- bir zatlar ogurlan bolsak;
- ýa-da bergimizi yzyna gaýtaryp bermedik bolsak.



Hudaýdan bize muny basym etmegimize kömek etmegi üçin dileg ediň.

Karz sebäpli bozulan islendik gatnaşyklaryň tiz wagtda dikeldilmegi üçin dileg ediň.

Hudaýyň söýgüsiniň we bagyşlamagynyň gudratyny açyp bilmegimiz üçin dileg ediň!

**Kanun taglymaty 5:20-ni** okaň. Dokuzynjy tabşyryk näme? [10]

Biz başgalar hakda erbet zatlary gürlänimizde, olaryň durmuşyny bozýarys. Edil şonuň ýaly, başgalar hakda gybat edenimizde, olaryň durmuşyny bozýarys. Şeýle-de adamlar özleri hakda erbet zatlar aýdylandygyny bilseler, ýygnaga gelmeklerini bes ederler.



Geliň, bir minut saklanyp, başgalar hakda erbet zatlar geplänimiz üçin bagyşlamagyny sorap, Hudaýa dileg edeliň.

Adamlar hakda gybat edýändikleri sebäpli ýygnaga gelmegi bes edenler üçin doga-dileg ediň.

Mukaddes Ruhuň hemmämiziň üýtgemegimize nädip kömek edip biljekdigini açyp görkezmegi üçin dileg ediň.

Biziň Hudaýyň söýgüsiniň we bagyşlamagynyň ajaýyplygyna eýe bolmagymyz üçin dileg ediň!

**Kanun taglymaty 5:21-i** okaň. Onunjy tabşyryk näme? [11]

"*Göz dikme*" — nähili manyny berýär? [12]

**Ýewreýler 13:5-de** pula bolan garaýşymyzyň nähili bolmalydygy hakda bize näme diýilýär? [13]

Eger biz özümizde bar bolan zatlar bilen kanagatlanýan bolsak:

- Hudaýyň bize beren zatlary üçin minnetdar bolýarys;
- Bizde ýok zat üçin şikaýat etmeýäris;
- başgalarda bar bolup, bizde bolmaýan zat üçin göriplik etmeýäris.

Adamlar haçan elinde bar bolan zatlardan kanagatly bolýarlar? [14]

Köp adamlar her gün ençeme sagatlap işleýändikleri sebäpli çagalaryny az görýärler.

Käbir adamlar bolsa, pul gazanmak üçin daşary ýurda gidýärler we özleriniň maşgalasyny ýyllap görmeýärler.

Eger siz daşary ýurtda işleýän bolsaňyz, pul gazanmak üçin öýüňizden we maşgalaňyzdan näçe wagtlap uzak bolmalydygyňyzy bilmek üçin Hudaýyň paýhasyny sorap dileg etmek möhümdir.

Elmydama indiki zat üçin pul gazanmagy islemek gaty aňsat. Ýöne çagalar üçin iň gymmatly zat, ene-atalarynyň ýanynda bile bolmagydyr. Olara söýgi görkezmek we Rebbiň yzyna nädip eýermelidigini öwretmek üçin olar öz ene-atalaryna mätäç.



Siz näme zatlary köp isleýändigiňizi görkezmegini Rebden soraň.

Bu zatlara bolan islegiň, kararlaryňyza nähili täsir edýändigini görkezmegini Ondan soraň. Bu zatlara eýe bolmak islegiňiz sebäpli kim ejir çekýär?

Bu barada Reb size näme aýtmak isleýär?

# Bagyşlamany nädip kabul etmeli?

**1 Ýohanna 1:8—9-y** okaň.

Eger biz günä etmeýäris diýip pikir edýän bolsak, 8-nji aýat bize näme diýýär? [15]

9-njy aýat nädip bagyşlanyp biljekdigimiz hakda bize näme diýýär? [16]

Elbetde, boýun almak seniň bilen Hudaýyň arasynda edilip bilner. Ýöne ynamdar dostuňyzyň öňünde boýun alsaňyz, munuň durmuşyňyzdaky günäniň güýjüni ýatyrmagyň güýçli usulydygyna göz ýetirersiňiz.

Toparyňyz günäleri boýun almak üçin amatly ýerdir. Emma toparda paýlaşylýan zatlary **başga birine aýtmazlyk üçin gaty seresap boluň.** Biz başgalaryň ynanyp biljek adamlary bolmagy öwrenmelidiris!

## Ara alyp maslahatlaşmak

Ýygnak agzalaryňyzyň boýun bolmagy üçin bu tabşyryklaryň haýsysy iň kyn?

Siziň boýun bolmagyňyz üçin bu tabşyryklaryň haýsysy iň kyn?

**Onuň islegine görä ýaşamagymyza kömek bermegi üçin Öz Mukaddes Ruhuny beren Hudaýa şükürler bolsun!**

**Bu gün Hudaýyň Mukaddes Ruhy bilen dolup täzelenmegiňiz babatda biri-biriňiz üçin dileg ediň!**

## Öý işi

Indiki sapakdan öň **Kanun taglymaty 6-njy baby** okaň.

# Jogaplar

1 – Hudaý biziň Özi bilen gatnaşygymyza has köp üns berýär. Ondan soňky iň möhüm zat, biri-birimiz bilen gatnaşyklarymyz. Diňe şondan soň galan zatlar biziň üçin möhüm bolmaly.
2 – Ata-eneňe hormat goý.
3 – Siz adama däl-de, Hudaýa gulak asmaly.
4 – Adam öldürme.
5 – Eger biz kimdir birine gahar edýän bolsak, biz ony öldüren ýaly bolýarys.
6 – Zyna etme.
7 – Loly aýalyň ýanyna barmak — siziň nikaňyzy, pikirleriňizi we saglygyňyzy zaýalaýar.
8 – Eger bizde hapa pikirlerimiz bar bolsa, bu edil ýaramaz hereket ýaly erbetdir.
9 – Ogurlyk etme.
10 – Ýakynyňyň garşysyna galp şaýatlyk etme.
11 – Hiç bir zada göz dikme!
12 – Bu sözler biz bir zady gaty köp isleýäris diýmegi aňladýar.
13 – Pul söýgüsinden azat bol, özüňde bar bolan zada kaýyl bol.
14 – Hiç haçan! Köp adamlar elmydama köp emläk isleýärler.
15 – Biz özümizi aldaýarys.
16 – Biz günälerimizi Hudaýyň öňünde boýun almalydyrys.

Kanun taglymaty 8-nji sapak:

# Hudaýyňyz Rebbi söýüň



Bu sapakda biz Hudaýa bolan söýgimizi durmuşymyzda nädip görkezmelidigimiz barada öwreneris.

**Kanun taglymaty 6-njy baby** okaň.

## Ýeke-täk Hudaý

4-nji aýat Hudaý hakda näme diýýär? [1]

Asyl ýewreýçede bu aýat şeýle diýýär: "*Ýahwe — biziň Hudaýymyz, Ýahwe birdir*".

Ýewreýçe "bir" sözi — "ehad" diýmekdir. Bu söz birligi aňladýar. Biz bu söze "ehad" ýene şu ýerlerde gabat gelýäris:

- Hudaý Öz halkyna Mukaddes Çadyry gurmak barada görkezmeler berende: "*Altyndan elli sany ildirgiç ýasat we perdeleri ildirgiç bilen biri-birine berkitdir. Şonda çadyr tutuş **bir bitewi** bolar*" diýdi (Müsürden çykyş 26:6).

- Hudaý Ezekiýel pygambere iki ysraýyl halkyny bir millet etjekdigini aýdan wagty şeýle diýdi: "*Olara Hökmürowan Reb şeýle diýýär diý: «Men Efraýymyň elindäki taýagyny Ýusup bilen birleşen ysraýyl tireleriniň taýagyny alyp, Ýahudanyň taýagyna seplärin. Olary bir taýak ederin, Meniň elimde olar **bir** bolarlar»*" (Ezekiýel 37:19).

Käbir adamlar: "Mesihiň yzyna eýerijiler üç Hudaýa sežde edýär" diýýärler. Biziň Hudaýymyz — bir Hudaýdyr. Ýahwe — ýeke-täk hakyky we diri Hudaýdyr. Diňe Ol Hudaýdyr we Ol "birdir". Hudaý Öz halkynyň , Rebden başga hudaýlara ybadat etmegini islemeýär. Edil aýalyň diňe bir äriniň bolşy ýaly, biziň hem diňe bir Hudaýymyz bolup biler. Haýsydyr başga bir zada sežde etmek — bu elhenç biwepalykdyr. Şonuň üçin Kanun taglymaty kitabynyň 6-njy baby şeýle dowam edýär: "*Hudaýyňyz Rebbi tutuş ýüregiňiz, ähli güýjüňiz bilen jan-tenden söýüň*" (5-nji aýat).

Biz näme üçin diňe bir Hudaýa sežde edýäris? [2]

# Biziň ýeke-täk Hudaýymyz üç şahsyýetden ybarat.

Biz Üçbirligi Köne we Täze Ähtlerde görýäris. Mysal üçin:

- **Gelip çykyş 1:26:** Hudaý “meniň” keşbimde däl-de, “biziň” keşbimizde diýýär. Bu bize bir Hudaýymyzyň belli bir derejede birden köpdügini görkezýär.

- **Gelip çykyş 18:22:** Hudaý asmanda we ýerde bar! Elbetde, Ata Hudaý henizem gökdedir. Şeýle-de bolsa, biz Hudaýyň Ybraýym bilen ýerde adamyň adam bilen gürleşişi ýaly gürleşýändigini görýäris. Bu nähili bolup biler? Hudaýyň birdigine, ýöne üç şahsyýetiň birde ýerleşýändigine düşünenimizde, bu düşnükli bolýar. Rebbiň perişdesi hökmünde peýda bolan we “Etjek bolýan işimi Ybraýymdan gizläýinmi?!” diýýän Üçbirlikdäki ikinji adamdy (17-nji aýat). Isa Mesih adam bolup dogulmanka-da, biz Köne Ähtde Üçbirligiň ikinji adamynyň adam ýaly görünýändigini birnäçe gezek görýäris (mysal üçin Gelip çykyş 32:22–31 we Danyýel 3:24–25).

- **Müsürden Çykyş 24:9–11:** Mukaddes Kitap bize hiç kimiň Hudaýy görensoň ýaşap bilmejekdigi barada aýdýar (Müsürden çykyş 33:20). Onda nädip bu adamlar Hudaýy görüp hem, soňra ölmediler? Munuň Üçbirligiň ikinji adamydygyna düşünsek, bu aýdyň düşnükli bolýar. Bir gün Ol adam bolup ýere geler we köpler Ony görer!

- **Matta 22:43–45:** Isa 109-njy Mezmur arkaly Mesihiň — Hudaýdygyny görkezýär. Hudaý bir wagtyň özünde hem ýerdedi, hem gökdedi!

- **Ýohanna 14:16–17-de** Hudaýyň Ogly Isa Ata Hudaýdan şägirtlerine Mukaddes Ruhy ibermegini sorajakdygyny aýdýar. Bu gökdäki Hudaýyň Öz Oglunyň dileglerini diňleýändigini görkezýär. Ol Mukaddes Ruhuny bizde ýaşamak üçin iberdi! Şonuň üçin biz Üçbirligiň ähli üç agzasyny-da bu aýatlarda görýäris.

Täze Ähtde biz Hudaýyň Ata, Ogul we Mukaddes Ruhdan ybaratdygyny öwrenýäris. Hudaý üç şahsyýetiň Birleşmesidir. Üçbirlik — Hudaý hakda düşünmek üçin ajaýyp zat. Bu bize Hudaýyň uzakdaky Hudaý däldigini, tersine, bize has ýakyndygyny görkezýär. Beýik Hudaý älem-jahanyň Hökümdary bolsa-da, Hudaý bizde ýaşaýar!

Näme üçin Hudaýyň — Ata, Ogul we Mukaddes Ruhdan ybaratdygy şeýle ajaýyp? [3]

## *Goşmaça:* Kimiň adyndan?

**Matta 28:18–20-ni** okaň. Biz adamlary kimiň adyndan suwa çümdürýäris? [4]

**Ýohanna 14:13-i** okaň. Biz kimiň adyndan doga-dileg etmeli? [5]

**Ýewreýler 10:19-y** okaň. Näme üçin biz Isanyň adyndan doga edýäris? [6]

Bu nähili ajaýyp artykmaçlyk! Biz Gökdäki Atamyza Isa Mesih arkaly gelip bilýäris.

Kanun taglymaty 6:21 we 23 bize Hudaý hakda näme diýýär? [7]

Diňe Reb Hudaý Ysraýyly Müsürdäki gulçulykdan halas edip bildi. Beýleki hudaýlar olara asla kömek edip bilmediler.

10–12-nji aýatlar bize Hudaý hakda näme diýýär? [8]

Hudaý — sahy Rebdir.

# Hudaýyň halky nähili ýaşamaly?

Bularyň baryna jogap bermek bilen, 5-nji aýatda Hudaý Öz halkyna näme etmegi buýurýar? [9]

Hudaýyň halky diňe Ony söýmelidir! Hiç kim ýa-da başga hiç bir zat olaryň durmuşynda birinji bolmaly däldir. Eger olar Hudaýy söýmeklige garanda başga zady has gowy görýän bolsalar, olar butlara sežde edýärler. Netijede olar Hudaýa boýun bolmagyň berekedinden dadyp bilmezler.

## 1-nji Çagyryş

Köne Ähtde kararlaryň kabul edilýän ýeri **ýürekdir**. Siziň näme etjekdigiňizi ýüregiňiz çözýär. Mysal üçin, Süleýmanyň pähimleri 3:1–3 şeýle diýýär: “*Buýruklarymy kalbyňda sakla. ... olary ýüregiň gatyna ýazyp goý*”.

Biz edýän kararlarymyzda Hudaýy razy etmegi gözleýärismi?

- Siz her gün işe gitmezden ozal Hudaýyň Sözüni okamagy we doga etmek kararyna geldiňizmi?
- Işe ýa-da dostlaryňyz bilen duşuşmagyň ýerine ýygnaga gitmek kararyna geldiňizmi?
- Sizi öýüňizde ýa-da iş ýeriňizde gaharlandyrýan adam üçin doga etmek kararyna geldiňizmi?
- Öz telefonyňyzda oturmagy halaýan bolsaňyz hem, munuň ýerine başgalara hyzmat etmek kararyna geldiňizmi?
- Telefonda we telewizorda diňe gowy zatlara seretmek kararyna geldiňizmi?

*Hudaýyňyz Rebbi tutuş **ýüregiňiz** bilen söýüň!*

Köne Ähtde biziň **janymyz** biziň isleglerimizi we duýgularymyzy görkezýän ýerimizdir. Mysal üçin, *Rebbe alkyş aýt, eý, meniň janym!* (Zebur 102:1)

Biz isleýän zatlarymyzda Hudaýy razy etmegi we hormatlamagy gözleýärismi?

Biz has köp nämäni gözleýäris:

- köpräk pul gazanmagymy ýa-da Hudaýyň ýygnagy bilen gatnaşmagy?
- köpräk pul gazanmagymy ýa-da äriňiz/aýalyňyz we çagalar bilen bile wagt geçirmegimi?
- sosial mediadan soňky habarlary eşitmegimi ýa-da Hudaýyň Sözüni eşitmegi?
- imansyz biri bilen durmuş gurmakmy ýa-da imanly birine garaşmakmy?
- gaharly wagtymyz muny derrew töweregimizdäkilere görkezmekmi ýa-da özümize erk etmekmi?

*Hudaýyňyz Rebbi ... ähli **güýjüňiz** bilen ... söýüň.*

**Güýç** sözi biziň Hudaýy nä derejede söýmelidigimizi aýratyn nygtaýar!

*Hudaýyňyz Rebbi* ***tutuş*** *ýüregiňiz,* ***ähli*** *güýjüňiz bilen* ***jan-tenden*** *söýüň!*

Biz kimiň göwnünden turmak isleýäris: özümiziňmi ýa-da Hudaýyň?

Hudaýa bolan söýgi Hudaýdan gorkmagy hem öz içine alýar, ýöne Wada berlen Kengan ýurdunda sežde edilen başga hudaýlardan gorkmagy däl!

**13–17-nji aýatlarda** ysraýyllara Hudaýdan gorkmak barada näme diýilýär? [10]

Edil şunuň ýaly biz hem adamlardan we olaryň näletlerinden gorkmaly däldiris. Biz başgalar bilen pal açmaga, "keramatly" adama zyýarat etmäge ýa-da mazarlaryň üstünde doga-dileg etmäge gitmeli däldiris.

## **Masada bolan waka** (Kanun taglymaty 6:16)

Ysraýyl halky Musa bilen Hudaýa gaharlandylar. Halk örän suwsady. Hudaýyň olary suw bilen üpjün etjekdigine ynanmadylar. Olar Musany daşlamaga taýyar diýen ýalydylar. Hudaýyň şeýle köp gudratlar görkezendigine garamazdan, olar Hudaýyň hakykatdanam özleri bilendigine şübhelendiler. Hudaýyň olara gahary gelendigi geň däldir! (Müsürden çykyş 17:1–7)

Bu aýatlarda olar Hudaýy nädip synaga salyp bildiler? [11]

Biz häzirki günlerde nädip Hudaýy synaga salýarys? [12]

**Kanun taglymaty 6:6–9-y** okaň.

> "***Meniň bu günki buýurýan şu sözlerimi ýüregiňizde saklaň***". — bu buýruklar biziň edýän ähli kararlarymyza täsir etmelidir!

Ysraýyllar Hudaýyň buýruklaryny ýüreklerinde saklamak üçin näme etmeli? [13]

# 2-nji Çagyryş

Biz Hudaýyň sözüni ýüregimizde nädip saklap bileris? [14]



Biz çagalarymyza Hudaýyň sözüni nädip öwredip bileris? [15]

**Hudaýyň sözüni bellik hökmünde eliňize dakyň:** biz ähli işlermizi ellerimiz bilen edýäris. Şonuň üçin Hudaýyň sözleri ellerimiz bilen edýän her bir işimize ýol görkezmeli.

## 3-nji Çagyryş

Ellerimiz bilen edip biljek gowy zatlarymyza mysal getiriň. [16]

Bize hemişe Hudaýdan: "Bu ýagdaýda men Saňa nähili hyzmat edip bilerin?" diýip soramak gowudyr.

Ellerimiz bilen edip biljek erbet zatlarymyza mysal getiriň. [17]

Öz-özüňe "Isa näme ederdi?" diýen soragy bermek peýdalydyr.

**Hudaýyň sözüni maňlaýyňyza nyşan edip daňyň.** Bu Hudaýyň sözüniň biziň nirä gitmelidigimizi görkezmelidigini aňladýar. Hudaýyň Sözüni yhlas bilen öwrensek, biz Hudaýyň biziň nirä gitmegimizi isleýändigi we nirä gitmegimizi islemeýändigi hakda has köp öwreneris.

## 4-nji Çagyryş

Biziň gitmeli ýerlerimize käbir mysallar getiriň. [18]

Biziň gitmeli däl erbet ýerlerimize käbir mysallar getiriň. [19]

**Hudaýyň sözüni jaýyňyzyň gapylarynyň söýelerine .... ýazyp goýuň:** Bu biziň öýümizde ýaşaýan, ýa-da biziň öýümize gelýän her kim biziň Hudaýy söýýändigimizi bilmekleri üçin elimizden gelýän hemme zady etmelidigimizi aňladýar.

## 5-nji Çagyryş



Siziň öýüňizde ýaşaýan ýa-da siziň öýüňize gelýän her kim sizi Hudaýy söýýändigiňizi bilmegi üçin siz näme edip bilersiňiz? [20]

Hudaýyň Sözüni ýatlap durmak üçin olary öýdäki görnükli ýerde asmak gowudyr.

Aýatlary ýüz görülýän aýnanyň ýa-da gapynyň ýokarsynda goýsak, olara tiz-tizden seredip bileris.

Siz diwaryňyzda bolmagy gowy boljak käbir aýatlara mysal getirip bilersiňizmi? [21]

Siz durmuşyňyzda we öýüňizde Hudaýyň sözüniň has möhüm bolmagy üçin näme edip bilersiňiz?

**Olary... derwezelerine ýazyp goýuň:** şol döwürlerde şäheriň derwezeleri wajyp ýer hasaplanýardy. Bu ýerde ýaşulular üýşüp wajyp işler barada maslahat edýärdiler we möhüm işleri çözýärdiler. Bu edil bu günki şäher maslahatyna meňzeýärdi (**Rut 4:1–4-e** seret).

Şeýlelikde, Hudaýyň tabşyryklary şäher ýaşaýşyna hemme tarapdan täsir edip bilmegi üçin, bu buýruk Hudaýyň adamlaryna degişlidi.

Bu gün Hudaýyň halky diňe bir milletden ybarat däl. Hudaýyň halky dünýäniň her tarapynda bar. Dünýäniň her künjeginde olar öz jemagatynyň bähbidi üçin zähmet çekýärler: garyplara kömek edýärler; bosgunlara we gelmişeklere kömek edýärler; ýetimlere kömek edýärler; tussagdakylaryň ýanyna görmäge gidýärler; aýallara jyns gulçulukdan gaçyp gutulmaga kömek edýärler; maýyplara hyzmat edýärler; erbet endikli adamlara bu endiklerini taşlamaga kömek edýärler; seýilgählerde hapa ýygnamak,we ş.m. işleri edýärler.

Hudaýyň halky — bu söýgä baý adamlardyr: olar özlerine meňzemeýän ýa-da özlerine ýowuz daraýan adamlary söýýärler. Hudaýyň halky bu adamlara sowgatlar berýärler we olar kömege mätäç wagty olara kömek edýärler (Rim.12:14–21)

## 6-njy Çagyryş

Siz Hudaýyň söýgisini öz ýaşaýan ýeriňizde nädip görkezip bilersiňiz?

### Bu gün biz Hudaý hakda näme öwrendik?

### Bu sapagyň netijesinde siz durmuşyňyzda nämeleri üýtgetmekçi?

## Öý işi:

Indiki sapaga başlamazdan ozal **Kanun taglymaty 7:1–11-i** okaň we başdaky iki diagrammany dolduryň (5 we 6-njy soraglar). Topardakylar duşuşan wagty öz jogaplary barada paýlaşyp bilerler.

# Jogaplar

1 – Reb ýeke-täkdir.
2 – *Ýahwe* — ýeke-täk diri we hakyky Hudaýdyr. Ondan başga haýsydyr bir zada, ýa kimdir birine sežde etmek — elhenç biwepalykdyr.
3 – Hudaý uzakda däl, tersine, bize has ýakyndyr. Hudaý älem-jahanyň Hökümdary bolsa-da, Ol bizde ýaşaýar!
4 – Biz adamlary Ata, Ogul we Mukaddes Ruhuň ady bilen suwa çümdürýäris.
5 – Isa Mesihiň adyndan.
6 – Biz Ata Hudaýa diňe Isanyň adyndan doga edip gelip bilýäris, sebäbi biz Isanyň gany arkaly tämizlendik.
7 – Hudaý ysraýyllary Wada berlen ýere getirmek üçin Müsürdäki gulçulykdan halas etdi.
8 – Hudaý Wada berlen toprakda olaryň zerurlyklaryny bol-elin üpjün etjek sahy Hudaýdyr.
9 – Olar Ony tutuş ýüregi, ähli güýji bilen jan-tenden söýmeli.
10 – Olar Ondan gorkmaly, diňe Oňa hyzmat etmeli, Onuň adyndan kasam etmeli, beýleki taňrylara eýermeli däl we diňe Onuň kanunlaryna boýun bolmaly.
11 – Olar Hudaýyň olary zerur zatlar bilen üpjün etjekdigine ynanmadylar we gaharlandylar.
12 – Hudaýyň bizi ähli zerur zatlar bilen üpjün etjekdigine ynanman zeýrenen wagtymyzda.
13 – Ysraýyllar Hudaýyň sözlerini ýüreklerinde saklamak üçin olary öz çagalaryna öwretmelidiler we günüň dowamynda bu hakda gürleşmelidiler. Şeýle hem olar Onuň sözlerini öz ellerinde, maňlaýlarynda, gapylarynda we derwezelerinde ýazmalydylar.
14 – Biz Hudaýyň sözüni okamaly, öwrenmeli, ol barada pikirlenmeli we oňa boýun bolmaly, şonda bu bütin günüň dowamynda biziň ähli kararlarymyza özüniň täsirini ýetirýär.
15 – Biz çagalarymyza Mukaddes Kitaby ýa-da çagalar üçin Mukaddes Kitaby okap bermelidiris. Biz öwgi nagmalaryny aýtmalydyrys. Biz ýolda barýarkak, Mukaddes Kitapdan wakalary gürrüň bermelidiris. Olara Hudaýyň dileglerimize nähili jogap berýändigini aýtmalydyrys we goý, olar Isanyň durmuşymyza her minutda nähili üýtgeşiklik getirýändigini görsünler!
16 – Sowgat bermek; kynçylyk çekýän başgalara ruhlandyryjy habarlar ýazmak; öýde, ýygnakda we jemgyýetimizde hyzmat etmek we kömek etmek.
17 – Ogurlamak, urmak, kömek etmezlik (ýaltalyk), telefonymyzdaky erbet zatlara seretmek, zir-zibilleri ýere zyňmak.
18 – Ýygnaga gitmek, ýarawsyz adamy ýa-da garyndaşyny ýitireni görmäge gitmek, ýa-da kimdir birine Isa hakda gürrüň bermek.
19 – Kinoteatrda, telewizorda ýa-da telefonda wagşy ýa-da erotik filmleri görmekden saklanmak, ýygnaga gitmeli wagty işe gitmezlik. Dostlaryňyň erbet işler etjekdigini bilýän bolsaň, olaryň ýanyna gitme!
20 – Iň esasy zat, olar Hudaýyň söýgüsiniň şöhle saçýandygyny siz arkaly görüp bilsinler. Nahardan öň doga ediň. Hudaý barada we Onuň siziň dogalaryňyza jogap berendigi barada aýdyp beriň. Adamlar öýüňizi terk eden mahaly, olar üçin bereket sorap doga ediň. Şeýle hem siziň öýüňizde Hudaýyň sözünden aýatlar bar bolsa, bu adamlara Hudaýyň sözüniň siziň üçin möhümdigini görkezer.
21 – Mysallar:
- Ýewreýler 13:6
- 2 Korintoslylar 12:9
- Zebur 22
- Süleýmanyň pähimleri 3:5 we 6
- Zebur 40:1–3

## Kanun taglymaty 9-njy sapak:

# Ýeri basyp almak!



Bu sapakda biz 5 sorag usulyny ulanarys. Bu soraglar bize nähili ajaýyp Hudaýymyzyň bardygy hakda we Onuň biziň üçin eden işleri hakda has köp pikirlenmäge kömek eder!

**Kanun taglymaty 7:1—11-i** okaň.

## Kengan halkynyň weýran bolmagy

Kengan topragynda ýaşaýan adamlar erbet adamlardy. Olar öz hudaýlaryna gurbanlyk hökmünde ogul-gyzlaryny oda ýakýardylar (Kanun taglymaty 12:31). Hudaý bu halklary günäleri sebäpli ýok etmek isledi.

Hudaý Öz halkynyň bütin dünýä görelde bolmagy üçin, olara Kengan topragyny bermek isledi. Olar hemmelere nädip dogry ýaşamalydygyny görkezmelidiler. Soňra beýleki adamlar Hudaýyň nähili beýik we paýhaslydygyny görerdiler we Hudaýyň nädip göwnünden turmalydygyny bilerdiler.

Bu adamlaryň weýran bolmagy dünýä taryhynda üýtgeşik we gaýtalanmajak waka boldy. Häzirki wagtda biz bu wakany görelde hökmünde haýsydyr bir ýurdy basyp almak üçin ulanmaly däldiris.

Kenganda ýaşan erbet adamlaryň ýok edilmegi, öz Ýaradanyna garşy gozgalaň edip ýaşaýanlara **duýduryşdyr**. Dünýäniň ahyrynda Hudaý ähli adamlary höküm eder we Ol ähli pisligi ýok eder.

Hudaý Ybraýyma we onuň nesillerine beren wadasyny ysraýyllary Wada berlen ýere getirmek bilen ajaýyp ýerine ýetirdi. Bu bize Hudaýyň Öz ähli halky üçin taýýarlan **ebedi Wada berlen topragy hem ýatladýar.** Ýakyn wagtda Isa gaýdyp gelip, halkyny Täze Iýerusalime alyp gider! Bu ýer ajaýyp bolar, ol ýerde ne ölüm, ne-de ýas, ne agy, ne-de agyry bolar! (Aýanlyk 21:4)

Näme üçin Kengan ýurdunda ýaşaýan adamlar ýok edilmelidiler? [1]

Kengan ýurdunda ýaşaýan erbet adamlaryň ýok edilmegi bize näme hakda duýduryş berýär? [2]

Wada berlen ýer bize häzirki wagtda nämäni ýatladýar? [3]

**Ýohanna 3:16–17-ni** okaň. Biz nädip ol ýere gidip, ebedi ýaşap bileris? [4]

# Parçany öwrenmek

Ine, Mukaddes Kitabyň islendik parçasyny öwrenmek üçin biziň ulanyp biljek 5 soragymyz:

1. Bu parça bize Hudaý (Ata, Ogul we Mukaddes Ruh) hakda näme diýýär?
2. Bu parça bize adamlar hakda näme diýýär?
3. Munda:
   - boýun bolmak üçin buýruk,
   - diňlemek üçin duýduryş,
   - ýa-da görelde almak üçin bir mysal barmy?
4. Hudaý bu parçadan size näme öwretdi?
5. Siz muny kim bilen paýlaşyp bilersiniz?

Geliň, bize Kanun taglymaty 7:1–11-i öwrenmäge kömek etmegi üçin, bu soraglaryň her birine öz gezeginde jogap bereliň.

# 1. Bu aýatlar bize Hudaý (Ata, Ogul we Mukaddes Ruh) hakda näme diýýär? [5]

Bu diagrammany dolduryň, soňra diagrammany 5-nji soraga teklip edilen jogaplar bilen deňeşdiriň.

Goşmaça berlen sütüniň içine özüňiziň bilýän Täze Ähtden şol bir zatlar barada aýdýan aýatlary ýazyp bilersiňiz.

Siz muny eýýäm öý işi hökmünde ýerine ýetiren bolsaňyz, bu barada sapakda paýlaşyp bilersiňiz.

| 7:1–11 aýatlar | Biz Hudaý hakda näme öwrenýäris? | Injilde salgylanmalar |
|---|---|---|
| | | |
| | | |

| | | |
|---|---|---|
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |

## 2. Bu aýatlar bize adamlar hakda näme aýdýar? [6]

Bu diagrammany dolduryň, soňra diagrammany 6-njy soraga teklip edilen jogaplar bilen deňeşdiriň.

| 7:1–11 aýatlar | Adamlar hakda näme öwrenýäris? | Injilde salgylanmalar |
|---|---|---|
| | | |
| | | |
| | | |

Köne Äht Hudaýyň halkyny Täze Ähtde geljek Mesihe taýýarlady. Täze Äht bize Hudaý we adamlar barada, edil Köne Ähtdäki ýaly, şol bir zady öwredýär. Olar üýtgemediler. Adamlar diňe Mukaddes Ruhuň güýji arkaly Hudaýyň halaýan mukaddes adamlaryna öwrülip bilýärler!

Biz 3-nji soraga jogap bermezden ozal kontekst hakda pikirlenmeli!

## Konteksti ýadyňyzda saklaň!



Biz Köne Ähti öwrenenimizde, biz **haçdan soň**, ýagny Isanyň ölüminden we direlmeginden soň ýaşaýandygymyzy ýadymyzdan çykarmaly däldiris. Bu bolsa şuny aňladýar:

- Isa Hudaýyň ähli buýruklaryny doly ýerine ýetirdi we biziň günälerimiz üçin iň gowy gurbanlyk boldy. Häzir Ol bize täze buýruklar bilen Täze Äht berdi.
- Bu gün fiziki taýdan wada berlen ýer ýok. Biziň söweşmeli ýerimiz ýok. Imanlylar belli bir ýerde ýaşamaýarlar, olar dünýäniň her ýurdunda ýaşaýarlar! Biziň hemmämiz Isanyň bizi Özi bilen wada berlen ýurda — Täze Iýerusalime — ebedi ýaşamak üçin alyp gitjek gününe garaşýarys.

Şeýlelikde, biz Köne Ähtde Hudaýyň buýruklaryny okanymyzda, özümizden şuny soramalydyrys: Täze Äht bu buýruklar hakda näme diýýär?

# 3. Munda Hudaýyň adamlaryna boýun bolmak üçin buýruk, diňlemek üçin duýduryş ýa-da görelde almak üçin bir mysal barmy? [7]

Bu diagrammany dolduryň, soňra diagrammany 7-nji soraga teklip edilen jogaplar bilen deňeşdiriň.

| 7:1–11 aýatlar | Buýruk, duýduryş, mysal | Biz bu gün muny ýerine ýetirmelimi? | Näme üçin? Täze äht bu buýruk hakda näme diýýär? |
|---|---|---|---|
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |

Iki wajyp punkt:

1. Bir mesihi mesihi däl bilen durmuş guranda, adatça, mesihiniň durmuşy ähli tarapdan kynlaşýar. Köplenç mesihä ýygnaga gitmäge ýa-da çagalaryna nädip Isanyň yzyna eýermelidigini öwretmäge rugsat berilmeýär. Är-aýalyň arasynda köp jedeller ýüze çykýar. Netijede mesihiniň ýüregi Hudaýa garşy sowamagy aňsatlaşýar.

2. Biz özümizi beýleki hudaýlara ybadat etmäge höweslendirýän islendik zatdan azat bolmalydyrys. Mysal üçin, göz monjuklar we beýleki doga-tumarlar, goroskoplar, beýleki dinlere uýýanlaryň mukaddes hasaplaýan islendik kitabyndan aýatlar. Elbetde, siz öýüňizde hojaýyn bolmasaňyz, bu zatlardan dynmak mümkin däl bolýar. Öý-içeriňiz bu zatlaryň Hudaýy gaharlandyrýandygyna düşünmegi üçin doga-dileg ediň.

Biziň häzirki wagtda Köne Ähtiň ýene haýsy kanunlaryny ýerine ýetirmelidigimiz barada biz indiki sapakda öwreneris.

# 4. Hudaý bu aýatlardan size näme öwretdi?

# 5. Men muny kim bilen paýlaşyp bilerin?

## Öý işi:

Şu hepdäniň dowamynda her gün Kanun taglymaty kitabyndan bir bölümi okaň we 5 soraga jogap beriň:

1. 7:12–26
2. 8:1–20
3. 9:1–6
4. 9:7–29
5. 10;1–11
6. 10:12–22
7. 11:1–32

## Jogaplar

1 – Olar örän ýaramaz bolandyklary üçin ýok edilmeli boldular.
2 – Dünýäniň ahyrynda ähli adamlar höküm ediler we pis adamlar jezalandyrylar.
3 – Wada berlen Ýer bize Hudaýyň Öz halky üçin taýýarlan ebedi Wada berlen ýeri — Täze ýaradylyşy ýatladýar!
4 – Isanyň bizi halas edip, bize ebedi ýaşaýyş berip biljekdigine ynanmak arkaly.
5 –

| Aýat | Biz Hudaý hakda näme öwrenýäris? | Injilde salgylanmalar |
|---|---|---|
| **1-nji aýat** (birinji bölüm) | Hudaý Öz halkyna täze öý bermekçi boldy: Kengan ýurdyny. | *Emma biz Hudaýyň wadasyna esaslanyp, dogrulygyň mekany bolan täze asmana we täze ýere garaşýarys.* (2 Petrus 3:13) |
| **1–2-nji, 10-njy aýatlar** | Hudaý Özüne garşy çykýanlary ýok eder. | *Rebbimiz Isa Hudaýy tanamaýanlary we Özi baradaky Hoş Habara gulak asmadyklary jezalandyrar. Olar Rebbiň huzuryndan we Onuň gudratynyň şöhratyndan mahrum edilip, baky heläkçilik jezasyny çekerler...* (2 Salonikliler 1:8–9) |
| **6-njy aýat** | Hudaý belli adamlary Özüne degişli etmek üçin saýlaýar. | *Emma siz beýle dälsiňiz, çünki siz saýlanyp-seçilen halksyňyz.* (1 Petrus 2:9) |
| **7–8-nji aýatlar** | Hudaý Öz halkyny şeýle bir söýdi, şonuň üçin olary halas etmegi saýlady. Halk bu söýgä asla mynasyp däldi! | *Hudaý dünýäni örän söýendigi sebäpli Özüniň ýeke-täk Ogluny berdi. Ol muny Ogluna iman edenleriň hiç biri heläk bolman, baky ýaşaýşa gowuşmagy üçin etdi.* (Ýohanna 3:16) |
| **8–9-njy aýatlar** | Hudaý, näçe wagt geçenine garamazdan, Öz wadalaryny ýerine ýetirýär! Ol Gelip çykyş kitabynda Ybraýyma, Yshaga we Ýakuba beren wadasyny ýerine ýetirdi. | *Biz häzir size Hoş Habary yglan edýäris: Hudaý Isany ölümden direldip, Öz perzentleri bolan biziň üçin ata-babalarymyza beren wadasyny berjaý etdi.* (Resullaryň işleri 13:32–33) |
| **9–10-njy aýatlar** | Hudaý Özüni söýýänlere söýgi ähtini berjaý etmek üçin wepalydyr, ýöne Özüni ýigrenýänleri ýok eder. | *Eýsem bizi Isa Mesihiň söýgüsinden kim aýryp biler?* (Rimliler 8:35)<br><br>*... Ine, häzirki ýer bilen asman bolsa Hudaýyň sözi bilen saklanyp, hudaýsyz adamlaryň höküm we heläk ediljek gününe çenli ot üçin taýýar dur.* (2 Petrus 3:7) |

6 –

| Aýat | Adamlar hakda näme öwrenýäris? | Injilde salgylanmalar |
|---|---|---|
| **6-njy aýat** | Hudaýyň halky Hudaý üçin mukaddesdir (päk hökmünde aýry goýlandyr). | *Emma siz beýle dälsiňiz, çünki siz saýlanyp-seçilen halksyňyz. Siz patyşanyň ruhanylary,* ***mukaddes millet****, Hudaýa degişli halksyňyz.* (1 Petrus 2:9) |
| **7–8-nji aýatlar** | Hudaýyň Öz halkyna rehim etmegi düýbünden olaryň mynasyplygy üçin däldir. Hudaýyň halky Hudaýyň olara görkezen söýgüsine we rehimine mynasyp bolmak üçin hiç zat etmediler. | *Emma günälerimiz sebäpli öli hem bolsak, merhemete baý Hudaý Özüniň çuňňur söýgüsini görkezip, bizi Mesih bilen bilelikde direltdi.* (Efesliler 2:4–5) |
| **8-nji aýat** | Olar halas edildi (gulçulykdan yzyna satyn alyndy). | *Mesih biziň üçin nälet bolmak bilen bizi kanunyň näletinden halas etdi.* (Galatýalylar 3:13) |

7 –

| Aýat | Buýruk, duýduryş, mysal | Biz bu gün muny ýerine ýetirmelimi? | Näme üçin? Täze äht bu buýruk hakda näme diýýär? |
|---|---|---|---|
| **2-nji aýat** | Hudaý olara Kengan topragynda ýaşaýan we başga hudaýlara sežde edýän ähli adamlary öldürmegi buýurýar | Ýok! | Hudaý bize duşmanlarymyzy söýmegi aýdýar. (Matta 5:43–44)<br><br>*Biziň hakyky duşmanymyz iblisdir* (1 Petrus 5:8) Elbetde, biz ony söýmeli däldiris. |
| **3-nji aýat** | Hudaý Öz halkyna Öz halkyndan bolmadyklar bilen durmuş gurmazlygy tabşyrýar (diýmek, olar başga Hudaýlara sežde edýän adamlar bilan nikalaşmaly däl). | Hawa | *Iman etmedikler bilen bir boýuntyryga girmäň! Dogrulygyň pislik bilen näme şärikligi bar? Ýa-da nur bilen tümlügiň näme umumylygy bar?* (2 Korintoslylar 6:14)<br><br>*Aýal äri ölýänçä, oňa baglydyr. Äri ölse, öz islänine barmaga ygtyýarlydyr. Ýöne onuň barjagy Rebbe iman edýän bolmalydyr.* (1 Korintoslylar 7:39) |

| | | | |
|---|---|---|---|
| **5-nji aýat** | Ysraýyllar olaryň gurbanlyk sypalaryny döwmeli, mukaddes daşlaryny ýumurmaly, Aşera sütünlerini çapmaly we butlaryny oda ýakmaly. | Hawa | *Jadygöýlik bilen meşgullanýanlaryň ençemesi kitaplaryny üýşürip, hemmäniň gözüniň alnynda ýakdylar. Olaryň bahasyny hasaplanlarynda, elli müň kümüş teňňe çykdy.* (Resul.19:19) |
| **11-nji aýat** | Hudaýyň Musa beren buýruklaryny, kararlaryny we kanunlaryny yhlas bilen ýerine ýetirmek üçin alada ediň. | Hawa! Hudaýyň halky Täze Ähtde bar bolan Hudaýyň ähli buýruklaryna boýun bolmalydyr. Olaryň hemmesi “Hudaýy söý we ýakynyňy söý” diýen kanunlarda jemlenendir. | *Maňa Töwrat bilen pygamberleriň ýazgylaryny bozmaga gelendir öýtmäň. Men bozmaga däl-de, olary amala aşyrmaga geldim* (Mat 5:17).<br><br>*Isa oňa şeýle jogap berdi: “Hudaýyňyz Rebbi tutuş ýüregiňiz, ähli düşünjäňiz bilen jan-tenden söýüň. Şu birinji we iň uly tabşyrykdyr. Ikinjisi bolsa şunuň ýalydyr: «Ýakynyňy özüňi söýşüň ýaly söý». Tutuş Töwrat bilen pygamberleriň ýazgylary şu iki tabşyryga baglydyr”* (Mat. 22:37–40). |

## Kanun taglymaty 10-njy sapak:

# Hudaýyň kanunlary



Bu sapakda biz Hudaýyň kanunlarynyň näderejede ajaýypdygyna has aýdyň göz ýetireris.

Biz 12–26-njy baplarda Hudaýyň Musa beren kanunlaryny we görkezmelerini okaýarys.

Eger siz heniz bu baplary okamadyk bolsaňyz, şu hepdäniň dowamynda olary okamaga çalşyň.

**Kanun taglymaty 26:16–19-y** okaň.

Hudaý Öz halkyna bu kanunlar bilen näme etmegi buýurýar? (16-njy aýat) [1]

Hudaý adamlaryň ýarym ýürekden tabyn bolmagyndan razy däl. Ol Öz halkynyň Oňa doly tabyn bolmakdan aljak şatlygyny bilmeklerini isleýär! Adamlaryň Hudaýy we birek-biregi söýmegi üçin ähli kanunlar berildi.

Kanunlara tabyn bolmak kyn we olara boýun bolsak durmuşymyz ýakymsyz bolar diýip pikir etmek aňsat! Emma hakykatdanam boýun bolmak şatlyk we hormat getirýär!

Biz şu aşakdaky aýatlardan Hudaýyň kanuny barada näme öwrenýäris:

**Zebur 18:9?** [2]

**Zebur 118:97–99?** [3]

## Kanun taglymatyndaky kanunlar

Kanun taglymatyndaky kanunlar Wada berlen ýerde Hudaýyň halky üçin durmuşyň dürli taraplaryny öz içine alýar. Ine, olaryň käbirleri:

- Hudaýa nirede ybadat etmeli;
- halal we haram iýmitler;
- gazanjyňyň ondan birini bermek;
- baýramçylyklary bellemek;

- patyşanyň wezipesi;
- Hudaýyň göwnünden turmak üçin nähili söweşmeli;
- nika we jynsy päklik.

# Hudaýyň Kanunlary

## Hudaýa nirede ybadat etmeli?



Ysraýyllar Hudaýa diňe Hudaýyň olara görkezjek ýerinde ybadat edip bilýärler (Kanun taglymaty 12:1–14). Bu kenganlylaryň köp ýerlerde köp hudaýlaryna ybadat edişlerinden düýpgöter tapawutlydy. Hudaý ýeke-täk bolandygy üçin, Oňa diňe bir ýerde sežde edilmelidi.

Ysraýyllar çölde ýaşap ýörkäler, Hudaýa Mukaddes çadyrda ybadat etdiler. Bu çadyr olar bir ýerden başga ýere göçenlerinde, olar bilen syýahat edýärdi (Müsürden çykyş 25–27-nji baplar).

Olar Wada berlen ýerde mesgen tutanlaryndan soň, Süleýman ajaýyp ybadathana gurdy. Bu ybadathana Hudaýyň Öz halky bilen duşuşjak ýeri bolmalydy (1 Patyşalar 6–8-nji baplar).

Hudaýa ybadat etmek Hudaýyň halky üçin iň möhüm zat bolup durýar!

Ysraýyllaryň Hudaýa nirede ybadat etmelidigi barada kanun näme diýdi? [4]

## Iýmit

Ysraýyllar etiň käbir görnüşlerini iýmeli däldiler (Kanun taglymaty 14:1–21). Bu olaryň mukaddesdigini, ýagny Hudaý üçin aýratyn halkdygyny görkezýän alamat bolmalydy. Olar butparazlar ýaly ýaşamaly däl we ybadat etmeli däldiler.



Et elýetmez zatdy, köp adamlar ony örän seýrek iýip bilýärdiler. Şonuň üçin ony iýmek, adatça Hudaýa ybadat etmek bilen baglanyşykly aýratyn bir ýagdaýda boldy.

Gadagan edilen ete beýleki haýwanlaryň etini iýýän haýwanlaram degişlidi. Bu kanuna tabyn bolmaklyk olary Hudaýa boýun bolmadyk adamlar bilen ýakyn gatnaşykda bolmakdan saklajakdy. Olar ysraýyl däl adamlaryň öýlerinde et iýip bilmezdiler.

Iýmit hakda kanun näme diýdi? [5]

## Gazanjyň ondan birini bermek

Ysraýyllar öndürýän önümleriniň on göterimini aýry goýmalydylar (Kanun taglymaty 14:22–29). Olar şu aşakdakylar üçin ulanylmalydy:



- Mukaddes çadyrda ýa-da ybadathanada baýram bellemek üçin;
- Mukaddes çadyrda ýa-da ybadathanada işleýänlere bermek üçin;
- we garyplara bermek üçin.

Mukaddes Kitabyň bütin dowamynda Hudaýyň Öz halkynyň garyplara ideg etmegini isleýändigini görýäris. Hudaýyň beren kanunlarynyň bu baplarynda (12–26-njy baplar) garyplara mähirli bolmak babatda alty gezek görkezme bar.

Kanun ondan birini bermek barada näme diýdi? [6]

## Baýramçylyklar

Ysraýyllar her ýyl şu üç baýramçylygy bellemelidiler:



- **Pesah baýramy** — olar Müsür gulçulygyndan azat bolan gününi ýatlaýardylar;
- **Galla baýramy** — bugdaý orak wagtyndan 7 hepde soňra bellenýär. Grekçe bu "ellinji gün" diýlip atlandyrylýar;
- **Çatma baýramy** — güýzde hasyl toplanýan wagty olar çöldäki döwrüni ýatlaýardylar.

Bu Hudaýyň olar üçin eden zatlaryny ýada salmagyň bir usulydy. Hudaý olaryň diňe bir Ony ýada salman, eýsem olaryň lezzet almagyny we işden dynç almagyny isledi! (Kanun taglymaty 16:1–17)

Baýramçylyklar barada kanun näme diýýär? [7]

## Patyşa



Patyşa Hudaýa ybadat edýän ysraýylly bolmaly. Şeýle hem, ol gaty baý bolup, onuň köp aýaly bolmaly däldir. Muňa derek ol Hudaýyň kanunlaryny öwrenmeli we oňa boýun bolmaly. Şonda ol Hudaýyň halkyny nädip dogry tärde dolandyrmalydygyny bilerdi (Kanun taglymaty 17:14–20).

Köne Ähti okanymyzda, biz Ysraýyl şalarynyň bu kanuna nähili boýun egmändiklerini görýäris. Olar Hudaýyň halkyny Hudaýdan has uzaklaşdyrdylar. Hatda Süleýman hem ähli akyldarlygy bilen bu kanuna boýun egmekde synagdan geçmedi (1 Patyşalar 11:1–8).

Kanun patyşa hakda näme diýdi? [8]

## Adalat



Ysraýyllar adamlaryň jenaýat işi üçin adalatly höküm edilýändigine göz ýetirmelidiler. Olar etmedik jenaýaty üçin hiç kimiň jezalandyrylmajakdygyna göz ýetirmelidiler (Kanun taglymaty 19:1–21).

Kanun adalat hakda näme diýdi? [9]

## Uruş

Gadymy dünýäde uruş bu adaty durmuş parçasydy. Patyşalar hemişe öz imperiýalaryny giňeltmek isleýärdiler. Eger olar başga ýurtlara çozmasalar hem, olar öz ýerlerini goramalydylar. Ysraýyllar

Hudaýyň göwnünden turjak derejede söweşmeli boldular. Uruş, elbetde, elhenç zat. Emma Hudaý söweşiň iň erbet taraplaryny azaltmak üçin kanunlar berdi (Kanun taglymaty 20:1–10).



Olar söweşmäge taýyn bolmadyk esgerlere rehim etmeli. Olar duşman şäherlere hüjüm edenlerinde, ol ýerde ýaşaýanlara rehim etmeli.

Wada berlen ýerde ýaşaýan diňe kenganlylar doly ýok edilmelidi. Sebäbi ýüzlerçe ýyl bäri olar yzygiderli pislik edip geldiler. Hudaý bu ýeri Öz halkyna bermegi saýlap aldy. Hudaý olaryň beýleki ähli halklara Ýaradyjy Hudaýyň göwnünden turmak üçin nädip ýaşamalydygyny görkezmegini isledi.

Uruş hakda kanun näme diýdi? [10]

## Nika

Nika — ömürboýy bir borç bolup, aýallaryň hukuklary goralmalydyr. Bu kanunlar nikadan daşda ýakyn garyndaşlar bilen jyns gatnaşyklaryny we zorlamak ýaly jyns gatnaşyklaryny gadagan edýär (Kanun taglymaty 22:13–30). Bu zatlar hemişe diňe bir pida bolany däl, eýsem olaryň maşgalasyny hem weýran edýär. Jyns günäleri hiç haçan Hudaýyň nazaryndan gizlenmeýär.



Kanun taglymaty 7-nji babyndan biz ýahudy däl (ýagny, imansyz adam) bilen nikalaşmagyň gadagandygyny bilýäris. Sebäbi beýle nikadan dogulan çagalaryň Hudaýyň yzyna eýermek ähtimallygy gaty azdyr (Kanun taglymaty 7:3–4).

Nika hakda kanun näme diýdi? [11]

Bu kanunlaryň hemmesi gadymy dünýäde görülip eşidilmändi! Hiç bir halkda beýle kanunlar ýokdy! Bular Hudaýyň Öz halkynyň peýdasyna beren gowy kanunlarydy.

# Hudaýyň halky Hudaýyň kanunlaryna boýun egmese näme?

Bu kanunlar Hudaýyň halkynyň peýdasyna bolandygyna garamazdan, olar hiç haçan wepalylyk bilen boýun egip bilmediler. Şonuň üçin Hudaý Öz halkyna gurbanlyk mallaryny ilki bilen Mukaddes Çadyrda, soňra bolsa ybadathanada bermegi buýurdy. Munuň sebäbi olara şu aşakdakylary ýatlatmak üçindi:

- Günä elmydama elhençdir! Günä eden adam ölüme mynasypdyr.
- Olaryň bagyşlanmagy üçin olara derek bir zat ölmeli.

Bu gurbanlyklar Hudaýyň halkyny olaryň günä meselesini ebedi çözjek Birini iberjek gününe taýýarlady. Bu Adam:

- Hudaýyň kanunlaryna doly boýun bolar!
- hemişelik üçin ýeke-täk Bir Gurbanlyk bolar!
- täze Ybadathana bolar, Hudaýyň halky Oňa gelip günälerinden bagyşlanma alyp biler.
- Hudaýyň halkynyň durmuşynda Öz Mukaddes Ruhy arkaly ýaşamaga geler, şonda **olar** Hudaýa hakykatdanam boýun bolup bilerler!

**1 Ýohanna 4:9–10-y** okaň. Hudaýyň bir gün iberjek bu Kämil Adamy kim bolar? [12]

Bu Kämil Adam näme etmelidi? [13]

# Köne Äht we Täze Äht

Kanun taglymaty kitaby Hudaýyň Öz halky bilen Sinaý (ýa-da Horep) dagyndaky baglaşan ylalaşygy (ýa-da ähti) düşündirýär (Kanun taglymaty 5:2):

- Hudaý Öz halkyny gulçulykdan **azat** etdi;
- eger olar Hudaýa **ynanyp**, Hudaýyň kanunlaryna **boýun bolsalar**, Hudaý olara wada berlen ýurtda ak pata we gurply ýaşaýyş berer;
- günälerden bagyşlanmak we näletden gutulmak üçin olar Hudaýa belli bir **gurbanlyklar** hödürlemelidiler;
- eger olar **yzygiderli kanuna boýun egmeseler**, Hudaý olary näletlär we wada berlen ýurtdan kowar.

Bu **Köne Äht** diýip atlandyrylýardy. Şonuň üçin Mukaddes Kitabyň birinji bölümine Köne Äht diýýäris.

Mukaddes Kitabyň ikinji bölümine **Täze Äht** diýilýär. Indi Hudaý täze ylalaşyk baglaşdy:

- Hudaýyň Ogly Isa Öz halkyny günäniň gulçulygyndan **halas etdi** (Rim.6:20–22).
- Eger biz Hudaýa **iman edip**, Oňa **boýun bolsak**, Hudaý bizi Öz çagalary hökmünde kabul eder we bize ebedi ýaşaýyş berer (Ýoh 1:12 we 3:16).
- **Isanyň hemişelik üçin** bir gezekde getiren gurbanlygy biz hakykatdan toba edenimizde, bizi **bagyşlamagyny** dowam etdirýär (1Ýoh. 1:9).



- Eger biz Hudaýa yzygiderli **gulak asmasak**, biz bu bereketleri ýitirip bileris (Ýew. 10:26–31).

Köne Ähtde hem, Täze Ähtde hem Hudaýyň halkynyň Oňa boýun bolmagy üçin **imany** bolmalydy! Ýewreýlere hatyň 11-nji babynda bu wajyp mowzuk barada gürrüň edilýär.

**Luka 22:20-ni** okaň. Isa Öz gany arkaly näme etdi? [14]

**Ýewreýler 9:15-i** okaň. Täze Äht näme? [15]

# Bu gün biz Köne Ähtiň haýsy kanunlaryna boýun bolmaly?

Bu gün biz Täze Ähtiň çäginde ýaşaýarys.

## Biz näme etmeli däl?

**1. Bize ybadathana we gurbanlyk bermeklige degişli kanunlara boýun bolmak gerek däl.**

- Munuň sebäbi Isa her bir adamyň günäleri üçin Özüni ýeke-täk ajaýyp gurbanlyk edip hödürledi! (1 Ýohanna 2:2) Ol täze ybadathanadyr! (Ýoh. 2:19,21)

- Mundan beýläk bize gurbanlyk hödürlemek gerek däldigi üçin, bize fiziki ybadathananyň-da zerurlygy ýok. Ýewreý ybadathanasy rimliler tarapyndan biziň eramyzyň 70-nji ýylynda weýran edilipdi. Isa ölüp direlenden soň ybadathananyň zerurlygynyň ýokdugy üçin, Hudaý munuň weýran bolmagyna rugsat berdi.

- Ýygnak (bu Isanyň yzyna eýerýänleriň ýygnanyşygy) indi Hudaýyň ybadathanasydyr, ýagny Mesihiň bedenidir. Ine, adamlar indi Hudaý bilen nirede duşuşyp bilýän ekenler (1 Korintoslylar 3:16).

**2. Bize käbir iýmitlerden gaça durmagymyzyň geregi ýok.**

- Isa Petrusa indi ähli görnüşli et iýip biljekdigini aýtdy (Resullaryň işleri 11:1–18). Hudaýyň halky indi özleriniň Hudaýynyň öňünde mukaddesdigini görkezmek üçin özlerini beýleki halklardan aýry goýmak gerek däl. Muňa derek, olaryň mukaddesligi indi söýgi, şatlyk, parahatlyk, sabyrlylyk, mähribanlyk, ýagşylyk, sadyklyk, ýumşaklyk, özüňe erk edip bilmeklik arkaly görner (Galatýalylar 5:22–23).

- Köne Ähtiň haýsy kanunlaryna biziň bu gün boýun egmegimiz gerek däl? [16]

## Biz näme etmeli?

**Ýermeýa 31:31–33-i** okaň. Hudaý Täze Ähtiň kanunlarynda başga näme üýtgeşik zat boljakdygyny aýtdy? [17]

Biz Isanyň yzyna eýerip başlanymyzda, Ol bizi Mukaddes Ruhy bilen doldurýar we **durmuşymyzda haýsy zatlary üýtgetmelidigimizi görkezýär.** Siz Hudaýyň Sözüni okaýarkaňyz, Onuň näme aýdýandygyny diňläň!

- Isa boýun egmeli iň möhüm kanunlar haýsylar diýdi? (**Mark 12:30–31**) [18]

  Muny aýtmak gaty aňsat, emma ýerine ýetirmek şeýle kyn.

Köne Äht kanunlarynyň ählisi — Hudaýy we ýakynymyzy nähili söýmelidigimiz hakyndadyr.

- On Tabşyryk (Kanun taglymaty 5:6–21) bu gün hem biziň üçin möhümdir. Olar bize Hudaýy we ýakynymyzy söýýändigimize göz ýetirmäge kömek edýär.

- Täze Äht jynsy päkligiň wajypdygyny tassyklaýar. Bu hem, biziň ýakynymyzy söýmegiň we On Tabşyryga boýun bolmagyň bir bölegidir. (**Ýewreýler 13:4-i** okaň.) Hiç haçan jynsy päkligiň wajyp däldigini nygtaýanlara ynanmaň (1 Kor. 6:15–16). Köp sanly gowy ýolbaşçylary şeýtan bu ýolda azdyrdy. Bu bolsa, hem ýygnak üçin, hem şol adamyň maşgalasy üçin, hem Hudaý üçin hemişe elhençdir (Ýewreýler 10:29).

Bu gün biz haýsy kanunlara boýun bolmaly? [19]

## Şeýlelikde, biz näme üçin Köne Ähtiň kanunlaryny okamaly?



Köne Ähtdäki kanunlary okamak biziň üçin gowy, şonda biz:

- Hudaýyň häsiýetine düşünip bileris;
- nämäniň dogry we ýalňyşdygyna düşünip bileris;
- özümiziň nädereje günälidigimize göz ýetirip bileris;
- günälerimiziň diňe ölüm arkaly bagyşlanjakdygyna düşünip bileris;
- we Halasgärimize nä derejede mätäçdigimize düşüneris!

Biziň Isanyň kimdigi we Onuň eden işi baradaky düşünjämiz Köne Ähti doly okanymyzda has aýdyňlaşýar.

Bu gün siz Köne Ähti, ylaýta-da, ondaky kanunlary okamak gerek däl diýýänlere nähili jogap bererdiňiz?

**Siz Isa Mesihe özüňizi üýtgetmäge ýol berýärsiňizmi ýa-da özüňizi ýeterlik derejede gowy diýip hasaplaýarsyňyzmy?**

**Siz nädip Isa Mesihe has köp meňzäp bilersiňiz?**

## Öý işi:

Indiki sapakdan öň **Kanun taglymaty kitabyndan 27-nji we 28-nji baplary** okaň.

# Jogaplar

1 – Hudaý Öz halkyna Onuň kanunlaryna eýermegi we olary tutuş ýürekden we jan-tenden berjaý etmegi buýurýar.
2 – Hudaýyň kanunlary biziň ýüregimizi şatlandyrýar.
3 – Hudaýyň kanunlary bizi akylly edýär.
4 – Ysraýyllar Kengan ybadatyndan tapawutlylykda diňe Mukaddes çadyrda we soňra ybadathanada Hudaýa sežde edip bilerler.
5 – Ysraýyllar etiň käbir görnüşlerini iýmeli däldiler. Bu olaryň mukaddesdigini, ýagny Hudaý üçin aýry saýylandygyny görkezýän alamat bolmalydy.
6 – Ysraýyllar öndüren önümleriniň on göterimini her ýyl Mukaddes çadyrda ýa-da ybadathanada baýram bellemek üçin aýry goýmalydylar; olary Mukaddes çadyrda ýa-da ybadathanada işleýän lewilere bermek üçin we garyplara bermek üçin aýry goýmalydylar.
7 – Ysraýyllar her ýyl Pesah baýramyny, Galla baýramyny we Çatma baýramyny bellemelidiler. Bu Hudaýyň olar üçin eden zatlaryny ýada salmagyň bir usulydy.
8 – Patyşa Hudaýa ybadat edýän ysraýylly bolmaly. Ol örän baý, ýa-da köp aýally bolmaly däldi. Muňa derek, ol Hudaýyň Kanunyny öwrenmeli we oňa boýun bolmaly. Şonda ol Hudaýyň halkyny nädip dogry dolandyrmalydygyny biler.
9 – Adamlar jenaýat üçin adalatly sud edilmeli. Hiç kim etmedik jenaýaty üçin jezalandyrylmaly däl.
10 – Olar söweşmäge taýyn bolmadyk esgerlere rehim etmeli. Olar duşman şäherlere hüjüm edenlerinde, ol ýerde ýaşaýanlara rehim etmeli. Diňe wada berlen ýerde ýaşaýan kenganlylar doly ýok edilmelidi.
11 – Nika — durmuş üçin ygrarlylyk bolup, aýallaryň hukuklary goralmalydyr. Bu kanunlar nikadan daşdaky ähli görnüşli jyns gatnaşyklaryny gadagan edýär, muňa ýakyn garyndaşlaryň arasyndaky jyns gatnaşygy we zorlamak hem degişlidir. Hudaýyň halky diňe imanlylar bilen nikalaşmalydyr.
12 – Hudaýyň Ogly Isa Mesih.
13 – Ol dolulygyna Hudaýyň kanunlaryna boýun bolar, Ýeke-Täk Kämil Gurbanlyk bolar, täze “ybadathana” bolar we Hudaýyň halkynyň içinde Öz Mukaddes Ruhy bilen ýaşar.
14 – Isa Öz gany arkaly Hudaý bilen adamlaryň arasynda Täze Äht (ýa-da ylalaşyk) baglaşdy.
15 – Isa bizi günälerimizden azat etmek üçin töleg hökmünde janyny berdi, şonuň üçin biz ebedi ýaşaýşa eýe bolup bilýäris.
16 – Bize ybadathana, gurbanlyklar we iýýän zatlarymyz baradaky kanunlara boýun bolmak hökman däl.
17 – Hudaýyň kanunlary biziň aňymyzda we ýüregimizde ýazylar.
18 – Hudaýyňyz Rebbi tutuş ýüregiňiz, ähli düşünjäňiz hem güýjüňiz bilen jan-tenden söýüň. Ikinjisi-de şudur: ýakynyňy özüňi söýşüň ýaly söý!
19 – Hudaýy söýüň we ýakynyňyzy söýüň. Bu On Tabşyrygy ýerine ýetirmegi we jyns gatnaşygynda päk bolmagy hem öz içine alýar.

Kanun taglymaty 11-nji sapak:

# Bereketler we näletler



Bu sapakda biz Köne Ähtdäki bereketler we näletler barada we olary bu gün biz nähili ulanmalydygymyz barada pikirleneris.




## Iki dag

**Kanun taglymaty 11:29-y** okaň.

Ysraýyllar Wada berlen ýere girenlerinde, Hudaý olara iki dag hakda görkezme berdi. Ýurduň merkezindäki iki dag, Hudaýyň Öz halky bilen eden ähtiniň ebedi ýatlatmasy bolmalydy. Hudaý olara Özüne gulak asýanlar üçin bereketleri we Özüne boýun egmedikler üçin näletleri ýatlatmak isledi.

Olar Hudaýyň bereketlerini haýsy dagda yglan etmeli? [1]

Olar Hudaýyň näletlerini haýsy dagda yglan etmeli? [2]

**Kanun taglymaty 27:1—8-i** okaň.

Musa ysraýyllara Eýbal dagynda (olaryň näletleri yglan etjek ýerinde) daşdan iki zat gurmagy buýurdy.

**2—4-nji aýatda** olar näme gurmalydylar? [3]

**5-nji aýatda** olar näme gurmalydylar? [4]

Eýbal dagynda Hudaý ysraýyllara Öz ýazan kanunyny goýmagy buýurdy. Munuň gapdalynda Hudaý olara gurbanlyk sypasyny gurmagy buýurdy. Ol Öz halkynyň kanunlary kämil saklap bilmejekdigini bilýärdi. Gurbanlyklar olary günälerinden saplamagyň serişdesidi. Şonuň üçin gurbanlyk sypasy ol ýerde ýerleşýärdi

we halka Hudaýyň ilkibaşdan bagyşlanmagy gurban bermek arkaly almagy hödürleýändigini ýatlatmak üçin niýetlenendi.

**6–7-nji aýatlar:** Bu gurbanlyk sypasynda olar haýsy 2 gurbanlygy bermeli boldular? [5]

## Ýakma gurbanlygy

Ýakma gurbanlygy ysraýyllary diňe bir günälerinden saplaman, eýsem olaryň tutuş durmuşyny Hudaýa hödürlemegini alamatlandyrdy. Beýleki gurbanlyklardan tapawutlylykda, ruhanylar bularyň hiç birini iýip bilmeýärdiler.

**Efesliler 5:2-ni** okaň. Biziň bagyşlanmagymyz üçin kim Öz janyny meýletin ýakma gurbanlygy hökmünde berdi? [6]

**Rimliler 12:1-i** okaň. Isanyň biziň üçin bitiren işlerini göz öňünde tutup, biz näme etmeli? [7]

Bu nämäni aňladýar? [8]

Onda ýakma gurbanlygy bize nämäni ýatladýar? [9]

Biz bütin ömrümizi Hudaýa bagyş edenimizde, Ol bizi Öz şatlygy bilen doldurýar!

## Salamatlyk gurbanlygy

Adatça gurbanlykda hödürlenýän haýwanlaryň etini diňe ruhanylar iýip bilýärdiler. Emma salamatlyk gurbanlygy ýönekeý adamlaryň hem iýip biljek gurbanlygydy. Bu maşgala we goňşular bilen lezzet almak üçin pursatdy.

Bu gurbanlyk olaryň günäleri bagyşlanandan soň, Hudaý bilen ýaraşandyklarynyň nyşanydy. Bu şatlygy başgalar bilen paýlaşyp bolýardy!

Täze Ähtde biz salamatlyk gurbanlygyny hödürlemegiň deregine näme etmeli? [10]

Isa bir gezekde iň kämil we hemişelik gurbanlyk boldy! Şonuň üçin indi biz bagyşlandyk we ýene-de Hudaý bilen gatnaşygymyzy dikeldip bilýäris!

Häzirki wagtda köp ýygnaklarda Rebbiň agşamyny bellänlerinde, ýörite taýýarlanylýan nahar ýok. Muňa derek Isanyň haçdaky ölümini ýatlamak üçin diňe nyşan hökmünde nahar bar. Salamatlyk gurbanlygy bize Hudaýyň halkynyň bir saçagyň başynda bile nahar iýmekleriniň nähili möhümdigini görkezýär. Şeýlelikde, Rebbiň agşamy üçin ýygnagyňyzda diňe nyşan hökmünde nahar bar bolsa-da, imanlylar jemgyýeti hökmünde yzygiderli bilelikde nahar iýmegiňiz möhümdir.

Salamatlyk gurbanlygy bize nämäni ýada salýar? [11]

# Bereketler we näletler

Kanun taglymaty kitabynyň 27-nji we 28-nji baplarynda:
- Hudaýyň kanunlaryna boýun egýänler üçin köp bereketler
- we Hudaýyň kanunlaryna boýun egmeýänler üçin köp näletler bar.

**Kanun taglymaty 28:1–24-i** okaň.

Köne Ähtde Hudaý Öz halkyny mynasyp bolmasalar hem, dürli ýollar bilen bereketleýärdi. Şeýle-de bolsa, olar Oňa yzygider boýun egmediler. Şonuň üçin Hudaý Öz halkynyň üstünden köp gezek bela-beterleri inderýärdi.

Serdarlar kitabynda Hudaýyň halky hemişe şol bir aýlawy geçýärdi:

- Hudaýyň halky Onuň gowy kanunlaryna boýun egmeýärdi we günä içinde ýaşaýardy;
- Hudaý olary duşmanyň eline berýärdi we olar köp ýyllap ezýet çekýärdiler;
- Hudaýyň halky Hudaýdan kömek sorap ýalbarýardy;
- Hudaý olary azat etmek üçin serdar belleýärdi;
- Hudaýyň halky ýene Hudaýa boýun bolmaýardy we günä içinde ýaşaýardy.

Bu üznüksiz takmynan 300 ýyl dowam etdi.

Ençeme ýyldan soň, Ahap Ysraýylyň patyşasy bolanda, Bagal hudaýyna ybadat etmegi öňe sürdi. Şonuň üçin Hudaý 3 ýyllap guraklçyyk iberdi (1 Patyşalar 17:1).

Iň soňunda, Hudaýyň halky Hudaýa düýbünden biwepalyk edendikleri sebäpli, Hudaý olary jezalandyrdy. Hudaý akyla sygmajak bir iş etdi. Olaryň ýerlerini eýelemegi üçin, ybadathanany ýykyp, halky ýesir etmegi üçin Hudaý babyl esgerlerini getirdi (2 Ýyl Ýazgylary 36:15–21).

## *Goşmaça:* Ýermeýanyň agysy kitaby

Ýermeýanyň agysy kitaby Iýerusalim weýran edilenden soň, Hudaýyň halkynyň hasratyny görkezýän goşgular ýygyndysydyr.



> “*Wah, öň adamdan doly şäher,*
> *indi ýalňyz boşap galdy!*
> *Milletler arasynda beýik bolan*
> *indi dul hatyna meňzäp galdy!*
> *Öň welaýatlaryň melikesi bolan,*
> *indi gyrnaga öwrüldi!*” (Ýermeýanyň agysy 1:1)

Şeýle-de bolsa, ýazyjy bu betbagtçylykda şeýle yglan edýär:

> *Rebbiň sadyk söýgüsi tükenmezdir,*
> *çünki Onuň rehimdarlygy bakydyr.*
> *Her säher bular täzelenýär,*
> *Seniň wepadarlygyň beýikdir!*
> *Janym diýýär: “Reb meniň paýymdyr.*
> *Şoňa görä Oňa intizardyryn*”. (Ýermeýanyň agysy 3:22–24)

Ýazyjy munuň Hudaýyň halky üçin soňy däldigini bilýärdi! Asyrlaryň dowamynda köp imanlylar bu aýatlar arkaly teselli tapdylar. Her dürli kynçylyklar bilen ýüzbe-ýüz bolanymyzda, olar bize umyt berýär.

Bu gün biz Hudaýyň Sözüni okanymyzda, bu bereketleriň we näletleriň biziň üçin has uly bir zady aňladýandygyny görmegimiz möhümdir. Olar Isanyň dünýäni höküm etmek üçin gaýdyp gelende getirjek baky bereketlerini we näletlerini görkezýär.

**Matta 25:34-i** okaň. Isa Öz yzyna wepalylyk bilen eýerenlere näme diýer? [12]

Bular biziň eşitjek iň ajaýyp sözlerimiz!

**Matta 25:41-i** okaň. Isa Öz yzyna eýermediklere näme diýer? [13]

Bular her kimiň eşidip biljek iň aýylganç sözleri!

Köne Ähtiň bereketleri we näletleri nämäni aňladýar? [14]

Şeýle-de bolsa, biziň bereketlerimiz diňe geljek üçin däl!

**Efesliler 1:3–8-i** okaň. Hudaý bize lezzet alarymyz ýaly indi haýsy bereketleri berdi? [15]

Bu bereketler biziň durmuşymyzda alyp biljek fiziki bereketleriň ählisinden has ýokarydyr.

## Hudaýyň bize beren beýleki bereketleri

Şu wagt siziň üçin has möhüm bolan aýatlary tapyň.

- Ol bize Mukaddes Ruhuny berýär (1 Korintoslylar 3:16).
- Her gezek günä edenden soň biz günälerimizi boýun alyp, Oňa toba bilen gelsek, Ol biziň günälerimizi bagyşlar (1 Ýohanna 1:9).
- Hudaý ähli muşakgatlarymyzda bize teselli berýär (2 Korintoslylar 1:3–4).
- Ol ýüregi synyklara ýakyn (Zebur 34:18).
- Ol bize paýhas berýär (Ýakup 1:5).
- Ol biziň dileglerimize jogap berýär (Ýohanna 14:13).
- Ol bize beýleki imanlylar bilen bir maşgala bolmaklygy berýär (Galatýalylar 6:10).
- Ol bizi ýürekden söýýär (Efesliler 5:1).
- Ol bize öz-özüňe bolan hormaty we mertebäni berýär, sebäbi biziň hemmämiz, kimdigimize garamazdan, Mesih Isada birdiris (Galatýalylar 3:28).

Bular biziň häzir lezzet alyp bilýän bereketlerimizden käbirleri.

Hudaýyň bize häzir lezzet alyp bilmegimiz üçin berýän başga nähili bereketlerini aýdyp bilersiňiz?

### Bu günki näletler babatda näme?

Isa bizi "*kanunyň yglan eden näletini Öz üstüne alyp, bizi şol näletden halas etdi*" (Galatýalylar 3:13). Indi biz Hudaýyň näleti astynda däl-de, berekedi astynda ýaşaýarys.

Eger biz Isanyň yzyna eýerýän bolsak, Ol bizi ynsanlaryň ähli näletlerinden gorap bilýär. Resul Pawlus Efeslilere ýazan hatynda Hudaýyň beýik güýji barada ýatladýar: "*Hudaýyň Öz çagyranlaryna beren umydyna, halkyna eçilen şöhratly mirasynyň baýlygyna we biz iman edenlere görkezen deňsiz-taýsyz gudratyna göz ýetirmegiňiz üçin, goý, Ol ýüregiňiziň gatyny nurlandyrsyn diýip dileg edýärin. Bu gudrat Hudaýyň Mesihi direldip, gökde Öz sagynda oturdan güýjüne meňzeşdir. Hudaý Mesihi ähli hökümdarlykdan, ygtyýarlykdan, güýç-gudratdan we agalykdan, şeýle hem diňe bu döwürde däl, eýsem geljek döwürde-de tutuljak her bir atdan has ýokary goýdy*" (Efesliler 1:18–21).

Eger kimdir biri sizi näletlän bolsa, onda siz Isa Mesihiň beýik adyndan Hudaýa sizi goramagy üçin dileg edip bilersiňiz.

Diýmek, bu gün biz hiç hili näletlerden gorkmaly däl!

# Saglyk we baýlyk



Käwagt adamlar Hudaý bize hut häziriň özünde saglyk we baýlyk wada berýär diýýärler. Ýöne bu ýalan.

Köne Ähtde Hudaý Öz halkyna eger olar Oňa boýun bolsalar, baýlyk we abadançylyk berjekdigini wada berdi. Süleýman patyşanyň döwründe biz munuň ýerine ýetendigini görýäris: "*Her bir adam üzüm we injir agaçlarynyň aşagynda asudalykda ýaşady*" (1 Patyşalar 4:25).

Emma bu baýlyk we abadançylyk diňe maddy zatlardy we ol hemişelik dowam etmeýärdi.

Hudaýyň meýilnamasy boýunça bütin dünýä **baky berekedi** başdan geçirmelidir. Bu bereket tämizlenen ýürekden we Hudaý bilen täze gatnaşykdan gelýär (Ezekiýel 36:26, Efes. 2:18). Baky bereket hiç wagt maddy baýlykdan gelip bilmez.

Ne Isa, ne-de resullar baýdy. Biz resul Pawlusyň fiziki kynçylykdan ejir çekendigini bilýäris, ol Hudaýdan muny aýyrmagyny haýyş etdi (2 Korintoslylar 12:1–10). Elbetde, Isanyň Özi hem örän erbet ejir çekdi we soňra iň rehimsiz ýagdaýda öldürildi. **Rimliler 8:18-de** Pawlus näme diýýär? [16]

Täze Iýerusalimde Hudaý bilen ýaşamagyň näderejede ajaýyp boljakdygyny biz göz öňüne getirip hem bilmeýäris!

Täze Iýerusalime çenli biz Köne Ähtdäki bereketlere eýe bolmagy talap edip bilmeýändigimize düşünmek wajypdyr. Hudaý biziň dogalarymyza jogap bermegi söýýär, emma biziň bu dünýäde ejir çekýän döwürlerimiz hem bolýar. Biz Hudaýyň kynçylyklary bizi Isa Mesihe has köp meňzemegimiz üçin ulanýandygyny bilýäris (Ýewreýler 12:7–11). Emma köplenç Hudaý biziň durmuşymyzda kynçylyklara näme üçin ýol berýändigini bilmeýäris (Işa. 55:9). Bolçulykda we saglykda ýaşap, hiç hili kynçylyk çekmesek, bu Hudaýyň bize beýlekilerden has köp ak pata berýändigini aňlatmaýar. Häzirki wagtda kynçylyklara, kesellere, zerurlyklara duçar bolanymyzda, Hudaý bizi näletleýär diýip pikir etmeli däldiris. Şonuň üçin kimdir biri kynçylyklara sezewar bolanda, biz hiç haçan Hudaý ony jezalandyrýar diýip pikir etmeli däldiris. Biziň işimiz — biri-birimizi söýmek, ruhlandyrmak we goldamakdyr!

Häzir durmuş kyn bolup biler. Emma Hudaý bizi hiç haçan taşlamajakdygyny wada berýär! (Ýewreýler 13:5) Onuň Mukaddes Ruhy bize Isanyň yzyna ahyryna çenli eýermek üçin gerekli bolan ähli güýji we şatlygy berer! Şonda biz hakyky saglygyň we baýlygyň nämedigine göz ýetireris! (Aýanlyk 21:3–4 we 22:1–5)

Bagtly adam bu gün nähili görünýär? [17]

Siziň pikiriňizçe biz Hudaýyň bereketlerinden bu gün nädip has köp lezzet alyp bileris? [18]

## Öý işi:

Indiki sapakdan öň **Kanun taglymaty kitabyndan 29-njy we 30-njy baplary** okaň.

# Jogaplar

1 – Gerizim dagy.
2 – Eýbal dagy.
3 – Hudaýyň kanuny ýazylan daşlar.
4 – Gurbanlyk sypasy.
5 – Ýakma gurbanlygy we salamatlyk gurbanlygy.
6 – Isa Mesih.
7 – Biz özümizi Hudaýa diri gurbanlyk hökmünde hödürlemeli.
8 – Bu biziň bütin ömrümize Hudaýyň göwnünden turmak we başgalara Ol hakda aýtmak isleýändigimizi aňladýar.
9 – Ýakma gurbanlygy bize günälerimizden saplap bilýän gurbanlygyň gerekdigini ýatladýar. Isanyň biziň üçin Özüni gurban edişi ýaly, biz hem bütin ömrümizi Hudaýa hödürlemelidiris.
10 – Isanyň biziň günälerimiz üçin ölendigini ýatlamak üçin, biz bilelikde Rebbiň agşamyny belleýäris (çörek we şerap paýlaşýarys).
11 – Salamatlyk gurbanlygy bize toba edenimizde, ýene-de Hudaý bilen gatnaşykdan lezzet alyp biljekdigimizi ýatladýar! Bu diňe Isanyň Öz gany bilen bizi günälerimizden tämizländigi sebäpli mümkindir! Bu örän ajaýyp, ýagny biz ony başgalar bilen bellemelidiris!
12 – *Eý, Atamyň ýalkanlary! Geliň-de, dünýä ýaradylandan bäri siziň üçin taýýarlanan patyşalygy miras alyň.*
13 – *Eý, lagnatlylar, Meniň ýanymdan aýrylyň, iblis bilen onuň perişdelerine taýýarlanan ebedi oda ýanyň!*
14 – Olar Isanyň dünýäni höküm etmek üçin gaýdyp gelende getirjek baky bereketlerini we näletlerini görkezýär.
15 – Ol bizi dünýä ýaradylmazdan öň Öz nazarynda mukaddes we aýypsyz bolmagymyz üçin, Öz çagalary bolmagymyz üçin, halas etmek we bagyşlamak üçin saýlady!
16 – *Meniň pikirimçe, şu wagtky görgülerimizi bizde aýan boljak gelejekki şöhrat bilen deňeşdirip-de bolmaz.*

17 – Bagtly adam:
- dünýä ýaradylmazyndan öň Hudaýyň ony saýlanyny bilýän;
- özüniň Hudaýyň çagasydygyny bilýän;
- satyn alnyp bagyşlanandygyny bilýän;
- bu dünýäde näme bolsa bolsun — Hudaý ony terk etmejekdigini bilýän;
- Hudaý ony sag-salamatlykda Wada berlen Ýere getirjekdigini bilýän adamdyr!

18 – Eger biz Hudaýyň bereketlerinden has köp lezzet almak islesek:
- Onuň Sözüni okamaly, ol barada pikirlenmeli we ony ýerine ýetirmeli;
- elimizden geldigiçe has köp doga-dileg etmeli;
- beýleki imanlylar bilen duşuşmak üçin ýygnaklara barmaly;
- Isa barada başgalara aýdyp bermeli.

Kanun taglymaty 12-nji sapak:

# Mukaddes ähtiň täzelenmegi



Bu sapakda biz her bir nesil üçin Hudaýa boýun bolmaga ygrarlylygy täzelemegiň nähili möhümdigine serederis.

29-njy we 30-njy baplarda biz Hudaýyň halkynyň we Musanyň nädip Hudaý bilen mukaddes ähti täzeländikleri barada okaýarys. Hudaýyň Sinaý dagynda äht baglaşan ilkinji nesli aradan çykdy. Şonuň üçin indi olaryň çagalary we agtyklary Hudaý bilen mukaddes ähti täzelemelidiler.

Tutuş Kanun taglymaty kitabynda bolşy ýaly, 29-njy we 30-njy baplarda gadymy döwürde baglanyşylan şertnamalardan nusga alýar, şol döwürlerde patyşalar özleriniň ýeňen adamlary bilen şertnama ýa-da äht baglaşýardylar. Bu şertnamalar elmydama birmeňzeş ýazylmady, ýöne adatça şu aşakdaky ýaly 5 esasy bölümden ybaratdy:

1. Taryhy tanyşdyryş
2. Ähtiň umumy talaplary
3. Ähtiň bozulmagy baradaky duýduryşlar
4. Alkyş we nälet
5. Şaýatlar

**29-njy we 30-njy baplary** okaň. Okan wagtyňyz ähtiň bu bäş bölümine üns beriň.

Indi ähtiň bu bäş bölümine serederis.

## 1. Taryhy tanyşdyryş (29:2–8)

Hudaý ysraýyllara geçmiş barada ýatladýar. Musa halka geplände, olaryň özleri äht baglanyşylan wagty Sinaý dagynda bolan ýaly edip gepleýär, hakykatda ol ýerde bolan olaryň ata-eneleridi (3-nji aýat).

## 1-nji Çagyryş

Taryh örän möhümdir. Geçmişde Hudaýyň biziň üçin eden işlerini okap, Hudaýyň merhemeti bilen halas bolandygymyzy ýada salýarys. Hudaýyň biziň üçin edenini ýatdan çykarsak, Isanyň döwründe fariseýleriň bolşy ýaly, tekepbir bolýarys we beýleki adamlara höküm çykaryp başlaýarys. Şonuň üçin, Hudaýyň biziň üçin näme edendigini we biz — günälileriň Hudaýyň merhemeti bilen halas bolandygymyzy özümize ýatlatmak üçin biz hemişe Onuň Sözüni okamalydyrys.

## 2-nji Çagyryş

Hudaýyň Sözüni okan wagtymyzda, şol wakalara özümiziň hem gatnaşandygymyzy göz öňüne getirmek peýdalydyr. Musa halka: "*öz gözüňiz bilen gördüňiz*" diýende, edil şunuň ýaly edýärdi (Kanun taglymaty 29:3). Bu bize şol sözleriň täsirini has aýdyň duýmaga kömek edýär.

# 2. Ähtiň umumy talaplary (29:9–15)

Kanun taglymaty kitaby bize eýýäm Hudaýyň kanunlaryny jikme-jik berdi. Şonuň üçin bizde çagyryş bar, her kim ähtiň şertlerine boýun bolmalydyr, şol sanda aýallar, çagalar, gelmişekler hem (11-nji aýat). Hudaýyň Sözi diňe erkekler üçin, ýa-da diňe ulular üçin, ýa-da diňe bize meňzeýänler üçindir diýip pikir etmeli däldiris.

- Çagalary kiçilikden Hudaýyň Sözüne tabyn bolmagy öwretmekde ene-atalar örän möhüm wezipä eýedirler. Hudaýyň Sözüniň gadagan eden zadyny çagalar edip bilýär diýip düşünmek ýalňyşdyr.
- Biz ogullarymyza we gyzlarymyza ene-ataň **ikisine-de** hormat goýmagy we olara gulak asmagy öwretmelidiris.
- Biz ogullarymyza we gyzlarymyza başgalary söýmegi we olar barada alada etmegi öwretmelidiris.
- Biz beýleki tirelerden we milletden bolan adamlary inkär etmeli däldiris. Olara hem Reb barada öwrenmek gerek!

## 3-nji Çagyryş

Siz maşgala we ýygnak agzalaryňyzyň, hatda çagalaryň hem Hudaýy söýüp we Ony hoşnut edip ýaşamagy öwrenmekleri üçin näme edýärsiňiz?

# 3. Ähtiň bozulmagy baradaky duýduryşlar (29:16–29)

Beýleki halklaryň sežde edýän zatlaryny Hudaý nähili suratlandyrýar? (17-nji aýat) [1]

Beýleki halklaryň hudaýlaryna gulluk edýän adamlary Hudaý nähili suratlandyrýar? (18-nji aýat) [2]

Hudaýyň halky beýleki halklaryň hudaýlaryna sežde etse, näme bolar? (20–28-nji aýatlar) [3]

Hudaýyň halkynyň günä etmesi Hudaýy gaharlandyrýar. Biz hiç haçan Hudaý günä garşy däl ýa-da biparh diýip pikir etmeli däldiris! Hudaý Özüniň ýaradan dünýäsini gaty gowy görýär. Biz gatnaşyklarymyzy we dünýämizi zaýalasak, Hudaýy agyry gynaýar.

*Bu edilen wadany eşiden her biriňiz öz-özüňizi öwmäň we ýüregiňizde: "Biz tekepbirlik ýolumyzdan gitsek hem aman galarys" diýip pikir etmäň. (Şeýle pikir ýagşynyň-da, ýamanyň-da başyna bela getirer.)* (19-njy aýat) Şeýtan bizi azdyrmak üçin, "Hudaýdan tapawutly bolan zatlara sežde etmek — bu adaty zat" diýip pikir etmegimizi isleýär. Ol gizlin günäni hem adaty zat diýip kabul etmegimizi isleýär. Günäniň Hudaý üçin hiç haçan adaty zat bolmajagynyň iki sebäbi bar:

1. Günä **hemişe** biziň ýüregimize, gatnaşyklarymyza we iň erbedi Hudaýa agyry getirýär;

2. Günä ýokançly — ol başga adamlara geçip bilýär. Resul Pawlusyň aýdyşy ýaly: "*Eýsem siz ujypsyzja hamyrmaýanyň bütin hamyry turşadýandygyny bilmeýärsiňizmi?*" (1 Korintoslylar 5:6)

Günäniň biziň ýygnagymyza, biziň jemgyýetimize we biziň ýurdumyza uly zeper ýetirip biljekdigini hiç haçan unutmaň. Biz günä garşy daşýürek bolmalydyrys. Isanyň aýdyşy ýaly: "*Sag eliň seniň günä etmegiňe sebäp bolsa, ony kesip taşla. Bir synaňyň ýok bolmagy tutuş göwräňiň dowzaha taşlanmagyndan gowudyr*" (Matta 5:30).

Eger biz haýsydyr bir zadyň günädigi ýa-da däldigi barada şübhelenýän bolsak, biz özümizden şu iki soragy soramaly: "Mukaddes Ýazgylar bu barada näme diýýär?" we "Isa muny ederdimi?"

Kenganlaryň hudaýy bolan "Bagal" biziň gülläp ösme "hudaýymyz" ýalydy. Oňa hemmeler diýen ýaly sežde edýärdiler. Köp adamlar üçin köp pul gazanmak — bu gün iň wajyp zat bolup durýar. Adamlar pulyň olara bagt, howpsyzlyk we asudalyk getirjekdigine ynanýarlar.

Edil ysraýyllaryň hem Hudaýa, hem Bagala sežde edip bileris diýip pikir edişleri ýaly, häzir-de köp imanlylar hem Hudaýa, hem pula sežde edip bilýäris diýip pikir edýärler.

Isa bu barada Matta 6:24-de näme diýdi? [4]

## 4-nji Çagyryş



Pul testi: Durmuşyňyzda siziň üçin iň wajyp zat näme?

- Köpräk pul gazanmak üçin, siz ýygnaga gitmekden ýüz öwürýärsiňizmi?
- Täze telefon almak isleýändigiňiz üçin, siz ýygnaga az pul berýärsiňizmi?
- Mätäçlere sahylyk bilen berýärsiňizmi?
- Siz Hudaýdan öz pullaryňyzy nähili ulanmagyňyzy isleýändigi barada soraýarsyňyzmy?

Bu soraglara beren jogaplaryňyz siziň hem Hudaýa, hem pula hyzmat etmäge dyrjaşýarsyňyzmy ýa-da ýokdugyny görkezýär. Isa munuň mümkin däldigini aýdýar. Siz hem Hudaýa, hem pula hyzmat edip bilmersiňiz.

## **Ähti bozýanlar üçin umyt** (30:1–15)

Näletler we bereketler barada okamazdan ozal Musa ähti bozýanlara umyt bermek üçin adaty däl goşmaça goşýar.

Hudaý Öz halkynyň ähli duýduryşlara garamazdan, Özünden ýüz öwürjekdigini bilýär. Ýöne biziň 4-nji bapda görşümiz ýaly, Hudaý — rehimdar Hudaýdyr: Ol günäni hököm eder, şol bir hatarda ýürekden toba edýänleri Ol täzeden dikelder (30:1–10).

“Siz ýüregiňizi bagyş ediň” (Ýewreý dilinde bu “ýüregiňizi sünnetläň” diýmegi aňladýar) diýmek näme many berýär? [5]

Musa halkyň Hudaýy hakykatdan söýüp başlamagyna sabyrsyzlyk bilen garaşýardy! Resul Pawlus kimdir biriniň toba edip, Isa iman eden wagty nämeler bolup geçýändigini suratlandyrmak üçin bu pikiri ulanýar. (Kolosiýalylar 2:11-e seret.)

Biz günä rak keseline sereden ýaly seretmeli: ol ýaýrap bizi öldürmezinden ozal biz ony aýryp taşlamaly.

Biziň mätäç zadymyzy bermäge ýeke-täk Kimiň ygtyýary bar? (Kan. Tag. 30:9) [6]

***Hudaýyňyz Reb her bir etjek işiňize bereket berer, ogul-gyzyňyz köp bolar, mal-garalaryňyzyň sany artyp, ýeriňiziň hasyly bol bolar:*** Kenganlylar bol hasyly we sagdyn çagalary özleriniň hudaýy Bagalyň berýändigine ynanýardylar. Hudaý Öz halkynyň bu zatlary bermek ygtyýarynyň Bagalda däl-de, diňe Onda bardygyny bilmeklerini isleýär.

Adamlar eden baş galdyrmalaryna we günälerine hakykatdan toba edende, Hudaý näme edýär? (9-njy aýat) [7]

***Reb size ýagşylyk etmeginden lezzet alar!:*** Bu dünýädäki iň ajaýyp sözlerdir! Olar hakykatdan toba edýänlere gönükdirilendir. Bu edil Isanyň tymsalyndaky öz ýiten goýunyny tapan çopanyň şatlygyna meňzeýär (Luka 15:6–7).

Her günüň her minudynda biz nähili saýlaw etmeli? (Kan. Tag. 30:19–20) [8]

***Ýaşaýşy saýlaň ... çünki ýaşaýşyňyzyň we ömrüňiziň uzaklygy Ondadyr:*** Musa Hudaýyň halkyna saýlaw hödürleýär: ýaşaýyş we ölüm, alkyş we nälet (15-nji aýat). Edil şunuň ýaly Ýohannanyň Hoş Habarynda biz hem “*Ýol, hakykat we ýaşaýyş*” Bolanyň yzyna düşmäge çagyrylandyrys (Ýohanna 14:6). Diňe Isa Mesihe iman arkaly biz ebedi ýaşaýşa eýe bolup bileris (Ýohanna 17:3).

# **4. Alkyşlar we näletler** (30:16–18)

16–18-nji aýatlarda bitabynlyk üçin haýsy alkyşlar we näletler ýene gaýtalanýar? [9]

Bu günki biziň üçin alkyşlar we näletler baradaky mowzugy has köp bilmek üçin 11-nji sapaga serediň.

## 5. Şaýatlary jemlemek üçin çagyryş (30:19)

Gadymy döwürde ylalaşyk baglaşma ýeňiş gazanan patyşanyň we ýeňlen halkyň hudaýlaryny olaryň baglaşan ähtiniň şaýady bolmaga çagyryş bilen jemlenýärdi. Olar bu äht üçin ýat hudaýlary şaýat bolmaga çagyrmajakdyklary mese-mälimdir. Şonuň üçin Hudaý Öz ýaradanyny şaýat bolmaga çagyrýar.

Adamlar bir erkegiň indi bir aýal bilen nikalaşandygyny bilmekleri üçin, nika dabarasy köpçüligiň içinde bolup geçýär. Olaryň baglaşan ähtiniň şaýatlary bolmalydyr. Şaýatlar bir tarapyň eden ähtine wepasyzlygy ýüze çykan wagty gerek bolýar. Edil şonuň ýaly Hudaýyň we Onuň halkynyň baglaşan Ähti köpçüligiň içinde boldy. Eger Hudaýyň halky Hudaýa biwepalyk etse, Onuň ýaradanlary bu halka garşy gygyrar. Bu babatda beriljek näletler Kanun taglymaty 28-nji bapda duýdurylýar (Kan. Tag. 28:16–19).

Täze Ähtde resul Pawlus ýaradylyşyň özüniň hem çüýreme näletinden azat edilip, şol şöhrata gowşaryn diýip umyt edýändigini aýdýar (Rimliler 8:21). Owadan, kemsiz ýaradylyş gelýär! Emma biz bu kynçylyklardan doly dünýäde ýaşaýarys (Gelip çykyş 3:17–18). Biziň işimiz Hudaýyň häzir bize beren gymmatly ýaradylyşyny alada etmelidiris! (Gelip çykyş 2:15)

# Ähtiň täzelenmegi

Şeýlelikde, biz Hudaýyň halkynyň indiki nesliniň Oňa tabyn bolmak üçin özleriniň ähtini nähili täzeländiklerini görýäris. Edil şonuň ýaly, biz hem bu gün mesihileriň çagalaryna Isanyň yzyna eýerjekdikleri baradaky öz ähtini köpçülikde tassyklamaklaryna mümkinçilik bermeli.

### Hudaý bu gün size Kanun taglymaty kitabynyň bu 2 baby arkaly näme diýdi?

## Öý işi:

Indiki sapaga başlamazdan öň **Kanun taglymaty kitabyndan 31-nji we 32-nji baplary** okaň.

## Jogaplar

1 – Olar nejisdirler.
2 – Olar ajy we zäherli ösümligiň köki ýalydyr.
3 – Rebbiň gahar-gazaby arkaly Ol bu kitapda ýazylan ähli näletleri olaryň başyndan iner.
4 – *Hiç kim iki hojaýyna hyzmat edip bilmez. Ol ýa birini ýigrenip, beýlekisini söýer, ýa-da birine wepaly bolup, beýlekisini äsgermezlik eder. Siz hem Hudaýa, hem baýlyga hyzmat edip bilmersiňiz.*
5 – Bu diýmek Hudaý biziň ýüregimizdäki ähli günäli endiklerimizi ýok eder.
6 – Biziň mätäç zadymyzy bermäge diňe Reb Hudaýda ygytyýar bar.
7 – Hudaý olar üçin şatlanar!
8 – Biz ölüm ýodasyny däl-de, ýaşaýyş ýodasyny saýlamalydyrys.
9 – Bereketler şulardyr: olar ýaşarlar we köpelerler, Wada berlen ýerinde ýalkanarlar. Näletler bolsa şulardyr: heläk bolarlar we Wada berlen ýerinde uzak ýaşamazlar.

## Kanun taglymaty 13-nji sapak:

# Geljege seredip



31-njy we 32-nji baplarda Musa ozal aýdan zatlarynyň köpüsini gaýtalaýar. Emma ol köne hakykatlar ýüregimize täzeçe täsir edip biler ýaly, olary täzeçe usul bilen aýdýar. Bu baplar bize Hudaýyň wepaly, mähirli we kämil Patyşamyzdygyny ýatladýar; biz bolsa Oňa aňsatlyk bilen biwepalyk edýäris; şeýle-de bolsa, Ol biziň bilen bozulan gatnaşyklarymyzy dikeltmegi dowam etdirýär. Şonuň üçin biz Hudaýa bolan söýgimizi görkezmek we Onuň sözüne boýun bolmak üçin minnetdarlyk bilen bilelikde köp zähmet çekmeli.

## Hudaý biziň bilen

**Kanun taglymaty 31:1–8-i** okaň.

Bu bapda Musa Hudaýyň halkyny özüniň ölüminden soň nähili ýaşamalydygyna taýýarlamagy dowam edýär.

Musa Hudaýyň halkyny Iordan derýasyndan geçirip, Wada berlen ýurda alyp girmez. Musa halka 31:3-de näme diýýär? [1]

Musa halka olaryň täze ýolbaşçysynyň Ýeşuwa boljakdygyna garamazdan, hakykatda olaryň Patyşasy we Gaýduwsyz Serkerdebaşysy Hudaýyň hut Özüdigini ýatladýar.

8-nji aýatda Musa Ýeşuwa näme diýýär? [2]

Bu ajaýyp ynandyryjy sözleri Hudaý Ýeşuwa üçin ýene bir gezek Ýeşuwa kitaby 1:5-de gaýtalaýar. Soňra bolsa biziň üçin Täze Ähtde (Matta 28:20 we Ýewreýler 13:5) aýdýar! Biziň ýolbaşçylarymyz we mugallymlarymyz bizi terk edip bilerler, ýöne Hudaý hiç haçan bizi terk etmez!

## 1-nji Çagyryş

“*Ol seni hiç wagt ýeke taşlamaz, terk etmez!*” (Kan.tag. 31:8) diýip, Musanyň Hudaý barada aýdan bu gymmatly sözlerini siz haçan iň köp ýada salmaly?

Eger siz ýaşaýan ýeriňizde, işiňizde ýa-da maşgalaňyzda uly üýtgemelere duçar bolsaňyz, siz bu wajyp sözleri ýatlamalysyňyz. Eger biz Hudaýy söýmäge we Oňa tabyn bolmaga dyrjaşýan bolsak, Ol bizi hiç haçan ýeke taşlamaz we terk etmez!

Siz synaga duçar bolanyňyzda bu babatda şübhe dörän wagtlary boldumy?

# Hemmeler Rebden gorkmagy öwrenmeli

**Kanun taglymaty 31:9–13-i** okaň

Musa Hudaýyň halkyna Onuň kanunlaryny bilmelidigini hem ýatladýar.

Hudaýyň kanunyny kim eşitmelidi we öwrenmelidi? (12–13-nji aýatlar) [3]

Musa Hudaýyň kanunlaryny ýazyp, olary ruhanylara we halkyň ýolbaşçylaryna tabşyrdy. Hudaýyň sözleriniň nusgasy diňe olarda bardy. Sebäbi olaryň wezipesi bu kanunlary Hudaýyň halkyna, şol sanda aýallara we çagalara hem öwretmekdi. Bu gün köp mesihiler Hudaýyň Sözüni kitap hökmünde ýa-da telefonlarynda okap bilýärler. Ýöne köplenç, imanlylar öz çagalaryna Hudaýyň Sözüni öwretmeýärler. Çagalaryň kiçi ýaşdan Hudaýyň Sözüni öwrenmäge başlamaklary gaty wajypdyr.

## 2nji Çagyryş

Ene-atalar Hudaýyň Sözüni öz çagalaryna her gün okamak endigini durmuşynyň gündelik bölegi etmelidirler Ybadathana ýygnanyşyklary çagalar üçin Hudaýyň Sözüni eşitmäge we olara düşünmäge mümkinçilik döretmelidirler. Şonda olar hem Hudaýyň Sözüni söýmegi öwrenip bilerler.

Siziň öýüňizde we ýygnagyňyzda şeýle bolýarmy? Eger beýle däl bolsa, onda siz çagalaryň Hudaýyň Sözüni söýmegi öwrenmekleri üçin näme edip bilersiňiz?

# Hudaý biziň Özüni nähili çalt ýatdan çykarýandygymyzy bilýär

**Kanun taglymaty 31:14–29-y** okaň.

Musa Hudaýyň halkynyň olary halas eden, olaryň aladasyny eden we olary Wada berlen ýurda getiren Hudaýyna biwepalyk etjekdigini bilýärdi (15–29-njy aýatlar).

***Men ýüzümi gizlärin...*** (17–18-nji aýat): Hudaýyň ýüzüni bizden gizlemegi bize bolup biljek iň elhenç zatdyr. Ruhany patasy Hudaýdan Öz nazaryny salar ýaly näme etmegini soraýar? (Çölde 6:24–26-a seret.) [4]

Täze Äht bize ajaýyp wada berýär, ýagny Isanyň yzyna eýeren adam bir gün Hudaýyň ýüzüni görer! (Aýanlyk 22:4)

Hudaýyň Öz halkyny inkär etmändigi nähili ajaýyp! Biziň Onda näçe agyry döredýändigimize garamazdan, Ol hemişe bize Özüne dolanmaga mümkinçilik berýär. Hoş Habar — hakykatdan hem Hoş Habardyr!

## 3-nji Çagyryş

Biz hem Hudaýa aňsatlyk bilen biwepalyk edýäris. Siz Hudaýdan her gün günäleriňizi açyp görkezmegini soraýarsyňyzmy? Siz Hudaýdan her gün siziň ýüregiňizi Isanyň gany bilen tämizlemegini soraýarsyňyzmy?

Biz hiç haçan durmuşymyzdaky günä bilen ylalaşmaly däldiris. Bir günä aňsatlyk bilen ikinji günä eltýär. Biz her gün toba etmelidiris, şonda günä ösüp bilmez we bizi Hudaýdan aýryp bilmez.

## Musanyň aýdymy



32-nji bapda biz Musanyň halka öwreden aýdymyny okaýarys. Bu aýdym ajy hasrat aýdymy. Bu aýdym bize Hudaýyň Öz söýgüli halky babatda çuňňur lapykeçlige uçrandygyny görkezýär. Geljekki nesiller bu aýdymy ýatlap, Hudaýa biwepalyk etmekden saklansynlar diýip, Musa bu aýdymy halka öwretdi ((Kan. Tag. 31:19).

## 4-nji Çagyryş

Aýdymlar wajyp hakykatlary ýatlamagyň gowy usulydyr. Olar uzak wagtlap biziň ýüregimizde we aňymyzda galyp bilýärler. Şonuň üçin ýygnaklarymyzda bizi hakykat bilen dolduryan, durmuşymyzy üýtgedýän we Hudaýyň Sözüne ygrarly aýdymlary saýlap aýtmalydyrys. Siziň ýygnagyňyzda aýdymlary saýlaýan adam onuň sözlerini Mukaddes Kitabyň öwredýän sözlerine wepalymydygyny berk barlaýarmy?

**32-nji baby** okaň we bu bap bize Hudaý barada we Onuň halky barada näme öwredýändigine üns beriň.

Musa ysraýyllaryň Hudaý we Onuň halky barada iň wajyp hakykatlary ýatda saklamaklaryny isleýär.

- **Hudaýyň kimdigi barada biz näme öwrenýäris? (4, 6, 10–14, 16, 18, 19, 21-nji aýatlara)** [5]

- **Hudaýyň halkynyň kimdigi barada biz näme öwrenýäris? (9-njy we 10-njy aýatlar)** [6]

  ***Miras paýy*** (9-njy aýat): Hudaýyň halky indi Hudaýa degişli. Günlerde bir gün Hudaý Öz halky bilen kämil we müýnsüz gatnaşyklardan ebedi lezzet alar!

  Bu edil zenanyň durmuşa çykmak üçin adaglanyşy ýalydyr. Ol geljekki ärine degişli, ýöne bu gatnaşyklardan dolulygyna lezzeti ol toýdan soň alyp biler. Aýanlyk kitabynda Isanyň gaýdyp gelmegi

Onuň toýy ýaly suratlandyrylan (Aýanlyk 19:7). Şeýle hem Kanun taglymaty kitabynda Hudaýyň Öz halkynyň söýgisini gabanýandygy barada ýazylan.

***Gözüniň göreji*** (10 aýat): göreç — biziň bedenimiziň iň duýgur bölegidir. Biz görejimizi her dürli ýollar bilen goraýarys. Edil şonuň ýaly Hudaý hem Öz halkyny her kesden güýçli söýýär we her dürli ýamanlykdan goraýar.

- **Hudaýyň halkynyň Hudaýdan ýüz öwürmäge haçan aýratyn meýilli bolýandygy barada biz näme öwrenýäris? (15-nji aýat)** [7]

***Ýeşurun*** (15-nji aýat): "dogruçyl" diýen manyny berýär we Ysraýylyň beýleki adydyr (Işaýa 44:2). Gynansakda, Ysraýyl köplenç öz adynyň manysyna görä ýaşamady.

***Duşmanyň üzüm çybygy Sodom çybygyndan, Gomora baglaryndandyr*** (32-nji aýat): Bu iki baý şäher, şeýle bir pisdi welin, Hudaý olary pisligi üçin ýok etdi. Siz bu barada Gelip çykyş 19-njy bapda okap bilersiňiz. Ysraýyllar Hudaýa we Onuň ýagşy kanunlaryna garşy baş götermegi dowam etseler, olaryň başyndan hem şeýle betbagtçylygyň inme howpy bardy.

- **Adamlaryň sežde edýän ýalan hudaýlary barada biz näme öwrenýäris? (17-nji we 21-nji aýatlar)** [8]

Bu ýalan hudaýlar hiç zat edip bilmeýärler we gudrat ýa-da gutulyş taryhy ýok.

***Olar jynlara gurban kesdiler*** (17-nji aýat): Her kim kimdir birine ýa-da nämedir bir zada sežde edýär. Adamyň sežde edýän zatlarynyň arkasynda şeýtanyň bardygyna olar düşünmeýärler. Şeýtan bizi Hudaýa däl-de, özüne sežde etmegimiz üçin bizi azdyrmagy halaýar.

- **Hudaý Öz halkynyň biwepalygyna näme etjek? (20-23-nji aýatlar)** [9]

***Men hem millet bolmadyklar bilen olary gabandyraryn*** (21-nji aýat): resul Pawlus bu aýady Rimliler 10:19-da näme üçin Hudaý Öz halkyndan ýüz öwrüp, ýahudy dälleri Öz Patyşalygyna kabul edendigini düşündirmek üçin ulanýar. Ysraýyllar başga hudaýlara sežde etmek bilen Hudaýy gabandyrdylar. Şonuň üçin Hudaý hem ýahudy dällere gutulyş berip, olary gabandyrdy (**Rim. 11:11, 14**).

***Başlaryna belalar indererin*** (23-nji aýat): Hudaý gaty elhenç ýoly saýlady. Eger Ol beýle etmedik bolsady, Onuň halkynyň imany zaýalanyp ýiterdi. Hudaýyň Ybraýyma beren wadasy ýok bolardy. Hudaý baradaky hakykat, Onuň Ähti, Onuň kanuny, Onuň ýurdy, Onuň halky we Onuň maksady baradaky hakykat Onuň ýeke-täk Ogly gelýänçä wepaly saklanmalydy (Ýohanna 3:16).

- **Hudaýyň halkynyň nähili paýhaslydygy barada biz näme öwrenýäris? (28-nji aýat)** [10]

Halk Hudaýyň olara kynçylyklar arkaly öwretmek isleýän zatlaryna hiç düşünmeýärdi. Bu şeýle bir giň ýaýylan meseledi welin, hatda Köne Äht pygamberleri Hudaýyn halkyny goýunlar diýip atlandyrýardy, meselem: Işaýa 53:6, Ýermeýa 50:6. Olar akylsyzdylar we bir zat etseler, muny diňe hemmeler edýändigi üçin ederdiler. Emma Hudaýyň Gowy Çopan diýip suratlandyrylmasy, eger biz Onuň yzyna eýersek, biz howpsyzlykda boljagymyzy we Onuň biz barada alada etjekdigini aňladýar (Zebur 22). Bu bizi deňi-taýy bolmadyk hakykata eltýär:

- **Hudaýyň näme etjekdigi barada biz näme öwrenýäris? (39–43-nji aýatlar)** [11]

Hudaý Öz halkynda ysgyn-mydar galmandygyny görende (36-njy aýat), Ol halkyna kömege geler we olaryň duşmanlaryny ýok eder (41–42-nji aýat).

***Öz halkynyň ýurduny päklär, olary günäsinden saplar*** (43-nji aýat): Hudaýyň Özüniň olary günälerinden saplamagy nähili ajaýyp! Adatça, halkyň günäleriniň saplanmagy üçin gurban bermek ruhanynyň wezipesidi (Lewiler 6:7), ýöne bu ýerde Hudaýyň Özi muny etjek diýýär!

Täze Ähtde biz günäden saplanmagyň bütin dünýä üçin diňe Hudaýyň Oglunyň eden kämil gurbanlygy arkaly mümkindigini öwrenýäris! (1 Ýohanna 4:10). Emma biz diňe günälerimizi boýun alsak ýa-da Hudaýa toba etsek, diňe şonda günälerimizden saplanyp bilýäris (1 Ýohanna 1:9).

## 5-nji Çagyryş

Siz her gün Hudaýyň kimdigini, özüňiziň kimdigiňizi, näderejede günälidigiňizi we Hoş Habaryň nähili ajaýypdygyny boýun alyp kabul edýärsiňizmi?

## *Goşmaça:* Hudaý — biziň Gaýamyz



Bu aýdymda “Gaýa” sözi Hudaýy suratlandyrmak üçin 5 gezek ulanylýar (4, 5, 18, 30, 31-nji aýatlar).

Çölde ullakan gaýany göz öňüne getiriň. Bu söz bize Hudaý barada näme diýýär? [12]

Bu suratlandyrma söz arkaly biz başga pikirlere hem düşünip bileris. Käte gaýalar iýmit hem berýärler:

***Gaýadan akan bal bilen, çakmak daşdan çykan zeýtun ýagy bilen bakdy*** (13-nji aýat): Ýabany bal arylary gaýa jaýryklarynda özlerine öýjük gurýarlar. Zeýtun agaçlary bolsa beýleki agaçlaryň ösüp bilmeýän ýerlerinde, şol sanda gaýalyk ýerlerde hem ösýärler.

Öýi çägäniň üstünde gurandan gaýanyň üstünde gurmak has gowudyr. Isa bu barada tymsal aýtdy (Matta 7:24–27).

Diýmek, “Gaýa” sözi bize Hudaýyň ynamdardygyny we bizi gorajakdygyny görkezýär. Başga “hudaýlar” biderekdir. Olar bizi gorap, ýa bize kömek edip, ýa-da bizi üpjün edip bilmeýärler. Olar biziň üçin üstünde öz durmuşymyzy gurar ýaly gaýa bolup bilmeýärler. Aslynda eger biz ýalan hudaýlaryň üstünde öz durmuşymyzy gurýan bolsak, biz ölüme gidýändiris (Matta 7:27).

## Hudaý size bu sapak arkaly näme diýdi?

## Bu 5 çagyryşyň haýsysy barada siz has köp oýlanmaly we doga-dileg etmeli?

## Öý işi:

Indiki sapakdan öň **Kanun taglymaty kitabyndan 33-nji we 34-nji baplary** okaň.

# Jogaplar

1 – *Hudaýyňyz Rebbiň Özi siziň öňüňizden geçer. Ol ähli halklary siziň öňüňizden ýok eder we siz olaryň ýerini mülk edinersiňiz.*
2 – “*Rebbiň Özi seniň öňüňden gider. Ol seniň bilen bolar. Ol seni hiç wagt ýeke taşlamaz, terk etmez. Gorkma we dowla düşme!*”
3 – *Erkekler, aýallar, çagalar, şeýle hem olaryň galalarynda ýaşaýan gelmişekler.*
4 – *Reb güler ýüzi bilen baksyn, size merhemet etsin! Reb size nazaryny salyp, salamatlyk bersin!*
5 – *Ol Gaýadyr* (4-nji aýat), *Onuň işleri kämildir* (4-nji aýat), *Onuň ýollary hakdyr* (4-nji aýat); *wadasynda durýan Hudaýdyr, Onda ýalan ýokdur* (4-nji aýat); *olaryň Atasy we Ýaradanydyr* (6-njy aýat); *Ol olary tapdy, olara galkan boldy, olaryň aladasyny etdi, olary gorap saklady* (10-njy aýat); *Ol edil bürgüt kimin olary ganatynda daşady* (11-nji aýat); *Ol Öz halkyny bol-elin üpjün etdi* (13–14-nji aýatlar); *olara ýaşaýyş beren ýeke-täk Oldur — Ol olaryň hem atasy, hem enesidir* (18-nji aýat); *Ol yhlasly Hudaýdyr, haçanda Onuň halky başga hudaýlara sežde edende, Ol gabanjaň we gaharlanýan Hudaýdyr* (16,19,21-nji aýatlar).
6 – *Rebbiň halky — Rebbiň miras paýydyr (9), gözüniň görejidir.*
7 – Adamlar has baýadygyça, Hudaýa ätiýaçlyk duýmagy bes edýärler. Olar Hudaýyň özlerini ýaradandygyny, söýýändigini, halas edip köp ýollar bilen bereketländigini unudýarlar — “*olar özlerini ýaradan Hudaýy inkär etdiler*”.
8 – Bu hudaýlar “biderekdirler”, olar “ýaňy peýda bolan” hudaýlardyr
9 – *Hudaý olardan ýüzüni gizlär, millet bolmadyklar bilen olary gabandyrar; başlaryna bela inderer;*
10 – *Olar akylsyz we düşünjesiz halk;*
11 – Hudaý Öz halkyny täzeden ýaşaýşa getirer, olara şypa berer; olaryň duşmanlaryndan ar alar; *Öz halkynyň ýurduny päklär, olary günäsinden saplar.*
12 – Hudaý “apy-tupandan” “gaçybatalgadyr” we “jöwzadan” kölegedir.

Kanun taglymaty 14-nji sapak:

# Musanyň soňky duýduryş we ruhlandyryş sözleri



Bu sapakda biz Musanyň halkyna beren soňky duýduryşlaryny we ruhlandyryş sözlerini okarys. Siz okuwyň soňky sapagyny öwreneniňizde, Rebbiň size nähili duýduryşlary we ruhlandyryşlary bermek isleýändigine üns beriň.

Kanun taglymaty 33-nji bapda biz Musanyň 12 tirä pata berendigi barada okaýarys. Bu edil 500 ýyl mundan ozal Ýakubyň ölmezinden öň öz 12 ogluna beren patasyna meňzeýär (Gelip çykyş 49:1–27). Muny etmek arkaly Musa Hudaýyň halkyna Hudaýyň soňky 500 ýylyň dowamynda eden ähtine wepaly galandygyny görkezýär. Olar Iordan derýasyny Musasyz geçmekçidiler, ýöne Hudaýsyz däl! Hudaý halkyna wepaly bolmagyny dowam etdirer!

Öňki 40 ýylyň içinde Musa bu tireleri gaty gowy tanady. Musa olara iň wajyp zat barada soňky gezek aýtmak isledi. Wada berlen ýurdyň çäksiz baýlyklaryndan olar dolulygyna lezzet alyp bilerler, ýöne şol bir hatarda bu ýer olar üçin ruhy tarapdan howply bolar. Şonuň üçin, ol gowy ruhy çopan hökmünde, öz halkyna hem duýdurýar, hem olary ruhlandyrýar.

## Musa 12 tirä pata berýär

**Kanun taglymaty 33-nji baby** okaň we tanamaýan atlaryň sebäpli ruhdan düşmäň. Göz öňüne getiriň, siz ol ýerde Musanyň soňky sözlerini diňleýärsiňiz. Siziň aklyňyzda aýratyn täsir galdyran jümleler we aýatlar barada pikir ediň. Baby okap bolanyňyzdan soň, bulary öz toparyňyzda paýlaşyň.

Musanyň olara ýatlatmak isleýän hakykatlaryndan käbirleri:

- Hudaý Müsürden alyp çykan halky bilen äht baglaşmak üçin aşak düşdi (1–5-nji aýatlar). Edil şunuň ýaly, Täze Ähtde hem Hudaý Isanyň ynsan keşbinde biziň ýanymyza aşak düşdi (Ýohanna 1:14).
- Dawalar we jedeller olaryň durmuşynyň bir bölegidir (7, 11, 20, 22-nji aýatlar);
- Ýolbaşçylar Hudaýy öz durmuşynda ilkinji ýerde goýmak bilen, beýlekilere görelde bolmalydyrlar (8–10-njy aýatlar);

- Hudaý Öz halkyny goraýar we olar barada alada edýär (12-nji aýat);
- Ruhy miweler kynçylyklar arkaly emele gelýär — “miwelerden” lezzet almazdan öň Ýusup köp ýyllap gulçylykda we tussaglykda boldy (13–17-nji aýatlar);
- Hudaýyň halky hemişe şatlanar (18-nji aýat);
- Hudaýyň halky başgalary Hudaýa sežde etmäge çagyrýar (19-njy aýat);
- Hudaý Özüne boýun bolýanlary sylaglaýar — Gat tiresi özlerine degişli mülkiň bardygyna seretmezden beýleki tireler bilen bile kenganlylara garşy söweşe meýletin gitdiler (20–21-nji aýatlar) (biz bu barada 4-nji sapakda okaýarys, Çölde 32:16–29-a seret);
- Hudaý olaryň kömekçisi bolar (23–29-njy aýatlar);
- Hudaý Öz halkynyň aladasyny edýän güýçli Patyşadyr (26–29-njy aýatlar)

Bu hakykatlardan haýsysyny size bu gün köpräk ýatlatmaly?

**Ýeşurun** (5-nji we 26-njy aýatlar): 32-nji bapdan görüşimiz ýaly, bu Ysraýylyň beýleki ady bolup, “dogruçyl” diýen manyny berýär.

## 1-nji Çagyryş

Hudaýyň sizi halas edendigi we siz barada alada edýändigi üçin her gün Ony şöhratlandyrýarsyňyzmy? Eger ýok bolsa, muny gündelik durmuşyňyzyň bir bölegi edip, nädip endige öwürjekdigiňiz barada pikir ediň.

# Musanyň ölümi



**Kanun taglymaty 34-nji baby** okaň.

Musa ölüminiň öňüsyrasynda näme etdi? (1–4-nji aýatlar) [1]

***Reb oňa şu ähli ýeri görkezdi*** (1-nji aýat): Ysraýyllar üçin “Ýere göz aýlamak” ol ýeriň eýesi bolmak prosesiniň bir bölegidi. Ybraýym hem Gelip çykyş 13:14–15-de ýere göz aýlady. Şeýtan dünýäniň ähli şalyklaryny Isa görkezip, Ony özüne sežde etmegi üçin synaga saldy (Matta 4:8). Isanyň “Uly meýlis” tymsalynda bolsa, bir adam meýlise gelmedi, sebäbi ol: “*Men bir bölek ýer satyn aldym, şony görmäge gitmeli*” diýdi (Luka 14:18). Şeýlelik bilen Musanyň wada berlen ýere göz aýlamagy, oňa Hudaýyň halkynyň adyndan kanuny eýeçilik etmekde artykmaçlygyň berlendigini aňladýardy.

Musa haçan Wada berlen ýere girmek mümkinçiligi berildi? (Matta 17:1–3-e seret.) [2]

Biz hem edil Musa ýaly Wada berlen ýurda (Täze Iýerusalime) uzakdan seredip bileris, ýöne entek oňa girip bilmeýäris. Ýewreýlere ýazylan hatdaky ýaly: “*Bu adamlaryň hemmesi iň soňky demine çenli Hudaýa iman edip ýaşadylar. Olar wada edilen ýurda gowuşmasalar-da, ol ýeri uzakdan görüp şatlandylar. Özleriniň ýer ýüzünde gelmişek hem ýatdyklaryny boýun aldylar*” (Ýewreýler 11:13).

Resul Petrus hem edil şeýle ýazdy: “*Rebbimiz Isa Mesihiň Atasy Hudaýa öwgüler bolsun! Ol Öz beýik merhemetine görä, Isa Mesihiň ölümden direlmegi arkaly bizi täze durmuşa we ýaşaýyş umydyna gowuşurdy. Şeýle hem size gökde saklanýan çüýremez, tegmiltsiz, solmaz miras berdi. Siz imanyňyz arkaly Hudaýyň gudraty bilen tä halas ediljekçäňiz goralýansyňyz. Bu gutulyş ahyrky günlerde aýan bolmaga taýýardyr*” (1 Petrus 1:3–5).

Biz Hudaýyň perzentleri bolanymyz üçin, Onuň mirasdüşerleri bolýarys (Ýohanna 1:12), ýöne biz bu dünýäde mirasymyzyň ähli artykmaçlyklaryndan doly lezzet almaýarys. Diňe Täze Iýerusalimde biz Wada berlen ýurduň hödürleýän ähli zatlaryndan: günäsiz durmuşdan, kämil gatnaşyklardan, ebedi sagdyn bedenden we çäksiz bereketlerden doly lezzet alyp bileris!

Musanyň Wada berlen ýeri görşi biziň tejribämize nähili meňzeýärdi şu gün? [3]

Biz baky Wada berlen ýurda seretmek üçin näme edip bileris? [4]

***Rebbiň guly*** (Kan. Tag. 34:5): Resullar özlerini şeýle atlandyrýardy (meselem: Rimliler 1:1; Ýakup 1:1; 2 Petrus 1:1). Her bir imanly Hudaýyň guly bolmalydyr. Biz hemişe nädip öz Hojaýynymyzyň göwnünden turmak we nädip Oňa şöhrat getirmek barada oýlanmalydyrys. Biz nädip öz göwnümizden turmak we özümize şöhrat getirmek barada oýlanmaly däldiris

Guluň borjy näme? [5]

## *Goşmaça:* Rebbiň Guly

“Rebbiň Guly” diýen at Işaýa kitabynda gaty wajyp orna eýedir. Işaýa 4 parçada* Rebbiň Gulunyň Ysraýyly Hudaýa dolanmagyny mümkin etjekdigi barada aýdýar. Mundan başga-da, bu Gul halklaryň hem Hudaýa gelmegini mümkin eder. Ol muny Öz ölümi arkaly adamlaryň günäsi üçin muzd töläp ýerine ýetirer (Işaýa 53:5–6).

*Işaýa 42:1–9; 49:1–12; 50:4–9; 52:13–53:12.

***Onuň jaýlanan mazaryny hiç kim bilmeýär*** (Kan. Tag. 34:6): Belki, Hudaý Musa Wada berlen ýurda girmegine rugsat bermändiginiň ýene bir sebäbi bu bolup biler. Hudaý Öz halkynyň aňsatlyk bilen ýalňyş işlere baş goşup biljekdigini bilýärdi. Ysraýyllar üçin Musa şeýle bir wajyp adamdy, olar aňsatlyk bilen onuň mazaryna zyýarat etmek üçin mukaddes diýip bilerdiler. Edil bu gün kopleriň “mukaddes adamlaryň” mazarynda doga edişleri ýaly, adamlar onuň mazaryna hem doga etmek üçin we sežde etmek üçin gidip bilerdiler. Diýmek, hiç kim onuň mazarynyň nirededigini bilmesin diýip, Hudaý Musanyň Wada berlen ýurduň daşynda ölmegini öňünden belledi.

***Reb bilen ýüzbe-ýüz görüşen*** (Kan. Tag. 34:10): Her bir imanlynyň gündelik meselelerini çözmek üçin, Hudaý bilen her gün ýüzbe-ýüz görüşmegi gaty wajypdyr. Bu düzgün, ylaýta-da, ýygnak ýolbaşçylaryna degişlidir. Hudaýyň halkynyň ýolbaşçylary gullugynda diňe her gün doga-dilegde wagt geçirenlerinde üstünlige eýe bolup bilerler.

## 2-nji Çagyryş



Siz her gün Hudaý bilen duşuşýarsyňyzmy? Eger duşuşmaýan bolsaňyz, özüňize şu soragy beriň: siz her gün näçe wagtyňyzy telefonyňyza ýa-da telewizora sarp edýärsiňiz? Siziň üçin näme has möhüm: habarlara we jemgyýetçilik mediýalara seretmekmi ýa-da Hudaýyň Sözüni okamak?

Hudaý bilen has ýakyn gatnaşyklardan lezzet alýandygyňyza göz ýetirmek üçin siz durmuşyňyzda nämeleri üýtgetmeli?

***Çünki tutuş Ysraýylyň gözüniň alnynda Musa ýaly bu ähli gudratlary, beýik we gorkunç işleri ýerine ýetiren başga hiç kim ýokdy*** (12-nji aýat): Aslynda Kanun taglymaty kitaby Musanyň sözlerine esaslanýar. Ýöne biz kimdir biriniň soňundan bu kitaby düzedip, häzirki elimizde bar bolan görnüşine getirendigini görýäris. Şonuň üçin biz "Men aýtdym..." däl-de, "Musa aýtdy..." diýip okaýarys. Şeýle-de biz kitabyň soňunda Musanyň ölümi barada okaýarys. Diýmek, kitaby düzeden adam Musanyň ölüminden esli wagt soň ýaşapdyr. Biz Hudaýyň bu kitaby ýazmakda Musany nähili ylhamlandyran bolsa, edil şonuň ýaly bu kitaby düzeden adamy hem ylhamlandyrandygyny bilýäris. Kitaby düzeden adam, Ysraýylyň taryhyna seredip, köp pygamberleriň gelip gidendigini gördi. Emma olaryň arasynda Musa ýaly beýik pygamber ýokdy.

Näme üçin Musa Rebbiň beýik guly bolupdyr? Müsürden çykyş 33:13-de Musa näme barada dileg etdi? [6]

Musanyň maksady bütin ömrüne şu üç zatdan ybaratdy:
- Rebbiň ýollaryny görmek;
- Hudaýy tanamak;
- Hudaýy hoşnut etmek.

Bu siziň her gün edýän zatlaryňyzy etmäge höweslendirýän zat bilen nädip deňeşdirilýär?

## 3-nji Çagyryş

Sizi durmuşyňyzda näme höweslendirýär?

Bu höweslendirmäniň nähili netijelerini görýärsiňiz?

Hudaýyň çagyran guly bolup bilmegiňiz üçin siz nämeleri üýtgetmek islärdiňiz?

Musa diňe bir Hudaýyň halkyny gulçulykdan azat edip, olary Wada berlen ýurduň golaýyna getirmek bilen çäklenmedi. Ol Hudaýyň Sözüni hem ýazyp galdyrdy. Imanlylar üç müň ýyldan gowurak wagt bäri bu Sözleri okap gelýärler.

Mukaddes Ýazgylaryň ilkinji bäş kitabyny, ýagny Töwrady Musa Hudaýyň ylhamy bilen ýazdy. Bu kitaplar bize Hudaýa we Onuň kimdigine düşünmekde uly kömek edýärler.

Hudaýyň halkynyň baş galdyrýandygyna garamazdan, Hudaý henizem olara wepaly bolmagyny dowam edýär. Hatda häzirem Hudaý Öz maksadyna ýetmek üçin işlemegini dowam edýär, ýagny Onuň maksady bir gün:

- Ol ýerde mukaddes halk bolar (Aýanlyk 20:6).
- Olar her milletden bolar (Aýanlyk 7:9).
- Olar Onuň ebedi Wada beren ýurdunda howpsyzlykda, parahatlykda we abadanlykda ýaşarlar (Aýanlyk 22:1–5).
- Olar Şalaryň Şasynyň söýýän patyşalygy astynda ýaşarlar! (Aýanlyk 19:16)

## 4-nji Çagyryş

Hudaýyň ähli milletlerden adamlary toplamak meýilnamasyna goşulmak üçin siz näme edýärsiňiz?



### Bu sapagyň üsti bilen bu gün Hudaý size näme diýýär?

## Jogaplar

1 – Musa Wada berlen ýurdy görmek üçin dagyň depesine çykdy.
2 – Petrusyň, Ýakubyň we Ýohannanyň gözleriniň alnynda Isanyň keşbi üýtgände.
3 – Baky Wada berlen ýere uzakdan seredip bileris, ýöne entek girip bilmeris. Biz mirasdüşerlerdiris, emma bu dünýädekäk eýeçiligiň ähli artykmaçlyklaryndan doly lezzet alyp bilmeýäris.
4 – Hudaýyň Sözüni okanymyzda we oýlananymyzda we Isanyň yzyna nädip eýermelidigi barada has giňişleýin öwrenmek üçin beýleki imanlylar bilen duşuşanymyzda, baky Wada berlen ýere gözümizi dikeris.
5 – Guluň borjy hojaýynyň göwnünden turmak we oňa boýun bolmakdyr.
6 – “*Eger men dogrudan-da, Seniň göwnüňden turan bolsam, maňa Öz ýollaryňy görkez. Şonda men Seni gowy tanap, nazaryňda ýene-de merhemet taparyn. Ýatdan çykarma, bu millet Seniň Öz halkyňdyr*”.

# **GUTLAÝARYS!**
# Siz Kanun Taglymaty kitabyň okuwyny tamamladyňyz!

Bu ajaýyp kitapdan biz Hudaý barada has köp zatlary öwrenip bileris — munuň täsirini bolsa, Mukaddes Kitabyň beýleki ýerlerinde görmek bolýar! Bu okuw sizde bu kitabyň, elbetde Reb Hudaýyň Özüniň ömürlik söýgüsini ösdürmäge kömek etmek üçin döredildi.

**Siz bu sapaklary kim bilen paýlaşyp bilersiňiz?**

# Mazmuny


| | | |
|---|---|---|
| **Kanun taglymaty 1-nji sapak:** | Pygamber we Wada. . . . . . . . . . . . . . . . | 5 |
| **Kanun taglymaty 2-nji sapak:** | Ýolbaşçylar we yzyna eýerijiler . . . . . . . | 14 |
| **Kanun taglymaty 3-nji sapak:** | Bitewilik we täze ýolbaşçylyk. . . . . . . . | 22 |
| **Kanun taglymaty 4-nji sapak:** | Ýaşaýşy saýlaň! . . . . . . . . . . . . . . . . . . | 28 |
| **Kanun taglymaty 5-nji sapak:** | Hudaýyň hökümi we rehimi . . . . . . . . . | 34 |
| **Kanun taglymaty 6-njy sapak:** | On tabşyryk (1-nji bölüm) . . . . . . . . . . . | 40 |
| **Kanun taglymaty 7-nji sapak:** | On tabşyryk (2-nji bölüm) . . . . . . . . . . . | 46 |
| **Kanun taglymaty 8-nji sapak:** | Hudaýyňyz Rebbi söýüň . . . . . . . . . . . . | 53 |
| **Kanun taglymaty 9-njy sapak:** | Ýeri basyp almak!. . . . . . . . . . . . . . . . . | 60 |
| **Kanun taglymaty 10-njy sapak:** | Hudaýyň kanunlary. . . . . . . . . . . . . . . . | 68 |
| **Kanun taglymaty 11-nji sapak:** | Bereketler we näletler. . . . . . . . . . . . . . | 76 |
| **Kanun taglymaty 12-nji sapak:** | Mukaddes ähtiň täzelenmegi . . . . . . . . | 83 |
| **Kanun taglymaty 13-nji sapak:** | Geljege seredip . . . . . . . . . . . . . . . . . . | 89 |
| **Kanun taglymaty 14-nji sapak:** | Musanyň soňky duýduryş we ruhlandyryş sözleri . . . . . . . . . . . . . . . . | 95 |

Bu 14 sapakdan ybarat bolan okuw sizi Kanun taglymaty atly ajaýyp kitabyň içinden alyp geçýär. Kanun taglymaty — Köne Ähtiň we Täze Ähtiň galan bölegine düşünmek üçin esas bolup durýar. Bu kitabyň habary Köne Ähtdäki diňe bir ysraýyllar üçin däl, eýsem bu gün biziň hemmämiz üçindir hem. Bu okuw esasanam Merkezi Aziýada mesihileriň kiçi toparlarynyň bilelikde öwrenmekleri üçin döredildi. Her sapak köp soraglardan ybarat bolup, olaryň jogaplary her sapagyň ahyrynda berlen. Bu kitaby öwreneniňizde, goý, Hudaý biziň ajaýyp Hudaýymyzyň kimdigine we Onuň biziň üçin näme edendigine siziň düşünjäňizi artdyrsyn!